Türkmenistanyň Bilim ministrligi

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwerstiteti

Hojamyrat Goçmyradow

Mämmetdurdy Annagurdow

# TÜRKMEN ŽURNALISTIKASYNYŇ TARYHY

***Ýokary okuw mekdepleri  üçin okuw kitaby***

*Türkmenistanyň bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat - 2010

**H.Goçmyradow**
**M.Annagurdow**

**Türkmen žurnalistikasynyň taryhy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby.- A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy,2010. 157 sah.

# GIRIŞ

“Türkmen žurnalistikasynyň taryhy “ dersiniň okuw maksatnamasy ilkinji gezek 1997-nji ýylda düzüldi. Hakykatda welin bu ders Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen edebiýaty kafedrasynyň ýanynda žurnalistika toparynyň döredilmegi mynasybetli 1972-1973-nji okuw ýylynyň başyndan 3-nji ýyl talyplary üçin ýörite ders hökmünde okadylyp başlandy. Bu ders 1975-1984-nji ýyllar aralygynda žurnalistika toparynyň ýatyrylmagy sebäpli öwrenilmedi. 1984-1985-nji okuw ýylynyň başyndan “Türkmen žurnalistikasynyň taryhy” dersi ýene-de öwrenilip başlandy.

Dersiň maksady XIX asyryň ahyrynda Türkmenistanda rus dilinde çykarylan “Zakaspiýskoýe obozreniýe” hem-de “Ashabad”gazetlerinden başlap, XX asyryň ikinji onýyllygynda legal hem legal däl ýagdaýda çykarylan gazet-žurnallary, şeýle hem biziň şu günlerimize çenli türkmen metbugatynyň, radiosynyň, telewideniýesiniň,türkmen döwlet habarlar gullugynyň döreýiş hem ösüş taryhyny, onuň social-durmuş ýagdaýlary bilen baglanyşygyny, dürli döwür-
lerde habar beriş serişdelerinde gozgalan esasy meseleleri, olaryň durmuşa geçirilişini, gazet-žurnallaryň, radionyň, telewideniýeniň, döwlet habarlar gullugynyň sosial-jemgyýetçilik taýdan ähmiýetini öwrenmekden ybaratdyr.

Bu dersde XX asyryň ikinji onýyllygynda iki dilde (türkmen hem pars) çykarylan “Ruznameý-i Maweraýy Bahry-Hazar”,(“Zakaspiýskaýa tuzemnaýa gazeta”) gazetiniň döreýiş taryhyny, şol döwrüň social-ykdysady ýagdaýyny öwrenmek bilen, bu neşiriň halkyň aň-düşünjesiniň, medeni durmuşynyň ösmegine, milli gazetiň döremegine eden täsirine göz ýetirmek bolýar. Dersde Türkmenistanyň merkezi, welaýat, şaher we etrap gazetleriniň hem žurnallaryň hyzmaty-da giňden öwrenilýär. Aşaky metbugatyň (diwar gazetleriniň, kärhana-
laryň, edaralaryň, guramalaryň, ýokary okuw mekdepleriniň köp tiražly gazetleriniň) işçi-daýhan habarçylar hereketiniň ýüze çykyş,

ösüş we özgeriş taryhy, jemgyýetçilik ähmiýeti degişli döwürlere görä, etapma-etap gözden geçirilýär.

Bu dersde köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden radionyň, telewideniýeniň, döwlet habarlar gullugynyň döreýiş we ösüş basgançaklary, metbugatyň, teleradionyň, döwlet habarlar gullugynyň material-tehniki bazasy barada gürrüň berilýär.

Ýurt Garaşsyzlygy ýyllarynda habar beriş serişdeleri täze ösüş ýoluna düşdi. Täze milli neşirler döredi. Gazet-žurnallar forma hem mazmun taýdan düýpgöter kämilleşdi, milli mazmun baýlygyna eýe boldy. Radiodyr telewideniýeniň taýyarlaýan gepleşikleri millilige ýugrulyp, büs-bütinleý gowulandyryldy.

XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başyndan milli žurnalist kadrlarynyň taýýarlanylmagyna üns berlip başlandy. 1992-nji ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde žurnalistika topary açylyp, talyplar okuwa kabul edildi. 1995-nji ýylda uniwersitetde žurnalistika hem terjimeçilik kafedrasy açylyp, ýokary hünärli žurnalist we terjimeçi kadrlary taýýarlanyp ugraldy.

Beýik Galkynyş eýýamynda habar beriş serişdeleri hakyky döredijilik guralyna öwrüldi. Žurnalistleriň işlemegi hem döretmegi üçin dünýä ülňelerine laýyk gelýän şertler döredildi. Erkin döredijilik mekanynyň ulanylmaga berilmegi, habar beriş serişdeleriniň maddy-tehniki bazasynyň gowulandyrylyp, dünýä ülňülerine laýyk getirilmegi döredijilik işgärleriniň ruhuny göterdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döredijilik işgärleri bilen duşuşyklarynda (2008ý,2010ý.) habar beriş serişdeleriniň öňünde goýan wezipelerine esaslanyp, häzirki günlerde esasy meseleleriň biri žurnalistikanyň tapawutly ösüş ugurlaryny kesgitlemekden ybaratdyr. Bu dersde metbugatda,teleradioda, döwlet habarlar gullugynda gozgalan meseleler, olaryň durmuşa geçirilişi öwreniler.

“Türkmen žurnalistikasynyň taryhy”dersi boýunça okuw kitabyny ýazmakda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Ösüşiň täze belentliklerine tarap” (2009ý.), M.Annagurdowyň “Türkmenistanda kommunistik metbugatyň taryhyndan oçerkler” (1958ý.), “Sowet Türkmenistanyň metbugat taryhyndan oçerkler” (1962,1965, 1981ýý.) “Beýik Watançylyk urşy

ýyllarynda Türkmenistanyň metbugaty”(1985ý.),M.Annagurdow bilen M. Öwezberdiýewiň “Türkmenistanyň metbugat taryhy”(1990ý.) okuw gollanmasyndan, K.Ylýasow bilen H.Goçmyradowyň “Döwrüň aýnasy” (1990ý), H.Goçmyradowyň “Ruhy gözelligiň aýnasy” (1994ý.),”Ruhy aýna”(1998ý.), “Türkmenbaşy we türkmen metbugaty”(2000ý.) kitaplaryndan hem-de gazet-žurnallaryndan peýdalanyldy.

Türkmen žurnalistikasynyň taryhy dersi boýunça okuw kitaby M.Annagurdow bilen H.Goçmyradowyň çap etdiren “Türkmen žurnalistikasynyň taryhy”dersi boýunça okuw maksatnamasy (1997ý.) esasaynda ýazyldy.

Işiň many-mazmunynda düşnüksizlik döretmezligi üçin gürrüňi edilýän döwürde çap edilen gazet-žurnallaryň, etraplaryň,welaýatlaryň, edara-kärhanalaryň atlary şöl öňküliginde saklanyldy.

Okuw kitaby habar beriş serişdeleriniň işgärleri, onuň taryhyny öwrenýän alymlar, žurnalistika hünäri boýunça okaýan talyplar üçin niýetlenilýär.

## 1917-nji ýyla çenli çap edilen neşirler

1.”Zakaspiýskoýe obozreniýe”, “Ashabad” gazetleri.
2.”Ruznameý-i Maweraýy Bahry-Hazar” gazeti.

Ruslar XIX asyryň ahyrlaryndan türkmen halkynyň dilini, medeniýetini, durmuşyny öwrenmäge başlaýarlar. Şol sebäpli hem rus dilinde aýry-aýry kitaplar, ýygyndylar çap edilýärdi. Muňa mysal hökmünde “Obyçnoýe prawo turkmen (adat) (A. Lomakin, Ashabad, 1897g.), “Praktiçeskoýe rukowodstwo dlýa oznakomleniýa s nareçiýem turkmen Zakaspiýskoý oblasti”(P. Şimkewiç, Ashabad, 1899g.), “Zakaspiýskaýa oblast (K.M. Fýodorow, Ashabad, 2001g.) ”Materialy po wodopolzowaniýu u turkmen Zakaspiýskoý oblasti” (Ýa. Tairow, S.Peterburg, 1904g.),”Uçebnik turkmenskogo nareçiýa” s priloženiýem “Sbornika poslowis i pogoworok turkmen Zakaspiýskoý oblasti” ( S.Agabekow, 1904g.), “Rusko-turkmenskiý

slowar” (I.A. Belýaýew, Ashabad,1913g.),”Gramatika turkmenskogo ýazyka” (I.A.Belýaýew, Ashabad, 1915g.) we beýleki käbir işleri mysal getirmek bolar.

Az sanly kitaplardan we ýygyndylardan başga-da, Türkmenistanda (köpüsi Aşgabat şäherinde) rus dilinde aýry-aýry gazetler hem žurnallar-da neşir edilýärdi. Käbir maglumatlara görä, 1917-nji ýyldan ozal neşir edilip, käbir ekzemplýary saklanyp galan döwürleýin metbugatyň sany takmynan 20-den geçýär.

Gazetleriň ählisi iňňän berk harby senzura astynda bolupdyr. Olaryň çykmagy häli-şindi diýen ýaly saklanypdyr. Sebäbi Zakaspiý oblast naçalniginiň kanselýarisiniň işgärleri aýry-aýry makalalara bellikler edip, onsoň şol gazetleriň çykarylyp-çykarylmazlygy barada oblast naçalniginiň görkezmesine garaşypdyrlar.

Gazetleriň käbiriniň ömri örän gysga, ýagny iki-üç gün, bir hepde bolupdyr. Bir aýyň dowamynda yzygiderli çykarylan gazetler az ekeni.

“Zakaspiýskoýe obozreniýe”. Rus dilinde çykarylan neşirleriň iň uzak_wagtlap dowam edenleriniň biridir. “Sakaspiýskoýe obozreniýe” (1895-1913g.) gazeti Aşgabatda rus dilinde K.M. Fýodorowyň hususy çaphanasynda neşir edilipdir. Dürli ýyllarda başga redaktorlaryň-da gazete gol çekendiklerine garamazdan, gazetiň esasy redaktory-da K.M. Fýodorowyň özi bolupdyr. Gazetiň birinji sany 1895-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda çykýar. Bu neşir ilki-ilkiler hepdede üç gezek, 1897-nji ýyldan her günde çykypdyr.

“Zakaspiýskoýe obozreniýe” syýasy-jemgyýetçilik, söwda-senagat we edebi gazet bolup, onda Zakaspi oblastynyň we Türküstan ülkesiniň harby administra-siýasynyň buýruklary, Russiýa boýunça habaralar, ýerli hronika çap edilipdir. Gazetde fotosuratlar,portretler, dürli şekilli suratlar berlipdir. Gazetde Eýran bilen söwda gatnaşyklary baradaky meselelerem şöhlelendirilipdir.

Gazetde çap edilýän materiallarda hökümete, dine wepalylyk ündewi beýan edilipdir.

Gazetiň halka garşy göreşi birinji rus gozgalaňynda (1905-1907ý.) has-da aýan boldy. Gazet “bitarap” neşir perdesine bukulyp, patyşa hökümetine jany-teni bilen hyzmat etdi, zähmetkeşleriň hökümete garşy goreşini ýazgardy, işçilere şyltak atdy.

“Zakaspiýskoýe obozreniýe” – patyşa hökümeti tarapyndan ýörite rugsat berlen neşirdir. Ýöne gazet hökümet tarapyndan berk harby senzurada hem saklanypdyr. Gazeti Türküstan ülkesine-de ýaýratmak maksady bilen, ol 1901-nji ýyldan başlap hepdede üç gezek Samarkant üçinem çykarylypdyr.

XX asyryň başyndan Türkmenistanda gizlinlikde işleýän çaphanalaryň sany köpelip başlaýar. Eýýäm 1906-njy ýylda şeýle çaphanalaryň sany 4-e ýetdi. Şolardan ikisi Ashabatda, Gyzylarbatda (häzirki Serdar) hem Çärjewde-de (häzirki Türkmenabat) – hersinde bir sanysy bardy. 1907-nji ýylda Merwde-de çaphana gurnalypdy. Şeýlelikde, social-demokratik ündewli “Molot” (Gyzylarbatda – 1906-njy ýylda), “Soldat” (Ashabatda – 1906-njy ýylda) gazetleri legal däl ýagdaýda çykarylypdyr.

“Zakaspiýskoýe obozreniýe” gazetiniň iň soňky sany 1913-nji ýylyň 31-nji martynda çykypdyr.

“Ashabad” gazeti. Ashabat şäherinde rus dilinde çykarylan neşirleriň iň uzak wagtlap dowam edenleriň biri. “Ashabad” gazeti 1899-njy ýylda Aşgabatda otstawkadaky polkownik E. S. Žawrow tarapyndan döredilipdir. Ol gündelik çykýan gazet bolupdyr. Gazetiň esasy syýasy ugry buržuaz-liberalçylyk bolupdyr.

Gazetde Russiýanyň merkezi gazetlerinden hem-de “Russkiý Turkestan” gazetinden köp materiallar göçürilip çap edilipdir. Bu neşirde köplenç şäher wakalary berlipdir. Birinji Russiýa gozgalaňy ýyllarynda Zakaspi oblastynyň social-demokratik guramalary bu gazeti belli bir derejede wagyz-nesihat maksatlary üçin ulandylar. Onuň sahypalarynda bolşewistik, menşewistik, buržuaz-liberalçylyk äheňdäki materiallar çap edilipdir.

1905-1907-nji ýyllarda “Ashabad” gazeti patyşa senzurasy tarapyndan birnäçe gezek ýapyldy hem-de gazetiň tiražy ençeme gezek ýoklanyldy. 1917-nji ýylyň fewralyndan soň, gazet Wagtlaýyn hökümetiň syýasatyny, menşewikleriň we es-erleriň ylalaşykçylyk ýoluny goldapdyr we buržuaz milletçi elementler gazeti Sowet hökümetine, bolşewiklere garşy göreşde gural hökmünde ulanypdyr.

1917-nji ýylyň aýaklarynda-1918-nji ýylyň başlarynda Türkmenistanyň zähmetkeşleri “Ashabad” gazetiniň halka garşy alyp barýan işini ýazgaryp, redaksiýanyň ýapylmagyny talap edipdirler.

Netijede gazetiň redaksiýasyndaky bozgak adamlar 1918-nji ýylyň maý aýynda rewolýusion tribunalyň suduna berlipdir. “Ashabad” gazetiniň iň soňky sany 1918-nji ýylyň 14-nji maýynda çykdy.

“Ruznameý-i Maweraýy Bahry-Hazar” (“Zakaspiýskaýa tuzemnaýa gazeta”).

Gazet Birinji jahan urşy döwründe 1914-nji ýylyň dekabr aýynyň 14-nde Aşgabat şäherinde çykyp başlaýar. Gazet tä 1917-nji ýylyň aprel aýynyň ahyryna çenli dowam edýär. Ol pars hem türkmen dillerinde bolup, möçberi kiçi formatly dört sahypadan ybarat bolupdyr. Gazet hepdede köplenç iki gezek çykypdyr.

Başdaky iki sahypasy türkmen dilinde, soňky iki sahypasy hem pars dilinde bolupdyr. Gazetiň her bir sanynda türkmen we pars dillerinde çap edilýän materiallar welin mazmunlary boýunça tapawutlanypdyr. Redaksiýanyň türkmen bölüminiň redaktory welaýatyň halk uçilişeleriniň inspektory I.Belýaýew, pars bölüminiň redaktory welaýat kanselýarisiniň başlygy P.Swetkow bolupdyr. Gazet Zakaspi oblastynyň harby administrasiýasy tarapyndan neşir edilipdir. Neşiriň esasy maksady birinji jahan urşunyň frontlaryndaky ýagdaý bilen ýerli ilaty tanyş edip durmak we patyşa hökümetiniň şol uruşda üstün çykmagyna ýerli ilatyň kömek bermegini gazanmak bolupdyr.

Gazet sahypalarynda şu meselelerden başga-da, ýerli materiallar-da çap edilipdir. Olaryň arasynda has agdyklyk edýäni Zakaspi oblastynyň harby administrasisiýasynyň (ýagny oblast başlygynyň) dürli buýruklarydyr görkezmeleri bolupdyr. Şol buýruklaryň aglabasy welaýaty dolandyrmak, dürli derejedäki başlyklary ( şol sanda wolosnoýlary we oba starşinalary) işe bellemek hem-de işden aýyrmak meselelerine degişlidir.

Gazetde bulardan başga-da, welaýatyň ykdysady we syýasy ýagdaýyna, türkmenleriň taryhyna, durmuşyna, urp-adatlaryna, folkloryna, klassyky edebiýatyna degişli meseleler-de azda-kände gozgalypdyr.

Bu neşirde mekdep hem bilim meselesine degişli materiallar hem çap edilipdir. Muhammetguly Atabaýewiň “Türkmen aýallarynyň zehini” (1915, 17 mart) diýen makalasynda aýal-gyzlary okatmak, olary erkekler bilen deň hatarda tutmak meselesi gozgalýar.

“Biziň aýallarymyz köp zehinlidirler, Eger olaryň akyl-zehinlerini işletsek, ýagşy okatsak, olar her bir işlerde erkeklerimizden gaýra bolmaz we her bir işlerde bize kömek bolar, sag elimiz bolar… Aýal maşgalany hem ynsan hasap edip, erkekler bilen deň tutup okatmaly. Kim aýala saçy uzyn, akyly kelte diýip, ynsan hasabynda görmän, okatmasa, özi akylsyz boldugydyr” diýlip, makalada aýdylýar.

Gazetde çap edilen “Türkmenler, ders okaň” (1915,10 fewral) diýen goşguda ilatyň sowatsyzlygy, ylymsyz-bilimsizligi barada zeýrenilýär we bilime ýapyşmagyň, “ders”, ýagny okuw okamagyň zerurlygy nygtalýar.

Bu neşirde “Mekdephana göründi” (1915, 13 oktýabr) diýen makala çap edilip, onda şol wagtlar Zakaspi oblastyndaky rus-ýerli mekdeplerde çagalaryň okadylmagyna garşy bolan din işgärleri tankytlanylýar we türkmenleriň rus-ýerli mekdeplerine çagalaryny okuwa bermekleri nesihat edilýär.

Öwez Mämmetýar ogly gazetde işeňňir çykyş edýänleriň biri bolupdyr. Ol öz döwrüniň ylymly-sowatly adamy bolup, halk magaryfy meseleleri bilen gyzyklanypdyr. Ol çagalary diňe bir ene dilinde däl, rus hem başga dillerde-de okatmaga çagyrýar. Okuwa diňe bir oglanlaryň däl, gyzlaryň hem çekilmelidigini belleýär.

Gazetde okuw, ylym-bilim we aýal-gyzlar azatlygy meselelerine garşy durýan adamlaryň materiallaryna-da orun berlipdir. Mollaoraz Gylyçmuhammet oglunyň “Dünýäde dört zadyň gymmaty bolmaz” (1915,17 mart), Öremet Sopy Mergen oglunyň “Galyň sözi” (1915, 1 maý) diýen materiallarynda sowatsyzlyk, nadanlyk, aýal-gyzlary okatmazlyk, köpaýallylyk, aýal-gyzlary kemsitmeklik we ş.m. wagşyçylyklar iň oňat häsiýetler hökmünde wagyz edilipdir.

“Ruznameý-i Maweraýy Bahry-Hazar” gazetinde türkmen taryhyna, esasan-da klassyk edebiýatyna hem halk döredijiligine degişli materiallaram ep-esli orun tutupdyr.

## 1917-1919-njy ýyllardaky neşirler

1.Ýurtda syýasy dartgynlygyň hokum sürmegi.

2. ‘Trudowaýa žizn”, “Izwestiýa”, “Gornist”, “Nabat rewolýusii”,”Sadai fukara”, “Daň ýyldyzy”, “Naşa žizn” gazetleriniň neşir edilişi.

1917-nji ýylyň fewral gozgalaňyndan soň, ýurtda dartgynly ýagdaý dowam etdi. “Ashabad” gazetinden soň “Trudowaýa mysl” gazeti-de menşewikleriň elinde bolup, olaryň ylalaşykçylyk hereketi ýöredilip başlandy. Şunuň bilen birlikde, bolşewikler partiýasyna, onuň ýolbaşçylaryna töhmet atylýardy.

Fewral gozgalaňyndan soň, “Ashabad” gazetiniň ozalky redaktory we neşir edijisi polkownik Žawrow başga redactor bilen çalşyrylyp, gazet “sosialistik pikiriň partiýalaýyn däl organy” hökmünde çykyp ugran hem bolsa, hakykatda gazetiň redaksiýasynda menşewikler hokum sürýärdi. Şeýle bolansoň,gazetde menşewikleriň ylalaşykçylyk pikiri ýöredilýärdi.

“Trudowaýa mysl”. Gazet 1917-nji ýylyň 1-nji iýunyndan Aşgabat şäherinde çap edilip ugralýar. Ol soldatlar we işçiler deputatlarynyň Mary Sowetiniň resmi organy bolupdyr. Hakykatda gazet 1917-nji ýylyň bütin dowamynda Mary şaher sowetinde ornaşan menşewikleriň pikirini wagyz edýän makalalary çap etdi. Mary welaýatynyň zähmetkeşleri 1917-nji ýylyň dowamynda “Trudowaýa mysl” gazetini öwran-öwran ýazgaryp gelipdirler we neşiriň ýapylmagyny talap edipdirler.

1918-nji ýylyň başyndan Mary Sowetiniň “Trudowaýa mysl” gazeti bolşewikleriň eline geçip, pugta bolşewistik pikiri ýöredip başlaýar. Gazet uly formatly, möçberi iki sahypadan ybarat bolan gündelik gazet. Tiražy belli däl.

Bu gazetiň sahypalarynda çap edilen materiallar adatça aşakdaky ýaly ýerleşdirilipdir:

1-nji sahypada. Döwrün möhüm meselelerine degişli çagyryşlar, şygarlar; nobatdaky mežlisler, ýygnaklar hakynda Mary sowetiniň bildirişleri; ülke, welaýat we uýezd guramalarynyň kararlary hem görkezmeleri; Guşgudan (Serhetabat) alnan

radiogrammalar, Merkezi hökümetiň buýruklary we kararlary (telegraf boýunça),goşun hakynda (telegraf boýunça).

2-nji sahypada. Ýerli hronika, işçiler durmuşy, redaksiýa gelen hatlar, poçta ýaşigi, bildirişler. 1918-nji ýylyň başyndan gazet Sowet häkimiýetiniň dekretlerini wagyz ediji materiallary çap edip başlaýar. Gazetde beýleki neşirlerden alnyp çap edilen möhüm materiallara-da duş gelmek bolýar.

Emma gazetiň işinde kemçilikler hem az däldi. Gazetde çap edilen makalalar, habarlar köplenç umumy häsiýetdedi. Anyk kärhanalaryň, edaralaryň, obalaryň durmuşyna degişli materiallar örän seýrek bolupdyr. Zähmet adamlary barada örän seýrek ýazylypdyr.

"Izwestiýa Soweta raboçih i soldatskih deputatow goroda Ashabada" ("Izwestiýa") gazeti Ashabad şaherinde çap edilip başlandy. Ol bolşewistik gazet. Onuň käbir sanlary saklanyp galypdyr.

Gazetiň 1-nji sany 1918-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda çykypdyr. "Izwestiýa" gazeti neşir edilip başlanansoň, iki gün soňra çykarylan sanynyň birinj sahypasynda ýerleşdirilen "Gutlag deregine" ("Wmesto priwetstwiýa") diýen habarda gazetiň çykan wagty barada habar berilýär. Aýry-aýry edebi çeşmeler we käbir arhiw resminamalary esasynda "Izwestiýa" gazeti 1918-nji ýylyň iýul aýynyň ortalaryna çenli neşir edilipdir diýen netije çykarmak mümkin.

"Izwestiýa" gündelik gazet bolupdyr. Orta formatly, möçberi iki sahypadan ybarat. Tiražy belli däl. Gazetde neşir ediji we redactor işçiler we soldatlar deputatlarynyň Ashabad şäher Sowetiniň edebi seksiýasy diýlip görkezilipdir.

Bolşewikler "Izwestiýa" gazetini çykarmak bilen, ony özleriniň syýasy duşmanlaryna garşy göreşmekde ulandylar. Menşewikler redaksiýadan bolşewikleri gyzyp çykarjak bolup synanyşdylar. Emma başa barmady. Bolşewikler redaksiýanyň töweregine berk ysnyşypdylar. Ashabad Sowetiniň "Izwestiýa" gazetiniň redaktorynyň ozalky kömekçisi N. Soriniň ýatlamagyna görä, bolşewikler redaksiýadan menşewikleri gysyp çykardylar. "Izwestiýa" gazetini çap etmek örän kyn ýagdaýda alnyp barylýardy.

Materiallary çapa taýýarlamak kynçylyk döredýärdi, üstesine gazeti çap etmek üçin kagyz hem tapmalydy.. Ýöne welin “Izwestiýa” tiz wagtda zähmetkeşleriň ynamdar hem hormatly neşirine öwrülipdi.

Rewkomyň başlygy Batminow “Izwestiýa” gazetini redaktirläpdi. Ol arman-ýadaman işläpdi. Özüniň dynç almagynyň aladasyny etmezdi. Batminow redaksiýada, bolşewikleriň seksiýasy ýerleşýän jaýda stoluň başynda uklap galardy.

Gazetde materiallar takmynan aşakdaky tertipde ýerleşdirilipdir:

1-nji sahypada: Resmi bildirişler (Aşgabat şäher partiýa guramasynyň, Aşgabat Sowetiniň we ş.m. bildirişleri), şunda olaryň käbirleri türkmen diline terjime edilip (arap harpy bilen) berlipdir. Türküstan Ülke Halk Komissarlar Sowetiniň we Zakaspi oblast Halk Komissarlar Sowetiniň buýruklary, Welaýat Halk Komissarlar Sowetiniň we Aşgabat Sowetiniň Ispolkomynyň kararlary, Moskwadan telegraf üsti bilen alnan buýruklar ýerleşdirilipdir. Bulardan başga baş makala, makalalar, habarlar çap edilipdir.

2-nji sahypada: Umumy we ýerli meselelere bagyşlanan möhüm makalalar we habarlar. Dürli komissiýalaryň (meselem: işsizleri işe ýerleşdirmek boýunça komissiýanyň) mežlisleriniň protollary. Radiogrammalar. “Ülke”, “Russiýada”,”Daşary ýurtlarda”, “Teatr we saz” rubrikalarynda materiallar ýerleşdirilipdir.

“Gornist”. Bu gazet Zakaspi frontunyň Rewolýusion Harby Sowetiniň syýasy bölüminiň organy. Onuň birinji sany 1919-njy ýylyň 3-njii maýynda çykypdyr. Ol uly formatly, möçberi iki sahypadan ybarat. Tiražy belli däl.

“Gornist” gazeti ilkibaşda Çärjew (häzirki Türkmenabat) şaherinde çap edilip başlanýar. Zakaspi frontunda hüjüm edýän Goşunyň öne tarap hereket etmegine laýyklykda, gazetiň redaksiýasy hem Baýramala, Mara, Tejene, Kaka, ahyryn hem 1919-njy ýylyň iýul aýynyň başlarynda Aşgabada göçüpdir.

Gazetde ýerleşdirilen “Zakaspi frontunda” diýen operatiw maglumat gyzyk-lylygy bilen okyjylary özüne çekipdir, goşunyň üstünligi zähmetkeşleri ruhlandyrypdyr. Materiallaryň köpüsinde goşunyň geçen gahrymançylykly ýoly çeper suratlandyrylypdyr. “19-njy maýda ir bilen sagat 11-de erjellikli söweşden soň, Gurbangala

stansiýasy biziň elimize geçdi… 21-nji maýda agşamara biziň goşunlarymyz Baýramaly stansiýasyny eýelediler. Wogzal hem-de pagta arassalaýan zawod ýanýar; stansiýada köp mukdarda pagta galdyrylypdyr… duşman Marydan çykyp gaçýar. Biziň goşunlarymyzyň keýpi iňňän kök, ruhlary örän belent”(Gornist,1919, 24 maý).

Türkmenistanda sowet gurluşygy, halk hojalygyny dikeltmek we medeniýeti ösdürmek bilen baglanyşykly ençeme meseleler gazetiň sahypalarynda beýan edilipdir. Şoňa laýyklykda, gazetde “Musulmanlaryň arasynda”,”Işçiniň pikirleri”,

“Profsoýuz durmuşy”, Türkmen halky üçin ýagtylyga we medeniýete tarap beýik
ýol” we şuňa meňzeş rubrikalar astynda materiallar ýerleşdirilipdir. “Her bir daý-hanyň nämäni bilmegi gerek” diýen rubrikada çap edilýän materiallarda Kulaga rehim etmeli däldigi, sebäbi onuň pomeşikdigi, orta daýhany gysmaly däldigi, garyp daýhany goldamalydygy barada aýdylýar.

Zakaspi frontunyň rewolýusion Harby Sowetiniň syýasy bölüminiň ýanynda edebi-neşir ediji seksiýa işläpdir. Ol esgerleriň goşgularyny kitap edip hem çyka-rypdyr.

1919-njy ýylyň 17-nji iýulynda Ashabat şäherine Goşun gelende, şäher Poltorask diýlip atlandyrylyp başlandy. “Gornist” gazeti 1920-nji ýylyň ýanwar aýna çenli çykdy. Poltorask şaherinde “Nabat rewolýusii” diýen täze gazetiň neşir edilip başlanmagy bilen “Gornist” gazeti çykmagyny bes edipdir.

“Nabat rewolýusii”. Ol 1920-nji ýylyň ýanwarynda çykyp başlaýar. Ony Poltorask şaherinde Türkfrontuň Birinji Goşunynyň syýasy bölümi neşir edýär. “Nabat rewolýusii” gazeti günaşa çykýardy. Uly formatly, möçberi dört sahypadan ybarat. Tiražy belli däl. Gazet diňe Harby bölekleriň arasynda däl, eýsem edaralara-da, guramalara-da, raýatlaryň arasynda-da mugt ýaýradylypdyr.

1920-nji ýylyň 6-njy maýyndan başlap, gazet Birinji Goşunyň Syýasy bölüminiň, partiýanyň Zakaspi oblast komitetiniň hem-de oblast rewolýusion komitetiniň organy hökmünde çykýar. Gazet 1920-nji ýylyň sentýabryndan gündelik gazete öwrüldi.

“Nabat rewolýusii” gazetiniň Poltorask şaherinde neşir edilmegi 1921-nji ýylyň aprel aýyna çenli dowam etdi.

“Nabat rewolýusii” gazeti ýerli neşir bolansoň, frontuň Zakaspidäki ýagdaýna uly üns berýärdi. Goşunyň gazanýan ýeňişleri hakyndaky materiallar, habarlar yzygiderli çap edilip durulýardy.

1920-nji ýylyň martynda Poltorask şaherinde türkmen halkynyň wekilleriniň birinji gurultaýy boldy. Türküstan frontunyň komanduýuşisi M.W. Frunze gurultaýyň işine gatnaşdy we gutlag sözi bilen çykyş etdi. Onuň sözlän sözi “Nabat rewolýusii” gazetinde çap edilipdir (Nabat rewolýusii, 1920, 22mart).

Gazet türkmen obalaynda partiýa ýaçeýkalaynyň ösýändigi, onuň işi hakyndaky, partiýa-sowet gurluşygy baradaky makalalara, habarlara uly üns beripdir.

Gazet ýaş nesli terbiýelemek meselesine degişli materiallary-da çap edýärdi. Ýaşlaryň ýerlerdäki durmuşyndan makalalar, habarlar “Nabat rewolýusii” gazetiniň sahypalarynda ýygy-ýygydan gabat gelýär.

1920-nji ýylyň iýul aýyndan “Nabat rewolýusii” gazetine goşundy hökmünde “Krasnaýa molodýož”(“Gyzyl ýaşlar”) diýen ýörite bölüm girizilýär. Bu bölüm Russiýa ýaşlar birleşiginiň Zakaspi oblast komitetiniň organy hökmünde berilýärdi. Bölüm gazetiň adatça soňky sahypasynda ýerleşdirilýärdi. “Gyzyl ýaşlar” bölümi iki hepdeden bir gezek çap edilýärdi. Bu bölümiň iň soňky (14-nji) sany 1920-nji ýylyň 16-njy dekabrynda çap edilipdir.

“Nabat rewolýusii” gazetindäki makalalarda aýallary azatlyga çykarmak, olara bilim bermek, jemgyýetçilik işine çekmek boýunça şol wagtda aýallaryň arasynda geçirilen çäreler hakynda-da maglumatlar bar. Mundan başga-da, aýallar arasynda alnyp barylýan işi has güýçlendirmäge dahylly ýörite hronikalar, habarlar hem gazetde berilýärdi.

Emma “Nabat rewolýusii” gazetiniň işinde kemçiliklerem az däldi. Anyk kärhanalaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň we döwlet edaralarynyň, oba adamlarynyň durmuşy we işi hakyndaky materiallar azdy. Oba hem säherdäki adamlaryň durmuşyny hem işini häsiýetlendirýän anyk makalalar gazet sahypalarynda 1920-nji ýylyň güýzünden peýda bolup başlaýar. Şonuň ýaly makalalar “Oba

hojalygy”, “Medeniýet we aň – bilim”, “Profsoýuz işi”, “Işçi aýal üçin sahypajyk”, “Çagalar hepdesi”, “Kommunal hojalyk”,”Halk saglygy saklaýşy” diýen ýaly rublikalarda berlipdir.

“Sadai fukara”. Bu gazet 1919-njy ýylyň iýul-awgustynda çykyp başlaýar. Ol Zakaspi frontunyň rewolýusion harby geňeşiniň syýasy böüminiň musulmanlar seksiýsynyň neşiri. Gazetiň köp sanlary saklanyp galmandyr. Diňe käbir sanlary gabat gelýär. Şol gazetleriň sözbaşylarynda görkezilişi ýaly, ol syýasy, soňabaka “edebi, ylmy” ugurly neşir  hem bolupdyr. Gazet hepdede üç gezek, soňabaka iki gezek çykypdyr.

Gazet Aşgabat şaheri duşmanlardan azat edilensoň çykyp başlaýar. Onuň ady “Garyplar sesi” diýen manyny berýär. Gazet türkmen hem azerbaýjan dillerinde bolupdyr.

“Sadai fukara” gazetiniň materiallarynyň dili türkmen dilinden azerbaýjan diline has ýakyn bolupdyr. Materiallarda pars hem arap sözleri-de agdyklyk edipdir. Munuň üstesine-de, gazetiň teksti hem arap harpynyň çylşyrymly görnüşi bilen ýygylypdyr. Şoňa görä-de, “Sadai fukara” gazetiniň materiallary türkmen halk köpçüligine o diýen düşnükli bolmandyr.

“Sadai fukara” gazeti uly formatly,möçberi iki sahypadan ybarat. Tiražy belli däl. Gazet 1920-nji ýylyň aprel aýyna çenli dowam edipdir we mugt ýaýradylypdyr.

“Daň ýyldyzy”. Bu gazet Zakaspi oblastynda menşewikleriň gazeti. Gazet materiallarynda iňlisler öwlüp, bolşewiklere töhmet atylypdyr. 1918-nji ýylda çykyp başlan gazet sap türkmen dilinde bolupdyr. (“Turkmenowedeniýe” 1929,5).

“Naşa žizn”. Gazet 1919-njy ýylyň 8-nji awgustynda çykyp başlaýar. Ol Mary şäheriniň rewolýusion komitetiniň organy. Guşgudaky (häzirki Serhetabat) kuwwatly radiostansiýa bilen aragatnaşygynyň ýola goýlandygyna görä, bu gazet operatiw habarlary bermekde tapawutlan neşir hasaplanypdyr. Gazet kiçi formatly, möçberi 4 sahypadan ybarat. Tiražy belli däl. Ol hepdede 3 gezek çykypdyr. Gazetiň iň soňky sany 1920-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda neşir edilýär.

Gazet hökümeti berkitmäge çagyrýan dürli şygarlary beripdir. Olaryň arasynda “Bize kakynly hyjuwlar gerek däl, bize demir ýaly

mäkäm batalýonlaryň pert-pert gadam urmasy gerek!”, “Azatlygyň iň gowy girewi-zähmetkeşiň eli tüpeňli bolmagydyr” diýen ýaly şygarlar bar.

Gazet rus dilinde neşir edilipdir. Şonuň üçinem öz sahypalarynda hojalygy dikeltmek, obalarda mekdepleri açmak, mugallymlary taýýarlamak we şuňa meňzeş meseleler barada hökümetiň görýän çäreleri hakyndaky habarlary türkmen dilinde-de beripdir. “Naşa žizn” gazeti: “Gazetleri ýok etmäň! Okap bolanyňyzdan soň, olary ýoldaşlaryňyza beriň, sowatsyzlary ýygnap, olara gazeti sesli okap beriň” diýen çagyryş bilen öz okyjylaryna ýygy-ýygydan ýüz tutupdyr.

Gazetde mundan başga-da, türkmen obalarynyň garyp we orta daýhanlaryna ýüzlenmeler çap edilip, daýhanlar daşary ýurt imperialistlerinden, ak gwardiýaçylardan üstün çykmakda goşuny zerur bolan zatlar bilen üpjün etmekde kömek bermeklige çagyrylypdyr.

Mary şäher ispolkomynyň “Milli işler boýunça” ýörite bölümi bolup, ýüzlenmeler we çagyryşlar türkmen diline terjime edilipdir we jarnamalar görnüşinde oba ilatynyň arasyna ýaýradylypdyr.

## 20-nji ýyllaryň başyndaky neşirler.

1.”Gyzyl ýyldyz”, “Türkmenistan” gazetleriniň döreýşi we ösüşi.

2.”Türkmenistan” gazetindäki “Gazet nämedir” diýen baş makala we onuň ähmiýeti.

“Gyzyl ýyldyz”. Gazet 1918-nji ýýlyň ahyrynda Syzran stansiýasynda çykyp başlamak bilen, Goşunyň tatar hem-de başgyrt bölümlerine hyzmat edipdir. Poltorask şaherinde bolsa birinji Goşunyň syýasy bölüminiň we partiýanyň Zakaspi oblast komitetiniň organy hökmünde 1920-nji ýylyň martyndan neşir edilip başlanýar. Gazet uly formatly,möçberi iki sahypadan ybarat bolupdyr. Tiražy

belli däl. Gazetiň redaktory G. Husaýnow. Gazetiň iň soňky sany 1920-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda çykypdyr.

Gazetde çap edilen materiallarda arap-pars sözleri kän bolupdyr. Emma gazet materiallaryň dili "Sadai fukara" gazetine garanyňda, türkmen okyjysy üçin has düşnükli bolupdyr. Gazet sahypalarynda Goşunyň edermenligi, iňlis imperialistleriniň basybalyjylykly syýasaty baradaky materiallar ýerleşdirilipdir. Gazet sahypalarynda panlar Polşasyna we Wrangele garşy göreşde Goşunyň gahrymançylykly edermenligini görkezýän materiallar, şonuň ýaly-da Russiýa barasynda Antantanyň basybalyjykly meýilnamalaryny paş edýän materiallar hem esasy orunlary tutupdyr.

"Gyzyl ýyldyz" gazetinde ýerli ilatyň arasynda syýasy aň-bilim işleri barada Goşun bölümleriniň geçirýän çärelerini häsiýetlendirýän maglumatlaram berlipdir. Türkmen zähmetkeşlerinden serkerdeler we syýasy işgärler taýýarlamak üçin harby-syýasy mekdepleriň we gysga wagtlyk okuwlaryň (kurslaryň) açylyşy we olaryň işleýşi hakynda habarlar ýerleşdirilipdir.

Umumy-syýasy meselelere bagyşlanan makalalaryň, nabarlaryň köpüsiniň awtorlary G. Husaýnow bilen Ýa. Nasyrlydyr. Olar Goşunyň hatarlarynda daşary hem içeri ýurt duşmanlaryna garşy göreşiň gazaply mekdebini geçdiler. Raýatlyk urşunyň söweşlerinde bişişen, Watana wepalylyk ruhunda terbiýelenen adamlar bolup ýetişdiler. Olar özleriniň netijeli işi bilen türkmen metbugatynyň ösmegine we kämilleşmegine, metbugatyň milli işgärlerini taýýarlamaga ýardam berdiler. Hususan-da, "Türkmenistan" gazetiniň döremegi we ösüp ugramagy G.Husaýnowyň we Ýa. Nasyrlynyň hyzmaty bilen baglanyşyklydyr.

"Türkmenistan". Gazetiň birinji sany 1920-nji ýylyň 29-njy iýulynda çykdy. Gazet partiýanyň Zakaspi oblast komitetiniň, oblast rewolýusion komitetiniň organy. Hepdede bir gezek çykýar. Gazet kiçi formatly, möçberi iki sahypady, materiallar arap elipbiýinde çap edilýärdi. 1920-nji ýylda gazetiň tiražy 600-den 1000-e çenli üýtgäp durupdyr. Şol ýyl gazetiň jemi 14 sany çykypdyr. Onuň ahyrkysy 1920-nji ýylyň 13 –nji noýabrynda çap edilipdir.

Gazetiň ilkinji çykan sanlary barada M.Annagurdowyň K. Ylýasow bilen H.Goçmyradowyň "Döwrüň aýnasy" (Aşgabat,

1990ý.) kitabynda ýerleşdirilen ýatlamasynda,ine, şeýle diýilýär: “Gazetiň 1920-nji ýylda çykan sanlarynyň hemmesiniň diýen ýaly ekzemplýarynyň Özbegistanyň A. Nowaýy adyndaky kitaphanasynyň, iki sanynyň ekzemplýarynyň hem Moskwanyň W.I. Lenin adyndaky döwlet kitaphanasynyň fondlarynda bardygy belli boldy. Şol sanlaryň arasynda onuň birinji sany-da takyklanyldy. Ol 1920-nji ýylyň 29-njy iýulynda penşenbe güni çykypdyr.

Ine, şol sanyň bir ekzemplýary. Biz oňa nebsewürlik bilen seredýäris. Begenjimiziň çägi ýok. Ol müýnli ýaly eplenipjik ýatyr. Belki, ol özüniň daşky görnüşiniň horaşanlygyndan “utanýandyr”. Dogrudanam, onuň daşky görki öwerlik däl. Saralyp giden ýaramaz hilli, bir bölejik kagyz tagtasy, onuň iki ýüzünde çap edilen arap harplarynyň birentegi öçügsi çykypdyr, sözleriniň biren-
tegini zordan okap bolýardy. Dyngy belgileriniň aglabasy görünmeýär, abzaslaryň birnäçesiniň başy-aýagy belli däl. Hiç hili surat-beýleki ýok.

Ýöne welin, şu iki sahypa, tekstiň özi türkmen halkynyň taryhynda onuň milli metbugatynyň ilkinji gezek döräp ugrandygyny alamatlandyrýan bir dokumentdi”.

Gazetiň ilkinji sanynda :”Gazet nämedir”, “Ýatan öküze iým ýok” diýen sözbaşyly makalalar çap edilipdir.

“Gazet nämedir” diýen sözbaşyly baş makalada (bu makala barada soňra dolurak durup geçeris) täze eýýamda türkmen halkynyň medeniýetiniň, magaryfynyň, ylmynyň, bütin durmuşynyň rowaçlanjakdygy, şol ösüşde milli metbugatyň örän uly rol oýnamalydygy nygtalyp görkezilýär.

“Ýatan öküze iým ýok” diýen sözbaşyly makalada eziji synplarynyň ygtyýarynyň ellerinden gaňryp alnandygy, täze jemgyýetiň diňe sap ýürekli zähmet çekmek arkaly döredilip bilinjekdigi okyjylara düşündiriýär.

Gazetde çap edilen “Biziň uruş düzgünimiz” diýen makalada hökümeti daşarky we içerki duşmanlardan gorap saklamak ugrunda sap ýürekli adamlaryň

ählisiniň ellerinden gelenini etmelidigi, Goşuna zerur bolan kömegi bermelidigi nygtalyp görkezilýär hem-de türkmen zähmetkeşleriniň goşun hataryna girmekleri ündelýär.

Gazet özüniň sahypalarynda partiýa gurluşygyna yzygiderli üns berdi. Ýer-suwdan peýdalanylyşyny, oba hojalyk işiniň janlandyrylyşyny beýan etdi. Şeýle hem magaryfy, aň-bilimi ösdürmegiň zerurdygyny halkyň aňyna ýetirip başlady. Aýallar azatlygyny ündedi, olara baý-feodal gözi bilen garamagy ýazgardy.

Gazet 1920-nji ýylyň noýabrynyň ortalaryndan başlap, 1921-nji ýylyň ýanwar aýynyň ortasyna çenli arakesmeden soň onuň birinji sany 1921-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda çykyp başlady.

Şondan soň hem gazet yzygiderli çykmandyr. 1921-nji ýylda gazet her üç günden, bäş günden, iki hepdeden, käwagt ýigrimi günden çap edilipdir. Gazetiň çykyşy 1922-nji ýylda hem yzygiderli bolmandyr.

1921-nji ýylyň dowamynda gazet ulu formatly,möçberi iki sahypa bolupdyr. 1922-nji ýylyň 17-nji martyndaky sanyndan başlap, ol uly formatly (käte kiçi formatly),möçberi dört sahypadan ybarat bolupdyr.

Gazetiň tiražy üýtgäp durupdyr. Käwagt köpelip (1600-den 2000 ekzemplýara çenli), käwagt azalypdyr.

Şol wagtlar Türkmen (ozalky Zakaspi) oblasty RSFSR-iň Türküstan awtanom Sowet Sosialistik Respublikasynyň düzümine girýärdi. Oblasyň partiýa guramasyna gös-göni Türküstan KP Merkezi Komiteti we RK(b)P MK-nyň Türküstan býurosy (Türkbýurosy) ýolbaşçylyk edýärdi. Bu metbugat barada hem şeýledi.

“Türkmenistan” gazeti 1921-nji ýylda partiýanyň oblast komitetiniň organy hökmünde neşir edilýärdi. Gazet 1922-nji ýylyň 15-nji fewralyndan obkomyň we oblispolkomyň organy bolup çykarylyp ugralýar. 1923-nji ýylyň 27-nji awgustyndan gazet “Goşçy” soýuzynyň oblast prawleniýesiniň organy hökmünde-de neşir edilýär.

Gazet 1922-nji ýylyň 17-nji martynda çykan sanyndan beýläk iki dilde: türkmen we azerbaýjan dillerinde çap edilýär. 1924-nji ýylyň 2-nji ýarymyndan gazetiň diline üýtgeşiklikler girizilip, ol türkmen diline has ýakynlaşdyrylýar.

1921-1924-nji ýyllarda G. Husaýnow,Ç. Pürliýew, H.Hanow, Gurbanseýidow, Hojamberdiýew dagy gazetiň redaktory bolup işleýär.

“Gazet nämedir”. Bu baş makala gazetiň birinji sanynda çap edilipdir. Makalada okyjylara, umuman, gazetiň roly, hususan-da, “Türkmenistan” gazetiniň öz öňünde goýýan maksatlary we wezipeleri düşündirilýär. Makalada şeýle diýilýär: “Milletiň ylymlylygy gazetinden belli bolýar diýipdirler, ýagny gazet okamak, ylymdan, okuwdan maglumat almak, dünýä işlerinden habardar bolmak- ol hem ylymlylykdanmyş. Biz türkmene – aa:m millete gazet çykarmak hem döwletdendir. Obalarda, çöllerde, dagda-derede oturan türkmenler häzirki zamanda her bir ýerden ýalan-ýaşryk habar alyp, gaýgy-gussa galyp, hal-ýagdaýy erbetleşýär. Şol sebäpden hem bu gazeti çykarmak bilen.

Birinjiden, dünýädäki işleriň hakyky ýagdaýyny halka mälim etmek;

Ikinjiden, hökümet tarapyndan çykarylýan buýruklardan habardar etmek;

Üçünjiden, ylym hem hünär ugrundan boldygyça aýan etmek;

Dördünjiden, bolanja akylymyz bilen ilata nesihat bermek pyglymyz hem bardyr” *(“Türkmenistan” 1920, 29 iýul).*

Diýmek, gazetiň redaksiýasy, turuwbaşdan, gazeti okamagyň, ony ýaýratmagyň zerurdygy hakynda okyjylara ýüzlenipdir, olary ilaty aňly-düşünjeli etmäge, täze hökümetiň çäreleri barada wagyz-nesihat ýöretmäge, hökümete duşmançylykly myş-myş habarlaryň ýaýradylmagyna garşy göreşmäge çagyrypdyr.

“Türkmenistan” gazetinde ýerleşdirilen “Gazet nämedir” diýen baş makala, beýleki makalalaryň hem hemmesi diýen ýaly umumy häsiýetdedi, olarda anyklyk ýokdy. Olar şäheriň, obanyň, kärhananyň,edaranyň, anyk adamlaryň durmuşyndan alnan faktlary görkezmeýärdi. Umumy we ýerli durmuşyň möhüm meselelerine sada dilde ýazylan gysgajyk makalalar bilen seslenmegiň deregine, uzyn, köplenç bolsa gyzyksyz makalalar çap edilipdir. Ähli materialdan ýerli durmuşyň janly hronikasyny düzmegiň deregine, dürli pudaklaýyn edaralaryň dürli görnüşdäki buýruklary we kararlary çap edilipdir.

Gazetiň ýerli durmuşdan üzne bolanlygy, onuň ýerlerden habarçylarynyň bütinleý diýen ýaly bolmandygy bilen hem tassyklanýar. G.Husaýnowyň ýatlamasynda ýazyşy ýaly, “Ýerli milletden habarçylaryň bolmazlygy… gazetiň kadaly işlemegine köp päsgel berýärdi”.

Şol döwürde redaksiýada bar bolan işgärleriň hem sowady gowşakdy.

## 1921-1923-nji ýyllardaky neşirler

1. “Ýunyý boýes Wostoka”, “Kommunar”, “Merwskiý westnik” gazetleri.
2. “Jarçy”, “Professionalnaýa žizn”, “Izwestiýa” (“Zakaspiýskiýe izwestiýa” – “Türkmenskiýe izwestiýa”) gazetleri.

“Ýunyý boýes Wostoka”. Rus dilindäki bu gazet 1921-nji ýylyň mart aýynyň 1-nde çykyp ugrapdyr. Ol ýaşlaryň – Türküstan Kommunistik birleşiginiň Mary – uýezd – şaher komitetiniň organy. Uly formatly, möçberi iki sahypadan ybarat. Gazetiň redkollegiýasy üç adamdan: I.Korçaginden, N.Sapenkodan, S.Lipatowdan ybarat bolupdyr. Gazet HHS-niň (Halk Hojalyk Geňeşiniň) Mary çaphanasynda çap edilipdir.

Gazetiň esasy wezipesi ýaşlaryň öňünde duran wezipeler bilen kesgitlenip, olary terbiýelemek, ähli ugurlar boýunça işi güýçlendirmek, musulman ýaşlaryny komsomol hataryna çekmek ýaly wajyp meseleleri çözmek bilen gös-göni baglanyşykly bolupdyr.

Bu gazetiň jemi iki sany: 1921-nji ýylyň 1-nji martynda çykan birinji sany we 1-nji aprelinde çykan üçünji sany tapyldy. Şol sanlardan mälim bolşuna görä, gazet iki hepdede bir gezek çykypdyr.

“Ýunyý boýes Wostoka” gazetinde komsomolyň Mary uýezd-şäher komitetiniň alyp barýan işleriniň anyk faktlary şöhlelendirilýär, ýaşlaryň sowatsyzlygyny ýok etmek boýunça amala aşyrylýan

çärelere (likbez we täze mekdepleriň açylyşyna,işleýşine) aýratyn üns berilýär.

“Kommunar”. Gazet 1921-nji ýylyň sentýabr aýynyň başynda neşir edilip başlanýar. Ol Türküstan KP-niň Mary uýezd-şäher komitetiniň organy. Gazet rus dilinde çykypdyr.

“Kommunar” gazetiniň birinji sany 1921-nji ýylyň 6-njy sentýabrynda neşir edilýär. Orta formatly, möçberi 4 sahypadan ybarat. Gazetiň jogapkär redaktory I. Ustalyý.

Gazetde baş makala we telegraf habarlaryndan başga: “Prowsoýuz durmuşy”, “Partiýa durmuşy”, “Biziň hojalygymyz”,”Maryda we uýesdde” diýen esasy bölümleri bolupdyr.

“Kommunar” gazetiniň her sanynda diýen ýaly: ”Ýoldaş! Gazeti ýyrtman sakla-munuň az mukdardadygyny unutma! Okap bolanyňdan soň, alan ýeriňe gaýtaryp elt, goý, ony başgalar hem okasynlar!” diýen çagyryşlar ýazylypdyr.

Gazetiň saklanyp galan soňky ( 9-njy) sany 1921-nji ýylyn 20-nji noýabrynda çykypdyr, ýagny iki ýarym aýyň içinde jemi 9-sany neşir edilipdir. Diýmek, gazet hepdelik neşir bolupdyr.

Partiýanyň Türkmen oblast komitetiniň ispolbýurosy özüniň 1921-nji ýylyň 6-njy oktýabryndaky maslahatynda: “Kagyz ýetmezçiligi zerarly we oblastda iki gazet (Turkmenskiýe izwestiýa” we “Kommunar” gazetleri) neşir etmegiň maksada laýyk däldigine görä, “Kommunar” gazetini ýapmaly diýip karar çykarýar. Şunuň bilen birlikde, partiýanyň oblast komiteti uýezdiň ýagdaýy we işi barada informasion maglumatlary “Izwestiýa” (Turkmenskiýe izwestiýa”) gazetine iberip durmagy partiýanyň Mary uýezd-şäher komitetine teklip edýär.

Partiýanyň Mary uýezd-şäher komiteti şondan bir hepde geçensoň, ýagny 1921-nji ýylyň 13-nji oktýabryndaky maslahatynda, “Kommunar” gazetini neşir etmäge gerekli puluň we kagyzyň ýerli serişdeleriň hasabyna tapyljakdygyny görkezip, ol gazeti neşir etmekligi dowam etdirmäge rugsat berilmegini partiýanyň oblast komitetinden haýyş edýär. Emma gazeti neşir etmek üçin kagyz we pul serişdeleri ýeterlik bolmandygy üçin “Kommunar” gazetini çap etmegi dowam etdirmek başartmaýar.

“Merwskiý westnik”. Ol gündelik gazet bolup Mary şäherinde ROSTA-nyň Zakaspi oblast bölümi (ZakROSTA) tarapyndan neşir edilýär. Onuň 1-nji sany 1921-nji ýylyň 22-nji noýabrynda çykýar. Gazet kiçi formatly, möçberi iki sahypadan ybarat. Jogapkär redaktory I. Ustalyý.

Gazetde häkimiýetiň şol wagtky halkara ýagdaýyna we içerki syýasatyna degişli baş makalalar bilen birlikde, “Daşary ýurtlarda”, “Russiýada”, “Türküstanda” diýen rubrikalar boýunça telegraf habarlary çap edilipdir. Gazetde “Açlyga garşy göreş” diýen ýörite bölüm bolup, onda Powolžýedäki açlyk çekýän ilata kömek bermek boýunça welaýat we uýezd komissiýalarynyň habarlary, çagyryşlary berlipdir. Mundan başga, “Russiýanyň dostlary komitetiniň kömegi”, “Açlyk çekýänlere türkmen ilatynyň kömegi”, “Mara gelen açlaryň garşy alnyşy we ýerleşdirilişi” diýen rublikalarda hem materiallar ýerleşdirilipdir.

Gazetde Mary uýezd-şäher geňeşiniň kararlarydyr buýruklary, şäheriň arassaçylyk meselesine, uýezdiň magaryf we mekdep meselesine degişli materiallar-da çap edilipdir.

“Merwskiý westnik” gazetiniň saklanyp galan iň soňky 12-nji sany 1921-nji ýylyň 7-nji dekabrynda çykypdyr. Şondan soň onuň neşir edilmegi togtadylan bolsa gerek.

“Jarçy”. Bu gazet 1923-nji ýylyň tomsunda Daşkent şäherinde çykypdyr. Emma onuň bir sanynyň-da tapylmanlygy üçin, gazetiň haýsy aýda, haýsy günde çykyp başlandygyny, näçe wagt dowam edendigini takyklamak mümkin bolmady. Türkmen dilinde şeýle gazetiň, hakykatdan-da neşir edilendigi barada “Ýaş jarçy” žurnalynyň birinji sanynda şeýle diýilýär: “Öten tomus (1923-nji ýyl) Daşkentde okaýan ýaşlar üýşüp, “Jarçy” gazetini çykarmaga başlady. Bu gazete-de pul bolmansoň, zordan 2 sanysyny her birinde 1000 däne (sany) edip çykaryp, Buhara türkmenlerine, Hywa türkmenlerine, Meskew (Moskwa) hem Leningrad (Petrograd) şäherlerinde okaýan türkmenlere we Daşkentdäki türkmen oglanlaryna dagadyldy”.

Soňra şol žurnalda, “Jarçy” gazetiniň neşir edilmeginiň bes edilendigi hakynda-da şeýle diýilýär: “Ýaş jarçy” indi gazetden žurnala öwrüldi. Sebäbi gazet diýlen zat günde bir çykyp durmasa

bolmaýar, çünki  habarlar könelýär ýa-da üýtgeýär… Şeýlelik bilen, gazet çykarmakdan her aýda bir çykýan žurnal çykarmagy haýyrly gördük”.

Şu ýerden mälim bolşuna görä,”Jarçy” gazetiniň jemi iki sany çykyp, her biriniň tiražy 1000 ekzemplýar bolupdyr. Gazet diňe bir Türkmen oblastynda däl, eýsem Buhara we Hywa türkmenleriniň arasynda hem ýaýradylypdyr.

“Jarçy” gazeti komsomolyň Türküstan Merkezi Komitetiniň organy hökmünde neşir edilendir diýlip çaklanylýar.

“Professionalnaýa žizn”. Bu gazet professional soýuzlaryň Zakaspi oblast sowetiniň organy. Onuň 1-nji sany 1921-nji ýylyň 18-nji martynda çykypdyr. Uly formatly,möçberi 4 sahypadan ybarat. Gazetiň redaktory W. Çernow.

Gazetiň her sanynda diýen ýaly uly harplar  bilen: ”On sany owadan rezolýusiýa çykaranyňyzdan, iki normany ýerine ýetireniň gowy”, “Her bir profsoýuz öňümçiligi ele alsa, onuň diňe şonda manysy bar” diýen şygarlar ýazylypdyr.

Gazetde çap edilen materiallaryň aglabasy umumy we resmi häsiýetde bolup, onda ýerli profsoýuz guramalarynyň durmuşyny we anyk işlerini görkezýän materiallara seýrek duş gelinýär.

“Professionalnaýa žizn” gazetiniň jemi 8 sany saklanyp galypdyr. Onuň 8-nji sany 1921-nji ýylyň 1-nji maýynda çykypdyr. Bu onuň iň soňky sany bolmasa-da, şondan soň köp sany çykan däl bolsa gerek diýlip çaklanylýar. Çünki şol döwürde neşir etmek üçin kagyz meselesi kynlaşypdy.

“Izwestiýa” (“Zakaspiýskiýe izwestiýa” – “Turkmenskiýe izwestiýa”). “Izwestiýa” gazeti Türküstan Kommunistik patriýasynyň Zakaspi obkomynyň we oblispolkomynyň organy. Ol 1921-nji ýylyň 14-nji aprelinde Aşgabat şaherinde neşir edilip başlanýar. Gazet hepdede iki gezek çykypdyr. Uly formatly,möçberi iki sahypadan ybarat bolup, tiražy 3000 ekzemplýardyr. Gazet mugt ýaýradylypdyr.

Bu gazetiň ady çalt-çalt üýtgedilip durlupdyr. 1921-nji ýylyň 31-nji iýulynda çykan sanyndan başlap, onuň ady “Zakaspiýskiýe izwestiýa”, şol ýylyň 23-nji sentýabrynda çykan sanyndan başlap, “Turkmenskiýe izwestiýa”, diýlip atlandyrylýar. 28-nji sentýabrdan başlap Gazetiň tiražy 8000 ekzemplýara ýetirilýär.

Gazetiň her sanynda baş makala ýerleşdirilip, ol makalalar: halk hojalygyny dikeltmek, azyk salgydy, ýerli partiýa guramalarynyň wezipeleri, açlara kömek, duşmanlaryň häkimiýete garşy alyp barýan işleri, daşary ýurtlara gaçyp giden ak gwardiýaçylaryň sowet Russiýasyna garşy töhmetleri we ş.m. temalara degişli bolupdyr.

"Izwestiýa" gazetiniň käbir sanlary pully hem ýaýradylypdyr. Ýygnanylan serişde açlar gaznasyna geçirilipdir.

1924-nji ýylyň 12-nji martynda partiýanyň obkomynyň ispolbýurosy: "Maddy serişdeleriň ýoklugy, okyjylaryň ýeterlik däldigi zerarly "Turkmenskiýe izwestiýa" gazetiniň mundan beýläk dowam etmegi mümkin däl diýip hasap etmeli. Gazeti 1-nji aprelden ýapmaly… Gazetiň inwentar we beýleki materiallaryny "Türkmenistan" gazetiniň redaksiýasyna 1-nji aprele çenli tabşyryp gutarmagy gazetiň redaktory ýoldaş Ustala teklip etmeli" diýip, karar çykarýar.

## Daşkentde neşir edilen žurnallar

1."Türkmen ili" žurnalynyň döreýşi.
2. "Kommunist ýoldaşy" žurnalynyň tematikasy.
3. "Ýaş jarçy" žurnalynyň tematikasy hem ähmiýeti.

"Türkmen ili". Bu žurnal Daşkent şäherinde 1922-nji ýylyň iýulynda neşir edilip başlandy. Onuň birinji sany şol ýylyň 25-nji iýulynda çykypdyr.

"Türkmen ili" žurnaly Türküstan Kommunistler fraksiýasynyň Merkezi Komiteti tarapyndan aýda bir gezek çykarylýan syýasy, ykdysady, edebi žurnal bolup, ol türkmen dilinde çap edilipdir. Žurnalyň göwrümi 3 çap listi töweregi (50 sah.),uly formatly bolupdyr. Tiražy 1000 ekzemplýar ekeni.

Žurnalyň baş redaktory Halmyrat Sähetmyradow, baş sekretary ("serkätip") Muhammet Geldiýew. Žurnal Türküstan döwlet neşirýatynyň litografiýasynda çap edilipdir . Litografik usul bolanda, tekst harplar boýunça ýygnalman, ilki grawer tarapyndan

daşyň ýa-da metalyň üstüne ýazylyp, soňra şondan çap edilip alnypdyr.

Žurnal 3-nji sanyndan (1922-nji ýylyň noýabry) başlap çaphana usuly bilen, ýagny harplary ýygnamak ýoly bilen çap edilip başlanýar.

Žurnalyň 6-7-8-nji ( üçlenen) sanlary 1924-nji ýylyň ýanwar-fewral aýlarynyň hasabyna çykypdyr. Möçberi 10 çap liste golaý (155 sah.), tiražy 1500 ekzemplýar. Jogapkär redaktory N.Aýtakow.

Žurnalyň şu üçlenen sany onuň iň soňky sanlary bolandyr, çünki şondan soň onuň hiç hili sany duş gelmeýär we hiç bir resminamada ýatlanylmaýar.

Şeýlelikde, ýyl ýarym töweregi wagtyň içinde “Türkmen ili” žurnalynyň jemi 8 sany çykypdyr.

Žurnalyň 1-nji sanynda ýerleşdirilen redaksion makalada (“Edaradan”) şeýle diýilýär: “Žurnalyň maksady – şu wagta çenli dünýäden bihabar ýatan türkmen halkymyza syýasatdan, edebiýatdan, ykdysady işlerden maglumat berip, türkmen halkyny hem başga milletler ýaly, bolup duran işlerden habardar etmekdir” (“Türkmen ili”,1922, 1, 1sah.).

“Türkmen ili” žurnalynda materiallar “Syýasat”, “Durmuş we ykdysat”, “Edebiýat”, “Terbiýe we magaryf meseleleri”, “Her hili makalalar”, “Möhüm habarlar” diýen ýaly bölümlerde berlipdir.

Žurnalda çap edilen çeper edebiýat eserleri aglaba aýry-aýry goşgulardan ybarat bolupdyr. Olaryň arasynda mazmun we çeperçilik tarapdan gyzyklylary hem bar. H. Sähetmyradowyň “Mekdep” diýen goşgusynda türkmen halky üçin okuwyň uly ähmiýetiniň bardygy beýan edilipdir:

Ülkämiziň görki görmegi
mekdep,
Watan berki, ilat görmegi
mekdep,
Senden çykar ýurdumyzyň
diregi,
Sende artar watanmyzyň
höregi,
Sen erer sen Türkmenistanyň

geregi,
Ýatany ukudan oýadar
mekdep,
Mekdepde açylar ýumulan gözler,
Mekdepde güllär tozanly düzler,
Mekdepde okysa gelinler,
gyzlar,
Terbiýeli ene çykarar
mekdep.

Žurnalyň redaktory wezipesinde dürli ýyllarda H. Sähetmyradow, K.Böriýew, N.Aýtakow dagy işläpdir. Ýöne olar redaktorlyk wezipesini esasy işiniň daşyndan alyp barypdyrlar, çünki atlary agzalan bu redaktorlar şol döwürde başga jogapkärli wezipelerde işläpdirler.

"Kommunist ýoldaşy". Bu žurnal Türküstan Kommunistik partiýasynyň MK-nyň organy. Ol Daşkent şäherinde türkmen dilinde neşir edilipdir. Žurnalyň saklanyp galan ekzemplýary 1924-nji ýylyň ýanwar aýynda (1-2-nji sany) çykypdyr. Bu neşir, umuman 1923-nji ýylda çap edilip başlanypdyr.

Aýda bir gezek çykýan syýasy partiýalaýyn žurnal. Onuň redaksion geňeşiniň düzüminde 8 adam bolupdyr. Olar G.Atabaýewden, H. Sähetmyradowdan, D.Mämmedowdan we başgalardan ybarat bolupdyr. Žurnalyň göwrümi orta žurnal formatyndan ( 7,5 çap listi töweregi 123 sah.) ybarat bolup, tiražy 1000 ekzemplýar.

"Kommunist ýoldaşy" žurnalynyň sahypalarynda partiýa we sowet gurluşygy meselerine, milli meselesine, agrar meselesine, hususan-da ýer-suw meselesine bagyşlanan materiallar bilen birlikde, magaryf, aň-bilim, medeniýet meseleleri boýunça hem makalalar çap edilipdir. Onda başlangyç mekdepleriň okuw maksatnamalary-da berlipdir.

Žurnalyň 1924-nji ýylyň ýanwarynda çykan sany onuň neşir edilen iň soňky sany bolupdyr. "Kommunist ýoldaşy" žurnaly türkmen dilinde çykan ilkinji partiýalaýyn neşirdir.

“Ýaş jarçy”. Bu žurnalyň 1-nji sany 1924-nji ýylyň mart aýynda Daşkent şaherinde çykypdyr. Ol türkmen dilinde neşir edilipdir.

Žurnalyň titul listinde “Aýda bir gezek çykýan syýasy, ižtimagy, edebi, ylmy türkmen ýaşlarynyň žurnalydyr” diýen ýazgy bar. Ony Türküstan ýaş kommunist-leriniň Merkezi Komiteti çykarypdyr.

Žurnalyň göwrümi kiçi žurnal formatyndan ( 54 sahypa) ybarat bolup, tiražy belli däl. Žurnal Orta Aziýa döwlet neşirýatynyň 1-nji görelde musulman tipo-litografiýasynda çap edilipdir.

Žurnalyň birinji sanyndan başga, hiç bir sanyna duş gelinmedi. Şonuň üçin-de, onuň näwagta çenli neşir edilendigi belli bolman galýar.

Žunalda “Ýaşlar bölümi”, “Umumy bölüm” diýen ýaly bölümler bolup, olarda ylmy-tebigy bilimler barada maglumatlar, durmuşy we hojalygy täzeçe gurmak dogrusynda maslahatlar berlipdir.

“Ýaş jarçy” žurnalynda ýerleşdirilen makalalaryň awtorlary Halmyrat Sähetmyradow, Annaguly Artykow, Döwlet Mämmedow, Anna Lewina, Kümüşaly Böriýew, A. Garahanow we başgalar bolupdyr.

## Buharada hem Horezmde çap edilen gazetler

1. “Horezm habarlary”, “Izwestiýa” (Horezm) gazetleri.
2. “Buhara habary”, “Izwestiýa” (Buhara) gazetleri.

“Horezm habarlary”. Bu gazet 1921-nji ýylyň iýun aýynyň ortalarynda Hywada çap edilip başlanýar. Ol HHR Hywa halk respublikasynyň MIK-niň organy.

Gazetiň saklanyp galan 13-nji sany 1921-nji ýylyň 19-njy awgustynda çykypdyr. Hepdede iki gezek çykýan syýasy we ižtimagy (jemgyýetçilik) gazet. Gazetiň möçberi uly formatly iki sahypadan ybarat, tiražy belli däl. Gazetiň dili özbek hem türkmen

dilleriniň garyndysy bolupdyr. Gazetde çap edilen materiallarda arap hem pars sözleri agdyklyk edipdir.

“Horezm habarlary” gazetiniň redaksiýasy gazetiň her sanynyň birinji sahypasynyň ýokarsynda gazete iberilen hat we habarlaryň, makalalaryň hoşallyk bilen kabul ediljekdigini bildiripdir. Mundan başga, gazetiň käbir sanlarynda okyjylara ýüzlenme çap edilip, onda gazete hat we habar ýa-da makala iberilende awtoryň öz adyny, familýasyny anyk ýazmagynyň zerurdygy hem-de makala we habarlarda ýerlerdäki hakyky ýagdaýy görkezmegiň, medeni gurluşyk we magaryf işlerini şöhlelendirmegiň zerurdygy görkezilýär.

Şunuň bilen birlikde, redaksiýa gazete şygyrlaryň, çeper oçerkleriň, hekaýalaryň-da iberilmegini haýyş edýär. 1921-nji ýylyň awgust aýyňyň aýagyndan başlap, gazetde edebiýat sahypajygy girizilýär.

Bu gazetiň saklanyp galan iň soňky ( 50-nji) sany 1922-nji ýylyň 22-nji aprelinde çykypdyr.

“Izwestiýa (Horezm). Bu gazet RSFSR-iň Horezm respublikasyndaky ygtyýarly wekiliniň neşiri. Ol 1921-nji ýylyň iýul aýynda Hywa şäherinde neşir edilip başlanýar. Gazetiň birinji sany 1921-nji ýylyň 6-nji iýulynda çykypdyr. Göwrümi uly formatly, möçberi iki sahypadan ybarat. Gazet mugt ýaýradylypdyr. Ol hepdede üç gezek çykypdyr. Gazet rus, özbek, türkmen dillerinde çap edilipdir.

Gazetiň redaksiýasy, ony neşir etmekden esasy maksadyň: “Horezmde täze informasiýa barada gytlyk bolany üçin, şol islegi mümkingadar kanagatlandyrmakdan ybaratdyr” diýip ýazýar.

Bu gazetde materiallaryň ýerleşdirilişi, takmynan, şu aşakdaky ýaly bolupdyr :

Birinji sahypada. Baş makala, Wagyz-nesihat häsiýetindäki materiallar. Gündogar meselesi. Hökümet habarlary. Gazetlerden alnan täzelikler.

Ikinji sahypada. Radiogrammalar. Daşary ýurt habarlary. Türküstan hakynda.

“Izwestiýa” gazetiniň neşir edilmegi 1921-nji ýylyň sentýabr aýynyň ortalaryna çenli dowam edýär.

“Buhara habary”. Bu gazet Buhara merkezi rewolýusion komitetiniň we merkezi iştrakiýun komitetiniň neşiri bolupdyr. Ol 1920-nji ýylyň aýagynda neşir edilip başlanypdyr. “Buhara habary” Buhara şäherinde hepdede iki gezek çykýan syýasy, ižtimagy (jemgyýetçilik), edebi gazetdir.

“Buhara habarynyň” ýekeje sany saklanyp galyp, ol hem 1921-nji ýylyň 13-nji martynda çykypdyr. Gazetiň göwrümi uly formatly, möçberi iki sahypadan ybarat. Tiražy belli däl. “Buhara habary” Buhara halk respublikasynyň Bekbudy çaphanasynda neşir edilipdir. Gazetiň dili özbek we türkmen dilleriniň garyndysy bolupdyr.

Gazetde Buhara respublikasynyň şol wagtky iň möhüm, iň derwaýys meseleleri, gyzykly täzelikler beýan edilýär.

“Izwestiýa” (Buhara). Bu gazet 1921-nji ýylyň 31-nji martynda çap edilip başlanýar. Gazetiň göwrümi uly formatly, möçberi dört sahypadan ybarat. Tiražy belli däl. Ol Buharada Goşunyň syýasy bölüminiň çaphanasynda çap edilipdir. Gazet hepdede üç gezek çykypdyr.

Gazetde, adatça Buhara respublikasynyň halkara ýagdaýyna we içerki syýasy, harby, hojalyk, medeni meselelerine bagyşlanan baş makalalar bilen birlikde, profsoýuzlaryň durmuşy we işi, Goşun bölekleriniň durmuşy, okuwy, esgerleriň çeper döredijiligi barada gyzykly gürrün berýän dürli materiallar ýerleşdirilipdir.

Bulardan başga-da, gazetde “Partiýa durmuşy”, “Aýallar sahypajygy”, “Umumy harby okuw”, Ýaşlaryň sahypajygy” diýen bölümlerde hem dürli temadaky materiallar çap edilipdir.

Gazetiň saklanyp galan iň soňky sany 1921-nji ýylyň 11-nji iýulynda çykypdyr.

## Türkmenistan respublikasynda merkezi gazetler

1. “Turkmenskaýa iskra” gazetiniň döreýşi, ösüşi.
2. “Türkmenistan” gazetiniň ösüş etaplary.
3. Redaksiýalaryň žurnalistler bilen üpçünçiligi.

“Turkmenskaýa iskra”. 1924-nji ýylyň 5-nji noýabrynda TKP Türkmen obkomynyň ispolbýurosy “Türkmen oblastynda “Turkmenskaýa iskra” diýen gazeti neşir etmek hakynda karar çykarýar. Bu kararda “Turkmenskaýa iskra” gazeti partiýanyň Türkmen obkomynyň, oblast ispolkomynyň we oblprofsowetiň organy bolup, her günde çykmaly diýlip görkezilýär. Gazetiň jogapkär redaktorlygy redaksion geňeşiniň üstüne ýüklenilýär. Redaksion geňeş bolsa, ispolbýuronyň şol ýylyň 3-nji noýabryndaky kararyna görä, Karpow, Şutemow, Berdiýew, Grinwald, Tarasow dagydan ybaratdy. Kararda gazetiň birinji sanyny 1924-nji ýylyň 7-nji noýabrynda çykarmaly diýlip görkezilýär.

“Turkmenskaýa iskra” gazetiniň birinji sany 1924-nji ýylyň 7-nji noýabrynda sekiz sahypadan ybarat bolup çykypdyr. Gazet gündelik bolup, TKP-niň Türkmen obkomynyň we oblispolkomynyň organy hökmünde çykyp başlaýar.

Gazetiň birinji sanynda partiýanyň Türkmen obkomynyň we oblispolkomynyň oblastyň ähli zähmetkeşlerine ýüzlenme haty çap edilipdir. Onda şeýle diýilýär: “Türkmenistan respublikasynyň döremek pursady ýakynlaşmagy mynasybetli TKP-niň Türkmen obkomy we oblispolkomy rus dilinde gündelik “Turkmenskaýa iskra” gazetini neşir etmäge girişýärler… “Turkmenskaýa iskra” bölünişik barada alnyp barylýan işler hakynda öz wagtynda we doly maglumat berip durmalydyr, ol Türkmenistan Respublikasyny döretmek wezipesiniň töweregine ähli zähmetkeşleri jebislemelidir.

Ýoldaşlar, öz gazetiňizi goldaň!

Ýoldaşlar, öz gazetiňize ýazyp duruň!”

“Turkmenskaýa iskra” gazetiniň neşir edilip başlanmagy mynasybetli, onuň redaksiýasy şeýle ýazypdyr : “Öz gazetimiziň birinji sanyny çykarýarys, munuň özi Türkmenistanda Oktýabryň janly uçguny bolmalydyr. Şu ýerde alys Gündogarda biziň “Turkmenskaýa iskramyzyň” (“Turkmenistan uçgunynyň”) sönmezden, ýagty berip durmagy işçilere, işçi aýallara, esgerlere, mugallymlara, ýaşlara baglydyr”.

“Turkmenskaýa iskra” gazeti çykyp başlan döwründe onuň sahypalarynda materiallaryň ýerleşdirilişi, takmynan, şeýleräk bolupdyr.

Birinji sahypada. Baş makala. Daşary ýurt habarlary. Dünýäde işçiler hereketi baradaky täzelikler.

Ikinji sahypada. Russiýada, Orta Aziýada, Türkmenistanyň hojalygy: suw hojalygy, pagta, daýhançylygyň we maldarçylygyň girdejiligi. Kooperasiýa we söwda.

Üçünji sahypada. Magaryw barada. Mugallym we ýaşlar. Şäher bilen obanyň bitewiligi. Şeflik işi barada şäher zähmetkeşleri bilen oba daýhanlarynyň dostlugy.

Dördünji sahypada. Türkmenistan rewkomynyň, oblast we şäher guramalarynyň we edaralarynyň kararlary hem buýruklary. Hronika. Şäher tomaşa jaýlarynyň repertuary. Dürli bildirişler.

"Turkmenskaýa iskra" gazeti neşir edilip başlanyndan tä 1924-nji ýylyň aýagyna çenli onuň sahypalarynda esasy orny Orta Aziýada geçirilýän milli bölünişik hem-de Türkmenistan respublikasynyň guralmagy bilen baglanyşykly materiallar eýeläpdir.

Gazet 1924-nji ýylyň 12 –nji noýabryndan başlap Türküstan KP-niň Türkmen oblast komitetiniň we oblast ispolkomynyň organydygyndan başga, profsoýuzyň oblast Sowetiniň-de organy bolýar. 1924-nji ýylyň 1-nji dekabryndan başlap bolsa, tä 1925-nji ýylyň martyna çenli TK(b)P-niň Guramaçylyk býurosynyň, Türkmenistanyň Rewkomynyň, profsoýuzlaryň Merkezi geňeşiniň, "Goşçy" geňeşiniň we LKSMT-niň Guramaçylyk býurosynyň organy bolýar. 1925-nji ýylyň martyndan gazet TK(b)P MK, TSSR MIK, TSPS, "Goşçy" soýuzynyň Merkezi prawleniýesiniň we LKSMT MK-nyň organy bolýar.

Gazetiň 1924-nji ýylyň birinji dekabryndaky sanyndan başlap, onuň jogapkär redaktory W.Karpow (Karpyç) bolýar. Indi gazetiň möçberi hakynda. Gazetiň birinji sanynyň möçberi kiçi formatly,göwrümi sekiz sahypa, 11-nji noýabrda çykan ikinji sanynyňky alty sahypa. Ine, şondan soň tä 1925-nji ýylyň ýanwarynyň ortalaryna çenli gazetiň möçberi aglaba hallarda kiçi formatly,göwrümi dört sahypa bolup galýar. Diňe şondan soň uly formata geçýär.

Gazetiň birinji sanynyň tiražy 3000 ekzemplýar, ikinji sanynyňky – 1500 ekzeplýar. Şondan soň tä 1924-nji ýylyň aýagyna çenli onuň tiražy 1500-1700 ekzeplýar töwereginde bolupdyr.

“Turkmenskaýa iskra” gazeti 1924-nji ýylyň dowamynda we 1925-nji ýylyň başlarynda özüniň guramaçylyk döwrüni başdan geçirdi. Okyjylaryň arasynda onuň täsiri we abraýy çalt ösýärdi.

Gazetiň tiražy 1925-nji ýylyň noýabrynda 7000 ekzemplýar bolan bolsa, 1927-nji ýylyň awgustynda 9000 ekzeplýardan geçdi.

Redaksiýa täze işgärler alyndy, Daşkent bilen kadaly aragatnaşyk ýola goýuldy. Moskwadan radio we telegraf boýunça alynýan habarlaryň sany köpelip başlady.

“Turkmenskaýa iskra” gazeti resmi materiallar bilen birlikde, hojalyk we medeni gurluşygy hem şöhlelendirýärdi. Şäher bilen obanyň, işçiler bilen daýhanlaryň aragatnaşygyny giňeltmekde, daýhanlary şäher durmuşy bilen tanyşdyrmakda şol wagtlar iri şaherlerimizde guralyp başlan daýhan öýleriniň, gyzyl çaýhanalaryň roly uludy. 1925-nji ýylyň fewralynda Aşgabat şaherinde “Daýhanlar öýi” açylypdyr.

Oba garyplarynyň arasynda alnyp barylýan işleri, esasan “Goşçy” soýuzy arkaly amala aşyrylýardy. Daýhanlary birleşdirýän ol soýuz Zakaspi oblastynda 1921-nji ýylda guralyp başlanypdy. Soňra “Goşçy” soýuzy üýtgedilip guralyp “Garyplar guramasyna” öwrüldi.

“Turkmenskaýa iskra” gazetiniň sahypalarynda “Goşçy” soýuzynyň hem-de garyplar guramasynyň işleri şöhlelendirilip durulýardy.

1929-njy ýylda oba hojalyk ekinlerini çekirtge hüjüminden halas etmek ugrunda zähmetkeşleriň alyp baran göreşi “Turkmenskaýa iskra” gazetinde oňat beýan edildi. Gazetde çekitgä garşy göreş meselesi “Çekirtge fronty” diýen sözbaşyda berildi.

“Turkmenskaýa iskra” gazetinde respublikanyň medeni gurluşyk meselesi-de yzygiderli beýan edilip durulýardy. Halk magaryfy babatda çap edilýän materiallarda meseläniň iň möhüm, iň actual taraplary aýratyn nygtalyp görkezilýär. Gazetiň “Magaryf meseleleri” diýen makalasynda: “Haçan-da, iň uzakdaky oba mugalymy Magaryf Halk komissarlygynyň ýolbaşçylygyny duýsa, diňe şonda ol komissarlygyň abraýy bolar” diýlip görkezilýär.

Gazet kompozitor Wiktor Aleksandrowiç Uspenskiniň türkmen sazynyň iň gowy nusgalaryny ýazmak we toplamak boýunça geçiren ekspedisiýalary barada okyjylara habar berip durýardy.

1927-nji ýylyň fewralynda “Turkmenskaýa iskra” gazetinde Oraz Mätiýewiň (Oraz Salyryň) portreti ýerleşdirilipdir hem-de türkmen halk aýdymlarynyň käbiriniň rus dilinde terjimesi berlipdir. Şol döwürde teatrlarda goýulýan spektakl-
lara syn hem berlip başlanypdyr. Aşgabatdaky Azerbaýjan teatrynda “Leýli-Mežnun” operasynyň goýluşy barada gazetiň 1928-nji ýylyň fewralyndaky sanlarynyň birinde syn makalasy çap edilipdir.

“Turkmenskaýa iskra” gazetinde 1926-njy ýyldan başlap, “Turkmenskaýa iskra” hemme sowallara jogap berýär” diýen rubrika girizilýär. Iki ýylyň dowamynda, ýagny 1928-nji ýylyň başyna çenli gazetiň bu rubrikasynda 1300-den gowrak sowala jogap berlipdir.

Şondan son gazetiň abraýy has-da artyp, 1928-nji ýylda gazetiň tiražy 10 müň ekzemplýara ýetdi. Şol ýyl gazetiň 1000-nji ýubileý sany bellenildi.

“Turkmenskaýa iskra” gazetinde 1925-nji ýylda “Komsomolskaýa iskra” sahypasy (käte bolsa goşmaça), demir ýol işçileri üçin “Ryçag” diýen ýörite sahypa çap edilýär. 1927-nji ýylda bolsa “Turkmenskaýa iskra” gazetine goşmaça hökmünde “Hozýaýstwo Turkmenii” diýen ykdysady žurnal neşir edilýär.

“Turkmenskaýa iskra” gazetinde 1925-nji ýyldan başlap dürli döwürlerde baş redaktor B.Gorodeskiý, W. Nodel, L.Arosker, A. Pýaskowskiý, K. Sähedow, G. Braginskiý bolupdyr.

“Türkmenistan”gazetiniň ösüş etaplary. Türkmenistan respublikasy guralmazdan ozal “Türkmenistan” gazeti hepdede 3 gezek çykýardy.1924-nji ýylyň 7-nji noýabryndan her günde çykyp başlady. 1925-nji ýylyň ýanwarynyň 2-nji ýarymyna çenli kiçi formatda, ondan soň uly formatda çykyp ugrady. Tiražy 1000 ekzemplýardan 2000 ekzemplýara ýetirildi. Oba habarçylarynyň seti 80 adama ýetdi. Olaryň 40%-i oba mugallymlarydy. Redaksiyada başdaky 2 sany edebi işgäriň deregine 8 sany işgär bardy.

1925-nji ýylyň başlarynda gazetiň redaktory H.Hanow bolupdyr. Şol ýylyň maý aýynyň başlaryndan gazetiň redaktory ýene-de G. Husaýnow bolýar. 1926-njy ýylyň güýzünden “Türkmenistan”

gazetiniň redaktorlygyna K.Böriýew, orunbasarlygyna G. Husaýnow bellenilýär. 1927-nji ýylyň aprelinde gazetiň jogapkär redaktorlygyna (“Jogapkär müdirligine”) ýene-de G.Husaýnow bellenilýär.

1928-nji ýylyň tomsunda “Türkmenistan” gazetiniň jogapkär redaktory J. Halmyradow. 1929-njy ýylyň başyndan gazetiň jogapkär redaktory ýene-de G. Husaýnow bolýar.

1925-1926-njy ýyllarda “Türkmenistan” gazeti TK(b)P MK, TSSR MIK, TSPS, “Goşçy” soýuzynyň merkezi prawleniýesiniň we LKSMT MK-nyň organy bolup, 1927-nji ýyldan TK(b)P MK-nyň, TSSR MIK-niň we TSPS-niň organy bolýar, özi hem syýasy jemgyýetçilik (ižtimagy), ykdysady we edebi gazet hökmünde neşir edilýär.

“Türkmenistan” gazetiniň tiražy hem artypdyr. 1928-nji ýylyň ortasynda onuň tiražy 3800 ekzemplýar bolupdyr. 1929-njy ýylyň maýynda tiražy 4600 ekzemplýara ýetipdir. 1925-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda gazetiň 5 ýyllyk ýubileýi bellenilýär. Şol gün gazet 8 sahypa bolup çykypdyr. 1927-nji ýylyň 11-nji awgustynda “Türkmenistan” gazetiniň 1000 sanynyň çykany bellenilip geçilipdir.

Giň daýhan köpçüligi üçin “Daýhan” gazeti neşir edilip başlanansoň, “Türkmenistan” gazetiniň hyzmat etmeli okyjylarynyň düzümi anyklanyp, onda gazetiň esasan sowatly partiýa işgärlerine, sowatly daýhanlara, oba intelligensiýasyna niýetlenilendir diýlip görkezilýär.

1928-nji ýyldan “Türkmenistan” gazetinde beýan edilýän meseleler ozalky ýyllardaky ýaly, diňe bir umumy we deklaratiw degşirmelerden ybarat bolan makala we materiallar görnüşinde beýan edilmän, eýsem anyk ýerlerde bolan, anyk adamlar, anyk guramalar, edaralar tarapyndan amala aşyrylýan anyk işler, wakalar görnüşinde, durmuşyň we zähmetiň belli açyk faktlary esasanda beýan edilip ugrapdyr. Munuň sebäbi gazetiň halk köpçüligi bilen aragatnaşygynyň barha ýakynlaşýanlygydyr hem giňelýänligidir.

1927-nji ýylyň ortalaryndan başlap, türkmen elipbiýini latyn grafikasyna geçirmek boýunça möhüm çäreler görlüp ugralýar. Şol ýylyň iýun aýynyň aýagynda “Türkmenistan” gazetinde täze elipbiýiniň Türkmenistan döwlet Ylmy soweti (GUS) tarapyndan makullanylan taslamasy çap edilýär (“Türkmenistan”, 1927, 30 iýun).

1928-nji ýylyň iýul aýynyň başyndan “Türkmenistan” gazetiniň 4-nji sahypasy tutuşlygyna latyn harp bilen çap edilýär. 1929-njy ýylyň 2-nji oktýabryndan “Türkmenistan” gazeti tutuşlaýyn täze elipbiýe geçýär.

Gazetiň şol sanynda Mollamurtuň (“Akýalyň”) “Gal indi” goşgusy çap edilip, onda:

Şu gün senden belli açýas arany,
Täze türkmen harpy yzyňdan ýetdi,
Girdiň göre arap harpy gal indi,
Jansyz jeset arap harpy gal indi,-

diýen setirler bar.

Şol döwürde “Türkmenistan” gazetinde edebiýatyň umumy meselelerine, hususan-da türkmen edebiýatynyň taryhyna, onuň ösüşine degişli makalalar we oçerkler çap edilipdir. Olaryň arasynda professor A.N. Samoýlowiçiň “Türkmen edebiýaty taryhyndan” (1927,17 fewr.) “Milli çeper edebiýaty janlandyrmak ugrunda görlen çäreler” (1927, 27 apr.) diýen ýaly makalalar bardy. Şol döwürlerde “Türkmenistan” gazetiniň redaktorynyň orunbasary (1925-1927ý.) A. Gulmuhammedowdy.

Türkmen edebiýatynyň ýaşuly wekilleri Ýa. Nasyrlynyň, B.Kerbabaýewiň, G.Burunowyň, A. Gowşudowyň ýazyjylyk işine başlamagy we soňra kämilleşmegi milli metbugat, hususan-da “Türkmenistan” gazeti bilen gös-göni baglanyşyklydyr.

1925-nji ýýlyň awgustynda “Türkmenistan” gazetinde “Türkmen ýaşlary” diýen ýörite sahypa, 1928-1929-njy ýyllarda gazetde “Aýallar durmuşy” sahypasy, käte bolsa oňa goşmaça edilip, “Aýallar durmuşy” žurnaly çap edilipdir.

<u>Redaksiýalaryň žurnalistler bilen üpjünçiligi.</u> - 1924-nji ýylyň ortalarynda Türkmenistan gazetiniň redaksiýasynyň jemi iki sany işgäri bolan bolsa, 1924-nji ýylyň aýagynda -1925-nji ýylyň başlarynda onuň sekiz sany işgäri bolupdyr.

1925-nji ýylda “Daýhan”, “Ýaş kommunist”, “Zähmet” gazetleri we “Tokmak” žurnaly neşir edilip başlananda, olaryň özbaşdak redaksiýasy bolman, “Türkmenistan” gazetiniň redaksiýasynyň üsti bilen çykarylypdyr. Şeýle ýagdaý-

da-da, 1925-nji ýylyň aýagynda "Türkmenistan" gazetiniň ähli neşirleri ("Tokmak" we başgalar) üçin 17 sany edebi işgäri bolup, olardan 13 adam türkmen, 2 adam pars, 2 adam tatar bolupdyr.

1926-njy ýylyň güýzünden "Türkmenistan", "Daýhan", "Zähmet", "Ýaş kommunist" gazetleriniň, "Tokmak" žurnalynyň her biriniň özbaşdak redaksiýasy döredilýär.

1927-1928-nji ýyllarda diňe bir "Türkmenistan" gazetiniň redaksiýasynyň ştaty 15 adamdan ybarat bolupdyr. Şol wagt (1927-1928ýý.) "Daýhan" gazetiniň redaksiýasynyň ştaty iki işgärden (redaktor we korrektor), "Zähmet" gazetiniň redaksiýasynyň ştaty bir işgärden (sekretar, şonuň özi hem göýberiji (wypuska-ýuşiý), "Tokmak" žurnalynyň redaksiýasynyň ştaty üç işgärden (redaktor, sekretar,hudožnik) ybarat bolupdyr.

Şeýlelik-de, 1927-1928-nji ýyllarda respublikanyň milli metbugat organlarynyň jemi redaksion ştaty 21 işgärden ybarat bolupdyr.

Professional žurnalistleri taýýarlamagyň kanagatlanarly däldigi sebäpli, TK(b)P-niň III gurultaýy (1927-nji ýylyň noýabr aýy) Moskwadaky döwlet žurnalistik (GIŽ) institutyna türkmen ýaşlaryny okuwa ibermegiň zerurdygyny nygtapdyr. Şunuň bilen birlikde, OAKU (SAKU)-nyň milli metbugat bölüminiň giňeldilmegi barada aýdylypdyr.

1928-nji ýylyň güýzünden başlap, Daşkentde OAKU (SAKU) ýanynda milli metbugat işgärlerini taýýarlaýan bir ýyllyk kurs işläp başlapdyr. OAKU-nyň rektorynyň 1928-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda ýerlere iberen hatynda görkezilişine görä, kursda okuw oktýabrda başlap, oňa 18-den 32 ýaşa çenli (aýal we erkek), gazet we başga edebi iş tejribesi iki ýyldan az bolmadyk ýaşlar kabul edilýärdi. Bu kursda Orta Aziýanyň beýleki halklarynyň wekilleri bilen bir hatarda, Türkmenistanyň wekilleri hem okapdyrlar.

Žurnalistleri taýýarlamak meselesine TK (b)P MK-nyň II plenumy hem (1928-nji ýylyň marty) üns beripdir. Plenumyň kararynda :"Döwürleýin milli metbugat üçin žurnalistleri (edebi işgärleri, reportýorlary we başgalary) taýýarlamaga we olaryň hünärini artdyrmaga aýratyn üns bermek zerur diýip hasap etmeli" dýlip görkezilipdir.

1929-njy ýylyň güýzünden başlap “Türkmenistan” hem “Turkmenskaýa iskra” gazetleriniň redaksiýalarynyň ştatlary köpeldilipdir. Türkmenistan IDI (Işçi-daýhan inspeksiýasy) Halk kommisarlygy “Türkmenistan” gazetiniň redaksiýasynyň we kontorasynyň ştatyny 35 işgärden, “Turkmenskaýa iskra” gazetiniň redaksiýasynyň we kontorasynyň ştatyny hem 34 işgärden ybarat edip tassyklapdyr.

Soňra “Türkmenistan”, “Turkmenskaýa iskra”, “Daýhan” gazetleriniň kontoralary we ekspedisiýalary birleşdirilip, bir metbugat kontorasy döredilipdir.

## 1925-1930-njy ýyllardaky täze neşirler

1. “Daýhan”, Ýaş kommunist” gazetleri. Tematikasy.
2. “Zähmet”, “Goşçylar” gazetleri. Temarikasy.
3. “Naş put”, “Komsomolskaýa iskra”, “Krasnowodskaýa prawda” gazetleri. Olaryň ähmiýeti.

“Oba habarçylary kitaby we onuň ähmiýeti.

<u>“Daýhan” gazeti.</u> Obalarda likbez we çalasowatlylar mekdepleriniň setiniň giňelip, olara daýhan köpçüliginiň barha köp çekilmegi, likbez mekdebinde ýaňy okamaga başlan sowatsyz we çalasowat daýhanlar üçin has düşnükli dilde, uly harplar bilen çap edilen, gyzgajyk-gysgajyk makala we habarlar, sada materiallary ýerleşdirilen ýörite daýhan gazetini neşir etmek zerurlygy ýüze çykypdy.

Şol döwürde ýurduň hökümeti milli dilde daýhan gazetini döretmegiň zerurdygyny aýratyn möhüm wezipe hasaplapdy. Bar bolan maglumatlara görä, Türkmenistanda daýhan gazetini döretmek synanyşygy 1924-nji ýylyň maý aýynda edilip ugrapdyr. Şol ýylyň maý aýynda profsoýuzlaryň Türkmen oblast soweti (OSPS) oba garyp daýhanlary üçin hepdelik “Batrak” gazetini neşir etmegi karar

edipdir. Emma şol wagt degişli maddy mümkinçiligiň we işgärleriň ýeterlik bolmandygy üçin gazeti çykarmak mümkinçiligi döremändir.

"Daýhan" gazeti ahyry 1925-nji ýylyň ýanwarynda Aşgabat şäherinde türkmen dilinde çap edilip başlandy. Ol TK(b)P Guramaçylyk býurosynyň, TSSR Rewkomynyň we "Goşçy"soýuzynyň guramaçylyk býurosynyň organy. "Daýhan" gazetiniň birinji sany 1925-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda çykypdyr. Gazetiň möçberi uly formatly 4 sahypadan ybarat. Ol redaksion geňeş tarapyndan redaktirlenýärdi. Gazetiň birinji sanynyň tiražy 1000 ekzemplýar bolupdyr.

" Daýhan" gazetiniň birinji sanynda "Biziň iň birinji daýhan gazetimiz" diýen baş makala berlipdir. Onda gazetiň roly we ähmiýeti, maksady hem wezipeleri barada aýdylýär. Makalada, hususan-da şeýle diýilýär: "Ýoldaş daýhanlar, "Daýhan" gazeti hökümetiň we partiýanyň dilidir. Munuň üsti bilen uzak obalarda bolýan daýhan hökümet hem partiýa bilen her hepdede gepleşip, arz-halyn aýdyp durup biljek. "Daýhan" gazetimiz uzak ýoly ýakyn edip, agyr ýüki ýeňil etjekdir. "Daýhan" gazetine obalarda nähili kemçilikler bolsa ýazsaňyz, ony hökümet eşidip, derrew ýok etmäge girişer".

Gazetiň birinji sanynda "Orta Aziýada bolan üýtgeşiklik türkmen halkyna name berjek" (Milli bölünişik meselesi barada), "Türkmenistan şuralar hökümetiniň öňünde durýan wezipeler", "Hywa türkmenleriniň taryhyndan", "Goşçy soýuzy" nähili guralmaly", "Pionerler guramasy" diýen ýaly materiallar çap edilipdir.

"Daýhan" gazetinde "Daýhanlar üçin haýyrly maslahatlar" diýen ýörite bölüm bolup, redaksiýa bu bölüm barada: "Gazetde şu bölümi açmakdan gözleýän düýp maksadymyz oba daýhanlarynyň düşünmedik zatlaryny pugta düşündirip, her bir soraglaryna jogap berip durmakdyr. Şonuň üçinem oba daýhanlary, hususan-da "Goşçy" soýuzynyň çlenleri "Daýhan" gazetinde bolan maslahat bölümine aýratyn pikir berip, her işde bolan ýetişiksizlik we kemçilikler hakynda ýazyp, öz arz-hallaryny hökümetiň ýokary diwanlaryna bildirip durmalydyrlar diýip ýazýar.

“Daýhan” gazetiniň tiražy çalt ösüpdir. Onuň 3-nji sanynyň tiražy eýýäm 2000 ekzemplýara ýetipdir. Gazetiň esasy abunaçylary “Goşçy soýuzynyň” agzalarydy.

Şol wagtlar “Daýhan” gazeti likbez we çalasowatlylar mekdeplerinde okaýan uly ýaşly adamlar üçin esasy okuw materialy bolup hyzmat edipdir. Gazetiň neşir edilişi we mazmuny magaryf Halk komissarlygynyň organlary bilen baglanyşdyry-lypdyr we şolar tarapyndan ýaýradylypdyr.

“Daýhan” gazeti oba hojalyk ugruny güýçlendirip, sahypalarynda daýhana amaly taýdan peýdaly materiallar ýerleşdirilipdir. Agronoiýa, ýerden peýdalanyş, çarwaçylyk, pagtaçylyk, ýüpekçilik meseleleri, oba hojalyk tehnikasy giňden şöhlelendirilipdir.

TK(b)P MK-nyň 1930-njy ýylyň 22-nji iýunyndaky kararyna laýyklykda, “Daýhan” gazeti her bäş günde iki gezek çykarylyp ugralýar. Möçberi 6 sahypadan ybarat bolupdyr.

1931-nji ýylyň 14-nji awgustyndaky sanyndan başlap, “Daýhan” gazeti “Kolhozçy” diýlip atlandyrylyp ugraldy. Gazet şol günden TK(b)P MK we Türkmenistan kolhozsentriniň organy bolýar.

1935-nji ýylyň 1-nji sentýabryndan “Kolhozçy” gazetiniň neşir edilmegi togtadylypdyr. Onun iň soňky sany 1935-nji ýylyň 29-njy awgustynda çykypdyr.

Gazetiň dowam eden döwrüniň dürli wagtlarynda onuň redaktory G. Husaýnow, E. Soltannyýazow, I. Kulyýew, N. Kadyrow dagy bolupdyr.

**“Ýaş kommunist” gazeti.** Türkmenistanda ýaşlar üçin türkmen dilinde neşir edilip ugralan ilkinji gazet “Ýaş kommunist” gazetidir. Soňky wagtlara çenli “Ýaş kommunist” gazeti 1925-nji ýylyň dekabr aýynda neşir edilip başlanypdyr diýip hasap edilýärdi. Şol sebäpli gazetiň 30 ýyllyk ýubileýi hem 1955-nji ýylyň dekabrynda geçirilipdi. Emma gazet, hakykatda 1925-nji ýylyň mart aýynda çykyp başlapdyr. Onuň birinji sany şu wagta çenli tapdyrmady. Ýöne gazetiň 1925-nji ýylyň 8-nji maýynda çykan ikinji sanynda: “1925 ýyl mart aýyndan çykýa” diýlip ýazylypdyr.

“Ýaş kommunist” gazeti LKSMT MK-nyň organy. Möçberi uly gazet formatynyň 4 sahypasyndan ybarat bolupdyr. Tiražy belli däl.

Gazetiň şol ikinji sanynda “Metbugat we ýaşlar” diýen baş makala ýerleşdirilipdir. Makalada Metbugat gününiň (5 maý) ähmiýeti, gazet-žurnallary, kitaplary türkmen zähmetkeşlerine ýetirmekde we okap düşündirmekde ýaşlaryň wezipeleri barada aýdylýar. Soňra bu makalada ýaşlaryň öňünde durýan maksatlar hem wezipeler hakynda şeýle diýilýär:”Biziň ýaňy ýaşap gelýän ýaşlar gazeti “Ýaş kommunist” oba ýaşlaryna haýryny ýetirmeli, ýagny ýaşlara syýasy terbiýe bermeli. Bu ýaşlar gazeti arkaly oba ýaçeýkalaryna nesihat bermek maksat edinilýär. Indi oba ýaçeýkalarynyň öňünde: “Ýaş kommunist” gazetini ýazylyp almaýan, okamaýan ýekeje-de adam bolmaly däldir” diýen wezipe durýar.

Emma taýýarlykly žurnalistleriň bolmazlygy, redaksiýanyň ýaşlaryň ýerli guramalary bilen aragatnaşygy ýola salyp bilmezligi, galyberse-de respublikanyň ýaşlar guramasynyň gazetiň işine ýeterlik üns bermezligi sebäpli, “Ýaş kommunist” gazeti ilkibaşda kanagatlanarly derejede çykyp bilmedi. Gazetiň 2-nji sany onuň 1925-nji ýylda çykan soňky sanydyr. 1926-njy ýylda onuň birinji sany 1-nji aprelde çykypdyr.

“Ýaş kommunist” gazetiniň neşir edilmeginiň arasynyň üzülendigi üçin, onuň öwezini belli bir derejede doldurmakdan ötri, 1925-nji ýylyň awgustyndan başlap, “Türkmenistan” gazetinde “Türkmen ýaşlary” diýen ýörite sahypa girizilipdir. Bu sahypanyň 1-nji sany gazetiň awgust aýynyň 5-nde çykan sanynyň 3-nji sahypasynda ýerleşdirilipdir. “Türkmen ýaşlary”sahypasy iki hepdede bir gezek çykypdyr.

“Ýaş kommunist” gazetini neşir etmekligi dikeltmek hakyndaky mesele 1926-njy ýylyň başynda ýene gozgalypdyr. 1926-njy ýylyň 28-nji ýanwarynda TK(b)P MK iki hepdede bir gezek çykýan “Ýaş kommunist” gazetini şol ýylyň 1-nji fewralynda neşir edip ugramaly diýip karar çykarýar. Emma şondan soň hem “Ýaş kommunist” gazeti iki aýlap neşir edilmändir.

1926-njy ýylda “Ýaş kommunist” gazetiniň jemi 4 sany çykypdyr. Gazetiň 1927-nji ýyldaky 1-nji sany ýanwar aýynyň 27-

nde çykypdyr. Gazetiň jogapkär redaktory Ata Gowşudow bolupdyr. “Ýaş kommunistiň” tiražy 1550 ekzemplýar. Gazetiň 2-nji sany 1927-nji ýylyň 1-nji martynda, ýagny bir aýdan soň çykypdyr. Gazetiň bu sanynda redaksiýa “Ýaş okyjylarymyz kömek beriň!” diýen ýüzlenme çap edipdir.

Şondan soň hem gazet wagtly-wagtynda çykmandyr. Üç ýylyň, ýagny 1925-1927-nji ýyllaryň dowamynda “Ýaş kommunist” gazetiniň jemi 21 sany çykypdyr.

“Ýaş kommunist” gazeti 1928-1929-njy ýyllarda aýda bir gezek çykypdyr. 1935-nji ýylyň aprelinden kiçi formatda aýda 15 gezek, 1936-njy ýylyň başyndan uly formatda iki günden bir gezek çykypdyr.

1930-1931-nji ýyllarda gazet redaksiýasynyň ştaty 10 işgärden ybarat bolýar, şol sanda jogapkär redaktor, sekretar, edebi terjimeçi,köpçülik we işçi- daýhan ýaşlary bölümleriniň müdirleri.

**“Zähmet” gazeti.** Bu gazet TK(b)P MK-nyň ýanyndaky az milletler bölüminiň organy bolup, azerbaýjan dilinde çykypdyr. Ol Aşgabat şäherinde ilkibada “Hambal” ady bilen 1925-nji ýylyň iýul aýynda neşir edilip ugralýar. Onuň birinji sany 1925-nji ýylyň 23-nji iýulynda çykýar. Gazet orta formatly,möçberi dört sahypadan ybarat. Tiražy 1000 ekzemplýar. Ol redaksion geňeş tarapyndan redaktirlenipdir.

1925-nji ýylyň aýagyna çenli, ýagny bäş aýyň içinde gazetiň jemi 10 sany çykypdyr. Gazet ilkibaşda orta hasap bilen iki hepdede bir gezek çykypdyr. Ol soňa baka hepdelik neşire öwrülipdir.

Gazet 1926-njy ýylyň birinji ýanwarynda çykan sanyndan başlap, “Zähmet” diýlip atlandyrylýar.

“Zähmet” gazeti Türkmenistanda ýaşaýan eýran-azerbaýjan zähmetkeşleri, aýratyn-da, dürli hojalyk guramalarynda, kärhanalarda we transport edaralarynda ýük çekmek bilen meşgul bolan işçiler üçin niýetlenipdir.

“Zähmet” gazeti 1935-nji ýylyň awgust aýynyň aýaklaryna çenli çykyp, soňra neşir edilmegi bes edilýär.

**“Goşçular” gazeti.** Bu gazet Türkmenistan “Goşçy soýuzynyň” Merkezi_Komitetiniň organy (“Düýp komitetiniň pikir ýaýradyjysy”) hökmünde 1927-nji ýylyň fewralynda neşir edilmäge

başlanan aýlyk diwar gazetidi. Onuň birinji sany şol ýylyň 10-njy fewralynda çykdy. Ol möçberi uly gazet formatynyň dört sahypasyna barabar üly list. Gazet redaksion geňeş (“Ýazuwçylar üýşmegi”) tarapyndan redaktirlenipdir. Ol mugt ýaýradylypdyr.

“Goşçular” gazetiniň birinji sanynda :” “Goşçy” gazetini pugtalaň” diýen redaksion makala ýerleşdirilip, onda şeýle diýlip okyjylara ýüzlenilipdir:

”Türkmenistan goşçular düýp komiteti şu gün gazet çykaryp, ýurdumyzyň daş-ýakyn diýmän, her bir künjünde ýaşaýan garyp-pukara, daýhanlar bilen aragatnaşygyny güýçlendirip, öňküden beter artdyrmaga ýol açýar”. Ondan ötri, “Goşçy” çlenleri bolan garyp - pukara, batrak we orta daýhanlar gazetiň gadyryny bilmeli we oba ýadaýyňyzdan ýazyp durmaly”.

Gazetiň birinji sanynda: “Ýer-suw paýlanyşygy hakynda perman”, “Şura saýlawlaryna goşçular gaty pikir (üns) bermelidirler” diýen ýaly umumy syýasy häsiýetdäki makalalar çap edilipdir. Şeýle häsiýetdäki makalalar gazetiň her sanynda hem berlipdir.

Gazetde “Daýhan hojalygy we ekindarçylyk işleri”, “Daýhanlara haýyrly geňeş we maslahatlar”, “Habarlar bölümi” diýen ýaly ýörite bölümler bolupdyr. 1928-nji ýylyň güýzünden başlap gazetde :“Arkalaşykly hojalyk işlerinde öňümizde durýan ýumuşlar”diýen ýörite bölüm hem girizilip, daýhan hojalyklarynda, maşyn şereket-lerinde arkalaşylyp işlenişi barada maglumatlar berlipdir.

“Goşçular” gazetiniň sahypalarynda uly harplar bilen: “Ýaşasyn işçi-daýhan agzybirligi”, “Goşçular soýuzynyň” her bir agzasy gazete ýazylmagy borç bilmeli” diýen ýaly çagyryşlar bolupdyr.

“Goşçular” gazeti “Goşçy” guramalarynyň jaylarynda, çaýhanalarda mekdep-
lerde, klublarda, bazarlarda,oba magazinlerinde we obada ilatyň köp üýşýän ýerlerinde diwarlara ýelmenipdir.

Gazetiň redaksiýasy öz habarçylaryny işjeň çekmek maksady bilen, “Goşçular” gazetine näme hakynda ýazmaly diýen sözbaşyda gönükdiriji maslahatlar hem berip durupdyr.

1928-nji ýylyň güýzünde gazetde “Goşçular we täze elipbiý” diýen bölüm girizilip, onda latyn grafikasynda düşnükli ýazylan gyzgajyk habarlar çap edilipdir. 1927-nji ýylda gazetiň jemi on iki sany çykypdyr. 1928-nji ýylda gazetiň sekiz sany çykypdyr. Onuň iň soňky 8-nji sany şol ýylyň sentýabrynda çap edilipdir.

“Naş put” gazeti. Bu gazet partiýanyň Çärjew (Leninsk) okrug komitetiniň, okrug ispolkomynyň we okrprofsowetiň organy. Ol 1925-nji ýylyň maý aýynda neşir edilip başlanýar.

Gazetiň birinji sany häzire çenli tapdyrmady. Emma onuň saklanyp galan 2-nji sany şol ýylyň 17-nji maýynda çykypdyr. Möçberi orta formatly, 4 sahypadan ybarat. Tiražy 1000 ekzemplýar. Redaksion geňeş tarapyndan redaktirlenipdir.

Gazet hepdede bir gezek (her hepdäniň juma güni) çykypdyr. Onuň 1-nji sany hem maý aýynyň 10-nda ýa-da 11-nde çykandyr diýlip çaklanylýar.

Rus dilinde neşir edilen “Naş put” gazeti hasabat informasion şekilli bolup, onda köplenç resmi materiallar (partiýa ýygnaklarynyň, konferensiýalaryň materiallary, instruktiw – ýol görkezejilik hatlary, okrug we şäher sowetleriniň ispolkomlarynyň kararlarydyr buýruklary, profsoýuz guramalarynyň çagyryşlary, ýüzlenmeleri, bildirişleri we ş.m.) çap edilipdir

“Naş put” gazetiniň näwagta çenli dowam edendigi belli däl, emma ol 1925-nji ýylyň iýul aýynyň başlaryna çenli neşir edilendir diýlip çaklanylýar..

“Naş put” gazeti Türkmenistanda neşir edilen ilkinji okrug gazetidir.

“Komsomolskaýa iskra” gazeti. Bu gazet LKSMT MK-nyň organy. Ol ilkibada “Turkmenskaýa iskra” gazetiniň bir sahypasy (3-nji sahypa) görnüşinde çap edilip ugrapdyr. Onuň 1-nji sany 1925-nji ýylyň 5-nji awgustynda çykypdyr. Gazet aýda iki gezek neşir edilipdir.

“Komsomolskaýa iskranyň” birinji sanynda ýüzlenme haty çap edilip, onda şeýle diýilýär: “LKSMT MK özüniň soňky mejlisinde “Turkmenskaýa iskranyň” ýanynda “Komsomolskaýa iskra” diýen komsomol sahypajygyny neşir etmegi karar etdi. Bu karar biziň guramamyzyň durmuşy we işi hakynda soýuzyň ähli

çlenlerine has giň maglumat berip durmak zerurlygyndan gelip çykdy.”

Komsomol sahypajygynyň birinji sanynyň mazmuny:

Umumy bölüm – “Biziň sahypajygymyz” diýen redaksion makala. Ýaşlaryň halkara raýdaşlygyna we 29-njy awgustdan 4-nji sentýabra çenli geçirilýän halkara çagalar hepdeligine taýýarlyk meselelerine degişli materiallar.

“Ýaçeýkalarda”- bu bölümde Aşgabatdan, Samsonowa stansiýasyndan we beýleki ýerlerden ýaşlaryň işleri hakynda gelen habarlar.

“Pioner” – bu bölümde Hywaabatdaky (Kaka etraby), Nohurdaky pioner lagerleriniň işi we durmuşy hakyndaky habarlar.

Resmi bölüm – LKSMT MK-nyň geçirýän çäreleri hem kararlary hakyndaky materiallar.

“Biziň hat gatnaşygymyz” diýen bölümde redaksiýa gelen aýry-aýry habarlaryň çap edilmediginiň sebäpleri görkezilýär.

“Komsomolskaýa iskranyň” birinji sanyndaky “Biziň sahypajygymyz” diýen redaksion makalada bu sahypany neşir etmekden göz öňünde tutulýan maksatlar kesgitlenilýär. Onda şeýle diýilýär: “Komsomol işi barha çylşyrymlaşýar. Durmuş biziň öňumizde günsaýyn täze wezipeleri goýar. Täze iş usullaryny we ýollaryny gözlemeli bolar.

Işdäki sähelçejik özgerişi-de duýýan, ýerlerdäki tejribäni ýuze çykarýan, näme etmelidigini, näme etmeli däldigini ähli ýaşlara aýdyp duran ençeme gurallar gerek. Şol gurallaryň biri hem – gazetdir.

Gazetiň 1925-nji ýylyň 29-njy oktýabryndaky 5-nji sany dört sahypadan ybarat goşmaça bolup çykypdyr. Onuň 6-njy sany hem 1926-njy ýylyň 5-nji ýanwarynda dört sahypadan ybarat goşmaça görnüşinde çap edilipdir. 6-njy sany “Komsomolskaýa iskranyň” iň soňky sany bolupdyr.

“Krasnowodskaýa prawda” gazeti. Bu gazet partiýanyň Krasnowodsk (häzirki Türkmenbaşy) etrap komitetiniň, komsomolyň etrap komitetiniň, etrap-şaher ispolkomynyň we raýprofbýuronyň organy. Ol 1928-nji ýylyň 6-njy iýunynda çykyp başlapdyr.

Gazetiň möçberi ortaça razet formatynyň iki sahypasyndan ybarat. Gazet Türkmendöwletneşiriň Krasnowodsk bölüminiň çaphanasynda neşir edilipdir. Aýda bir gezek çykypdyr.

Gazetiň birinji sanynyň mazmuny:

Birinji sahypada. Demir ýol trasportynda zähmet hakynyň reformasy we partiýanyň wezipeleri (baş makala). Işçi habarçylarynyň wezipeleri. Medeniýet we zähmet mekdebi.

Ikinji sahypada. Partiýa hatarlarynda. Ýaşlaryň arasynda. Habarçylaryň tankydy astynda. Habarçylara jogaplar. Bildirişler.

Gazetiň sahypalarynda uly harplar bilen: "Halk mugallymy ozal görülmedik ýokary belentlige çykarylmalydyr" diýen çagyryşlar çap edilipdir.

"Krasnowodskaýa prawda" gazetiniň birinji sanyndan başga sanlary tapdyrmady. Emma şeýle-de bolsa, onuň neşir edilmegi 1928-nji ýylyň noýabr aýynyň ortalaryna çenli dowam edendir diýlip çaklanylýar. Ýolbaşçy işgärler bilen üpjün etmegiň mümkin däldigi we kagyz ýetmezçiligi zerarly gazet 1928-nji ýylyň 10-njy noýabrynda ýapylýar.

Habarçylar bölümi. Şol döwürde işçi habarçylary heniz habarçynyň wezipelerine, onuň näme etmelidigine doly düşünmeýärdi.Işçi habarçysynyň wezipesi, esasan, ol ýa-da başga kärhanada, ýa-da edarada näme edilýändigini, işçileriň durmuşyny bolşundan artdyrybam, kemeldibem görkezmän, eýsem hakyky bolşy ýaly, doly suratda görkezmekden ybaratdyr. Ol diňe kemçilikler bilen gyzyklanýar, aglaba halatlarda hatda maýdaja kemçiligi-de ulaldyp görkezýär. Işçi habarçysy işiň ýaramaz taraplaryny tankytlap, şondan aňry geçmeýär. Şu ýerde "Hany, biziň üstünliklerimiz nirede?"diýen kanuny sowal gelip çykýar.

Işçi habarçysy gazetde durmuşymyzyň oňat tarapyny-da, kemçilikli tarapyny-da ýazmalydyr, diňe şonda biziň işimiz netijeli bolar, işçi habarçysy bolsa öz borjuny diňe şonda ödär.

Diýmek, şol döwürde habarçylary terbiýeläp ýetişdirmek, ösdürmek, olary habarçylyk işine türgenleşdirmek uly wezipe bolup durýardy.

Şol sebäpli 1925-nji ýylda "Türkmenistan" gazetiniň redaksiýasy "Habarçylara wagtlaýyn ýol görkezijilik" diýen

kitapçany çap etdi. Kitapçanyň möçberi kiçi formatly 7 sahypadan ybarat.

Munuň özi türkmen milli metbugatynyň taryhynda, metbugat meselesine, şol sanda habarçylyk hereketi meselesine-de degişli ilkinji işdir. Bu kitapça habarçylaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin ýazylan gysgaça düşündirişli hat görnüşindedir. Ol jemi 21 punktdan ybarat bolup, özi hem iki bölüme bölünýär.

Birinji bölümde (I-II-nji punktlar) habarçylaryň nämeler, haýsy meseleler barasynda ýazmalydygy, ikinji bölümde (12-21-nji punktlar) habarçylaryň köpçülik-jemgyýetçilik işleri beýan edilýär.

1926-njy ýylda respublikan gazetleriň, ýagny "Türkmenistan", "Turkmenskaýa iskra" gazetleriniň redaksiýalarynda habarçylar bölümi guralypdyr. Şoňa laýyklykda, "Türkmenistan" gazetinde şol ýylyň maý aýynda "Habarçylar bölümi" rubrikasy girizilýär. Bu rubrikada habarçylara dürli ýol görkezmeler, maslahatlar berilýärdi, habarçylaryň çap edilen habarlarynyň netijesi baradaky, metbugatyň ýaýradylyşy, habarçylaryň iş tejribesi hakyndaky materiallar çap edilipdir.

Habarçylar bölüminiň sanlarynda "Kimleri işçi we daýhan gazet habarçysy diýip hasap etmek bolar?", "Gazete name hakynda ýazmaly?", "Gazete nähili ýazmalydyr?" diýen ýaly sowallara jogap berlipdir.

Habarçylar bölüminiň iň soňky 26-njy sany 1926-njy ýylyň 20-nji dekabrynda çykypdyr.

1925-nji ýylyň iýun aýynda işçi we daýhan habarçylarynyň Bütintürkmenistan birinji gurultaýy çagyryldy. Gurultaýda habarçylary hüjümden goramazdan, olaryň hereketini giňeltmek mümkin däldigi-de nygtaldy.

Şeýle ýagdaýda, habarçylaryň habarlaryny lakam ("psewdonim") bilen çap etmeli bolýan halatlary-da az bolmaýardy. "Lakam" ulanmak baradaky mesele respublikan metbugatyň sahypalarynda ara alnyp maslahatlaşylýardy. Şonda name-de bolsa, lakam ulanmakdan habarçylaryň heniz birbada el çekip bilmejekdikleri, her niçik hem bolsa, gazetlerde her gün diýen ýaly, "Habarçyny yzarlapdyrlar", "Habarçyny urupdyrlar", "Habarçyny öldüripdirler" diýen habarlaryň çykyp duranlygy, şoňa görä-de,

“lakamdan el çekmäge irräkdigi” görkezilýär. (“Türkmenskaýa iskra”, 1925-nji ýylyň 25-nji ýanwary).

1925-nji ýylda we ondan soňky ýyllarda-da türkmen metbugatynyň ilkinji habarlary täze durmuşa aýakbagy bolýanlary paş edip, gazet-žurnallaryň sahypalarynda häli-şindi çykyş edipdirler. Sonda olar köplenç öz atlaryny “gizläp” edebi lakam bilen çykyş edipdirler. Ine, olar:

1.Berdi Kerbabaýew – Kepje sakgal, Ýelken gulak, Akjyn.

2.Garaja Burunow – Pişgemurt, Leňňeç, Garaçy.

3.Ýakup Nasyrly – Il ogly, Otaýly.

4. Hojanepes Çaryýew – Daşdeşen.

5.Ata Salyh – Subse, Meşhur, Habarçy.

6. Ata Köpekmergen – Ýyndam, Möjek, Joý-joý.

7. Ata Gowşudow – Jeýhun, A. Aman, Aňkaw.

Habarçylar metbugatda Obadaş, Tanyş, Belet, Gören, Eşiden diýen ýaly lakamlar bilen hem çykyş edipdirler.

1928-nji ýylda “Türkmenistan” gazetiniň redaksiýasy “Oba habarçylary” diýen kitaby hem neşir etdi. Bu kitap original eser bolman, tatar dilinden türkmen diline terjime edilipdir. Kitabyň möçberi 4 çap listden köpräk (66 sahypa), tiražy 4050 ekzemplýar.

“Oba habarçylary” diýen kitap ýedi bölümden ybarat. Olar esasan “Oba habarçylarynyň ähmiýeti” “Partiýa ýolbaşçylygy babatynda”, “Näme babatynda ýazmaly”, “Nätüýsli ýazmaly”, “Gazet niçik çykarylýar”,“Oba habarçylarynyň gysylmagy, yzarlanmagy dogrusynda”, “Gazet, žurnal hem kitap ýaýratmak dogrusynda” diýen bölümlerdir.

“Näme babatynda ýazmaly” diýen bölümde, habarçynyň ýazmaly ähli meselelerini sanap geçmegiň zerurlygynyň ýokdugy, oňa: “Sen pylan zat hakynda ýaz diýip çürt-kesik aýdyp bolmajakdygy” görkezilip, diňe şol döwürde iň actual we möhüm hasap edilen meseleleriň üstünde durlup geçilýär.

“Nätüýsli ýazmaly” diýen bölümde hem kiçi bölümler, meseleler bar: habarçynyň öz ýazýan habaryndaky faktlara ykjam göz ýetirmegi, köp meseleleri garyşdyrman, anyk mesele barada ýazmagy, düşnükli, sada dil bilen ýazmagy, diýjek bolýan pikiriňi, mümkingadar, gyzgaça beýan etmeli (“Gyzgajyk edip ýazmaly”).

Bölümde birnäçe tehniki meseleler barada, ýagny kagyzyň bir ýüzüne ýazmak, syýa bilen ýazmak, bir kagyza birnäçe habar ýazman, diňe bir habar ýazmak, habaryň aşagyna goluňy çekmek, ýazylan senesini görkezmek, adresiňi ýazmak, ýazan habaryňy haýal etmän ibermek barada degişli maslahat berilýär.

Kitabyň ahyrynda: "Ýaramazlyklary tüketmek üçin ýeke ýaramaz zat hakynda ýazmak ýeterlik däldir. Ýaramazlyklary ýok etmek ýollaryny hem-de peýdaly işleriň niçik edilýändigini-de ýazmak gerek. "Ýagşylyk görkezilmese, ýaramazlyk tükenmez."

1928-nji ýylyň oktýabr aýynda "Türkmenistan" gazetine goşmaça hökmünde "Habarçylar ýoldaşy" neşir edilip başlandy. Onuň birinji sany 1928-nji ýylyň 15-nji oktýabrynda çykdy.

"Habarçylar ýoldaşy" aýda bir gezek çykyp, onuň möçberi kiçi formatly dört sahypadan ybarat. Tiražy 3300-3600 ekzemplýar.

"Habarçylar ýoldaşynyň" ikinji sany 1928-nji ýylyň 13-nji noýabrynda, 3-nji sany hem şol ýylyň 27-nji dekabrynda çykdy.

Soňra "Habarçylar ýoldaşy" "Türkmenistan" gazetine goşmaça hökmünde däl-de, eýsem gazetiň bir sahypasy bolup çykyp başlady.

"Habarçylar ýoldaşy" 1929-njy ýylyň aýagyna çenli dowam edip, soňra 1930-njy ýylyň başyndan gazetde ýene "Habarçylar bölümi" berlip başlanýar.

"Türkmenistan" gazetiniň redaksiýasy 1929-njy ýylyň ýazynda öz habarçylarynyň düzümini gözden geçirdi. Şeýlelikde, habarçylaryň hatary duşman elementlerinden arassalandy.

Arassalaýyş netijesinde habarçylaryň düzümi has oňatlaşdy, habarçylaryň düzümine oba ýerlerinden täze güýçler gelip gowuşdy. Işçi we daýhan habarçylaryna täze işçi we daýhan ýazyjylaryny berjek rezerwler hökmünde garaldy.

Olaryň birnäcesi habarçylyk işinde ösüp, soňra ýurduň görnükli ýazyjylary, şahyrlary bolup ýetişdiler. Meselem, Şaly Kekilow, Hojanepes Çaryýew, Durdy Agamämmedow, Berdi Soltannyýazow habarçylykdan ösüp ýetişen ýazyjylardyr.

Aslyýetinde ýurduň iň baýry ýazyjylary Berdi Kerbabaýew, Ýakup Nasyrly, Garaja Burunow, Ata Gowşudow dagy gazet redaksiýalarynda işlemek bilen, meşhur ýazyjy bolupdylar.

## Türkmen metbugaty 1925-1930-njy ýyllarda

1.”Täze oba”, “Gyzyl ýol”, “Türkmen medeniýeti” žurnallary.

2. Çagalar hem zenanlar üçin neşirler.

“Täze oba” žurnaly. Bu žurnal Türkmenistanyň Ýer işleri Halk komissar-
lygynyň we Kolhozsoýuzyň organy. Ol aýda bir gezek çykypdyr. Žurnalyň birinji sany 1929-njy ýylyň noýabr aýynda çap edilipdir. “Täze oba” žurnalynyň möçberi uly formatly,1,25 çap listden ybarat. Tiražy 7050 ekzemplýar.

Žurnalyň birinji sanynda neşiriň öňünde goýan syýasy maksady şeýle kesgitlenilýär: “Žurnal zähmetkeş daýhanlaryň pikir ýaýradyjysy bolup, onuň düýp maksady öz duşmanlaryna garşy agzybirlikli durup göreşýän batrak, garyp we orta daýhanlara kömek bermek hem-de olary şura hökümetiniň töwerine jebisleşdir-mekdir.”

Žurnalyň öz öňüňde goýan esasy wezipeleriniň biri daýhanlaryň arasynda ekaranççylyk medeniýetini wagyz etmekden ybarat bolupdyr. Redaksion makalada ýene şeýle diýilýär: “Sowatsyz ýa-da hiç bolmanda çala sowatly daýhan öz hojalygyny gowulandyrmak üçin, agronomçylyk bilen kem-käs tanyş bolmalydyr. Has düşnüklиräk aýtsak, her bir daýhan ýewropa ekin esbaplaryndan niçik peýda-
lanmagy, ýeri nädip gurplandyrmagy, traktory nireden almaly we şuňa meňzeş zatlery bilmelidir. Biziň žurnalymyz ,ine, şu meseleleriň hemmesini düşündirip durar.”

Žurnal oba hojalygyndaky onat tejribäni ýaýratmak wezipesini hem öz öňünde goýupdyr. “Elbetde, her bir daýhan başga oba we raýondaky zähmetkeşleriň iş ýagdaýlary bilen-de tahşyp durmak isleýär. Oňa görä-de, tejribe we göreldeleri alşyp durmak üçin, her bir zähmetkeş, özüniň amaly işleri, üstünlikleri hakynda žurnalymyza ýazyp, habar berip ýörmelidir.”

Žurnal öz sahypalarynda hökümetiň kararlaryny, dürli guramalaryň we edaralaryň buýruklaryny, görkezmelerini daýhanlara düşündirip durmak wezipesini-de öz üstüne alypdyr. Daýhanlaryň durmuşynda we işinde ýüze çykýan her dürli sowallara žurnalyň

sahypalarynda jogap berlip duruljakdygy görkezilýär. Bu žurnalda okyjylaryň soraglaryna jogap bölümi açylypdyr.

Žurnalyň öz öňünde goýan wezipelerine laýyklykda, umumy-syýasy häsiýetdäki, ekerançylyk, oba hojalyk tehnikasy we maldarçylyk häsiýetdäki, dürli meseleler boýunça konsultasiýa häsiýetindäki materiallar berlipdir.

"Täze oba" žurnaly belli bir derejede suratlar bilen bezelen žurnal bolup, onuň sahypalarynda oba durmuşyna degişli fotosuratlar ýerleşdirilipdir.

1930-njy ýylyň ortalarynda "Täze oba" žurnalynyň möçberi ulaldylyp , tiražy köpeldilýär. Şeýle hem žurnal aýda iki gezek çykarylyp, her sanynyň möçberi iki çap listine ýetirilýär. Neşiriň tiražy 8500 ekzemplýara ýetýär. Žurnal "Türkmenistan" gazetiniň edarasy tarapyndan çykarylýar.

"Täze oba" 1932-nji ýyldaky 6-7-nji goşa sanyndan başlap, ol "Kolhozçy" gazetiniň neşiri hökmünde çykyp ugraýar. 1932-nji ýyldaky 5-nji (mart-aprel) sanyndan başlap žurnal "Kolhoz ýoly" diýen at bilen çap edilýär. Onuň iň soňky 45-nji sany 1932-nji ýylyň dekabr aýynda çykypdyr.

**"Gyzyl ýol" žurnaly.** Bu žurnal Türkmenistan MIK ýanyndaky latynlaşdyryş boýunça täze elipbiý komitetiniň organy. Türkmeniň täze elipbiýini ýöretmek işinde ýol görkeziji edebi, jemgyýetçilik žurnaly.

"Gyzyl ýol" žurnalynyň birinji sany 1928-nji ýylyň iýun aýynda çykypdyr. Uly formatly,möçberi 10 sahypadan ybarat. Tiražy 1050 ekzemplýar. Žurnalyň jogapkär redaktory N.Aýtakow.

Žurnalyň birinji sanynda çap edilen "Latynlaşdyrma çagyrýarys" diýen baş makalada täze, latyn elipbiýiniň respublikanyň medeniýetini ýokary götermeki ähmiýeti barada gürrüň edilip, soňra şeýle diýilýär: "Latynçany çalt ornaşdyrmaga kömek etmegi, latynlaşdyrmaga elden gelen ýardamy berip durmagy üçin şu žurnaly çykarýarys. Latynlaşdyrmany bir ugurda, bir düzgünde, bir usulda geçirmeli. Baş-başdaklyk bolmasyn diýip şu žurnaly çykarýarys."

Baş makalada beýleki respubliklarda we daşary ýurtlarda latynlaşdyrma işiniň ýagdaýy hakynda maglumatlaryň berlip duruljakdygy, respublikamyzda latynlaş-dyrma işiniň oňat tejribeleri

beýan edilip, kemçilikleriň tankytlanyp duruljakdygy, latylaşdyrma meselesinden başga, medeniýetiň, magaryfyň meseleleriniň-de beýan edilip, edebi eserleriň hem çap edilip duruljakdygy aýdylýar.

Žurnalyň 1928-nji ýylyň sentýabr-oktýabr aýlarynda çykan 2-3 nji goşa sanyndan başlap, onuň formaty iki esse kiçeldilýär. Şunuň bilen birlikde, onuň möçberi iki esse artyp, 48 (goşa sany) sahypa bolýar.

"Gyzyl ýol" žuranynyň iň soňky sany -5-6-njy sany 1928-nji ýylyň noýabr-dekabr aýlarynda çykypdyr.

"Türkmen medeniýeti". Bu žurnalyň birinji sany 1928-nji ýylyň iýul aýynda çykypdyr. Žurnal 1931-nji ýylyň aýagyna çenli "Türkmen medeniýeti", 1932-nji ýylyň başyndan tä 1936-njy ýylyň başyna çenli "Türkmenistan şura edebiýaty", 1936-njy ýyldaky 2-nji sany "Türkmenistan sowet edebiýaty" diýlip atlandyrylypdyr. 1936-njy ýyldaky 3-nji sanyndan başlap "Sowet edebiýaty", ýurt Garaşsyz bolansoň (1991ý.), "Garagum" diýlip atlandyrylýar.

"Türkmen medeniýeti" žurnalynyň birinji sanynyň möçberi 2,5 çap listi töweregi, tiražy 1550 ekzemplýar.

Žurnalyň 1-nji sanynda çap edilen "Milli medeniýet hakynda" diýen baş makalada žurnalyň öz öňünde goýan wezipeleri kesgitlenilýär. Onda şeýle diýilýär: "Milli medeniýetiň ösüşi Türkmenistanyň ykdysadyýet işleriniň artmagy, diliniň giňelmegi, edebiýat, inçe hünärler we teatryň köpelmegi, halkyň sowadynyň artmagy we başgalar diýmekdir. Bularyň hemmesi milli medeniýetiň elementleri, köpçüligiň medeniýetleşmegidir. "Türkmen medeniýeti žurnalynyň wezipesi milli medeniýetiň elementleriniň her birini ösdürmek ugrunda göreşip, täze medeniýete ýetmek, täze adamyny terbiýeläp ýetişdirmekdir.

Bu ýerden žurnalyň giň profillidigi, onuň öz sahypalarynda edebiýat, sungat, magaryf we ylym meseleleriniň hemmesini şöhlelendirmegi wezipe edip goýýandygy görünýär.

Şoňa laýyklykda, žurnalyň materiallary umumy, magaryf we terbiýe, edebiýet, ylmy habarlar ýa-da ylym we tehnika bölümlerinde ýerleşdirilipdir.

"Aň-bilim işleri" diýen makala, žurnalyň birinji sanynyň möhüm materiallarynyň biri bolup, onda respublikada halk magaryf

işlerini has gowulandyrmak wezipesi hakynda, oba ilatynyň medeni aň-bilim derejesini ýokary götermekde mugallymlaryň wezipeleri hakynda gürrüň barýar.

Žurnalyň redaksiýasy onuň sahypalarynda köp awtorlaryň çykyşyny gazanmak aladasyny ilkinji sanyndan başlap edip ugrapdyr. “Žurnalymyzyň üstünligi, eline galam alyp ýazyp bilýän her bir adamyň onda emgekdeş bolmasy, žurnalyň öňde durýan wezipeler ugrunda göreşmeleri bilen üpjün ediljek” diýen sözler muny tassyklaýar.

Žurnalyň 1928-nji ýylyň awgust-sentýabr aýlarynyň hasabyna çykan 2-3-nji (goşa) sanynda neşiriň kimiň organydygy, häsiýeti (profili), redaksion düzümi görkezilipdir. Žurnalyň birinji sahypasynda: “Türkmen medeniýeti instituty taýyndan çykarylýan edebi, ylmy, syýasy, ykdysady aýlyk žurnalydyr” diýlip ýazylypdyr. Žurnalyň redaksion geňeşiniň düzümi G.Sähedow, K.Böriýew, G. Husaýnow, A. Artykow, S.Halmyradow bolupdyr. Žurnalyň bu sanynyň möçberi 4,5 çap listi, tiražy 2050 ekzemplýar.

1928-nji ýylda “Türkmen medeniýeti” žurnaly her aýda çykypdyr. Şol ýylyň oktýabr aýynda çykan sanynda žurnalyň möçberi ulalyp, alty çap liste ýetipdir.

1929-njy ýylyň mart-aprel aýlarynda çykan 3-4 (goşa) sanyndan başlap, “Türkmen medeniýeti” žurnaly tutuşlaýyn latyn elipbiýine geçýär.

Žurnalyň 1929-njy ýylyň iýul-awgust aýlarynda çykan 7-8-nji (goşa) sanynyň yzyna goşmaça edilip, Bütintürkmenistan edebiýat üýşmeginiň “Çeper edebiýat ýygyndysy” goşulypdyr. Onda türkmen ýazyjylarynyň eserlerinden bölekler, rus ýazyjylarynyň eserlerinden terjimeler berlipdir.

1928-1930-njy ýyllarda “Türkmen medeniýeti” žurnalynda halk magaryfy, medeni aň-bilim meseleleri köp orun tutupdyr.

“Türkmen medeniýeti” žurnaly 1930-njy ýylyň sentýabr aýynyň ahyrlaryndan Türkmenkultuň ygtyýaryna berilýär we 1933-nji ýylyň başyna çenli şonuň organy bolup neşir edilýär.

1933-nji ýylyň başlarynda žurnal Türkmenistan ýazyjylar birleşiginiň Guramaçylyk komitetiniň edebi, sungat, tankydy we

teoretiki žurnalyna öwrülýär. 1935-nji ýylyň başyndan Türkmenistan Ýazyjylar birleşiginiň respublikan prawleniýesiniň organy bolýar.

1933-nji ýylyň başlarynda edebiýat we sungat meseleleri boýunça ýörite gazet neşir etmek synanyşygy-da bolupdyr. Emma şol döwürde şeýle gazet çykmandyr. Ýöne şol ýylyň başyndan "Türkmen medeniýeti" žurnaly ýörite edebi we senaýyg (sungat) žurnalyna öwrülýär.

1934-nji ýylyň başlarynda žurnala islegiň has artandygy sebäpli, tiražyny 4 müň ekzemplýara, öçberini 4 çap liste ýetirip, aýda bir gezek çykarmak karar edilýär.

## Çagalar neşirleri:

"Pioner žurnaly": Bu žurnal Türkmenistan Magaryf Halk Komissarlygynyň we LKSMT MK-nyň organy. 1926-njy ýylyň başynda türkmen dilinde neşir edilip başlanýar. Ol aýda bir gezek çykýan žurnal bolup, onuň birleşdirilip çykarylan 1-2-nji sanlary şol ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda çap edilipdir.

Žurnalyň möçberi orta formatly 10 sahypadan ybarat. Tiražy 1500 ekzemplýar, redaktory G.Sähedow, redaktoryň orunbasary Ýa. Nasyrly. Žurnalyň bu sanynda ýerleşdirilen: "Okuwçylarymyza" diýen makalada şeýle diýilýär: "Pioner we okuwçy oglanlaryň bilimini artdyrmak, mekdep kitabyndan başga okamak üçin şu žurnal çykarylýar. Žurnaly çykarmak bilen oglan-gyzlarymyza dogry ýoly görkezip, olara mekdepden daşary terbiýe bermek isleýäris".

Žurnalda okuwçylar üçin aýdymlaryň, oýunlaryň tekstleri, tapmaçylar, wožatylar üçin maslahatlar, okuwçylaryň dostlugy barada hekaýalar çap edilipdir.

Emma žurnalyň dili, onda ýerleşdirilýän materiallar gyzykly çykmandyr we çagalaryň islegini kanagatlandyrmandyr. Žurnalyň 1930-njy ýylyň ýanwarynda çykan birinji sanyndan başlap, oňa "Wožatylar sahypasy" girizilýär.

Žurnalyň her sanynda uly harplar bilen:" Her bir okaýan çagalar we ýaş pionerler özleriniň "Pioner" žurnalyny alyp okamalydyrlar" diýen çagyryş bolupdyr. Žurnal fotosuratlar bilen

bezelip, onda okuwçylar guramalarynyň we mekdepleriň durmuşyny hem işini görkezýän fotosuratlar ýerleşdirilipdir.

"Pioner" žurnaly 1930-njy ýylyň aýaklaryna çenli neşir edilipdir. Bäş ýylyň içinde onuň jemi 46 sany çykyp, iň soňky sany 1930-njy ýylyň noýabrynda çykypdyr.

"Pioner" žurnaly ýapylansoň, 1930-njy ýylyň dekabr aýynyň başynda "Mydam taýýar" gazeti, 1931-nji ýylyň aprel aýynda bolsa türkmen dilindäki "Wožatyý" žurnaly neşir edilip başlanýar.

**"Mydam taýýar" gazeti.** Bu gazet LKSMT MK-nyň organy. Onuň birinji sany 1930-njy ýylyň 2-nji dekabrynda çykypdyr. Ol Türkmenistanyň mekdep okuwçylary üçin niýetlenen gazet bolupdyr. Gazetiň möçberi orta formatly 4 sahypadan ybarat. Tiražy 3 müň ekzemplýar. Jogapkär redaktory Ýe. Ödäýewdi.

"Mygdam taýýar" gazetinden ozal 1925-nji ýylda mekdep okuwçylary üçin "Gyzyl ýaglyk" diýen gazet hem neşir edilip başlanypdy. Ol uzak wagt dowam etmändir. Şu wagta çenli onuň diňe bir sany tapyldy. Gazetiň şol sany 1925-nji ýylyň 14-nji dekabrynda çykypdyr. Ol orta formatly 4 sahypadan ybarat. "Gyzyl ýaglyk" gazeti LKSMT MK-nyň pionerler bölüminiň we Türkmenistanyň Magaryf Halk komissarlygynyň organy bolup, redaksion geňeş tarapyndan redaktirlenipdir.

"Mydam taýyar" gazetiniň birinji sanynda baş makala, "Mydam taýýar" gazetiniň neşir edilip başlanyşy hakynda redaksion makala çap edilipdir. Gazetiň 2-nji sany 1930-njy ýylyň 9-njy dekabrynda çykyp, onda "wagtlaýyn jogapkär redaktor Saraly Mämmet ogly" diýilipdir.

Gazetiň 1931-nji ýylyň 28-nji sentýabrynda çykan 20-nji sanyndan başlap, jogapkär redaktor N. Kadyrow bolýar. "Mydam taýýar" gazetiniň hili barha gowulandyrylyp, tiražy artyp başlaýar. Gazetiň 1934-nji ýyldaky tiražy 7000 ekzemplýara golaýlapdyr.

Beýik Watançylyk urşy wagtynda (1941-nji ýylyň 29-njy iýunyndan 1946-njy ýylyň 8-nji maýyna çenli) "Mydam taýýar" gazetiniň neşir edilmeginiň arasy kesildi. 1946-njy ýylyň maý aýyndan başlap, ol ýene-de neşir edilip başlandy.

"Wožatyý" žurnaly. Bu žurnal Türkmenistan Magaryf Halk komissarlygy we LKSMT MK tarapyndan türkmen dilinde neşir

edilipdir. Ol “Ýaş jarçy” kysymyndaky neşir bolup, Türkmenistanyň pionerwožatylary üçin aýda bir gezek çykýan ýolbaşçy žurnaldyr.

“Wožatynyň” 1-nji sany 1931-nji ýylyň aprel aýynda çykypdyr. Onuň möçberi orta formatly 18 sahypadan ybaratdy. Tiražy 2250 ekzemplýardy.

Žurnalyň 1-nji sanynda ýerleşdirilen redaksion makalada onuň maksatlary hem wezipeleri şeýle kesgitlenilýär: “Bu günki gün çykyp başlan biziň “Wožatyý” žurnalymyz oba, raýon, şäher otrýadlary üçin uly bir ýolbaşçy boljakdyr… ýörite ýolbaşçy wožatylar üçin çykjakdyr.”

Žurnal ýerlerde nähili işler alyp barmalydygy hakynda doly ýolbaşçylyk edip durupdyr. Köpçülik işlerine gatnaşmak, olaryň arasynda umumy işleriň alnyp barylmagy hakynda ýolgörkezijilik roluny oýnapdyr. Şeýle hem çet ýurtlardaky çagalaryň durmuşy hakynda maglumat beripdir. Bulardan başga-da, žurnalda goşgular, hekaýalar çap edilipdir.

“Wožatyý” žurnaly suratlar bilen bezelipdir, onuň sahypalarynda dürli temadaky fotosuratlar berlipdir.

“Wožatyý” žurnaly 1932-nji ýylyň güýzüne çenli dowam edip, onuň jemi 18 sany çykypdyr. Iň soňky sany (7-8-nji) 1932-nji ýylyň awgust-sentýabr aýlarynda çap edilipdir.

## <u>Zenanlar üçin neşirler:</u>

“<u>Aýallar durmuşy” žurnaly</u>. 1928-nji ýylyň 8-nji martyndan “Türkmenistan” gazetinde aýda bir gezek “Aýallar durmuşy” diýen sahypa berlip ugrapdy. Şol sahypa 1928-nji ýylyň 22-nji oktýabryndan “Türkmenistan” gazetine goşundy hökmünde çykarylan “Aýallar durmuşy” žurnalyna öwrülipdir.

Žurnalyň möçberi uly žurnal formatynyň 8 sahypasyndan ybarat bolup, tiražy 2800 ekzeplýardy.

Žurnalda aýýallar azatlygyna degişli umumy syýasy, ýolgörkeziji hem-de amaly häsiýetdäki makalalar bilen birlikde, çeper eserler (şygyrlar, hekaýalar, oçerkler) hem çap edilipdir.

Žurnalyň sahypalarynda öýüň arassaçylygy, saglygy saklaýyş, çaga gigiýenasy hakynda-da maslahatlar ("Doktorlar bilen maslahat") berlip durlupdyr. Meselem, žurnalyň 9-njy sanynda "Bogaz agyry keseli hakynda" diýen makala ýerleşdirilip, onda çagalarda köp duş gelýän bogaz agyry keseliniň öňüni almagyň hem-de bejermegiň ýollary görkezilýär.

"Aýallar durmuşy" žurnalynyň saklanyp galan ekzemplýaryna görä, onuň jemi 4 sany çykypdyr. Onuň iň soňky 4-nji sany 1929-njy ýylyň 17-nji ýanwarynda çap edilipdir.

"Aýallar sesi" žurnaly. Bu žurnal TK(b)P MK-nyň organy bolup, aýda bir gezek dürli suratlar bilen bezelip çykypdyr. Onuň 1-nji sany 1931-nji ýylyň noýabr aýynda çap edilipdir. Ol "Türkmenistan" gazetiniň neşiridi.

Žurnalyň möçberi uly formatly bir çap listi töweregi, tiražy 3100 ekzemplýardy. Redaksion geňeşi ("Ýazyjylar üýşmegi"):Temriýewa, Taganowa, Gylyjowa we G.Husaýnow (redaktor).

"Aýallar sesiniň" 1-nji sanynda çap edilen redaksion makalada onuň öňünde goýan wezipeleri barada şeýle diýilýär: "Aýallar žurnalyny çykarmakdan düýp maksadymyz täze durmuşyň gurluşygyna, medeni işlere, aýallary azatlyga çykarmakda böwet bolup gelýänlere garşy göreşmekde gelin-gyzlarymyzy ýene-de ýakyn we köpräk çekmekdir. Bulardan başga-da, gelin-gyzlarymyzyň aň-bilimini ýokary galdyrmak, syýasy düşünjelerini giňeltmek, aýallar arasyndaky sowatsyzlygy bütinleý ýok etmek… we şulara meňzeş meselelere žurnalymyzda aýratyn üns beriljek".

Žurnalda aýallar azatlygy meselesine degişli umumy-syýasy häsiýetdäki, aýallary okuwa, magaryfa, medeniýete çagyrýan, aýallaryň zähmet edermenligine bagyşlanan, arassaçylyk hem saglygy saklaýyş baradaky materiallar ýerleşdirilipdir.

Žurnalyň her sanynyň daşynda iri harplar bilen şu aşakdaky ýüzlenmeler ýazylypdyr:

"Eý daýza! Seniň habaryň barmy?

Üns ber!

Bolgusyz işlere baş goşup gümra bolup ýörseň, elbetde, durmuşdan duýdansyz galarsyň.

Bäriňe gulak goý!

“Aýallar sesi” adynda ýörite bir žurnal çykýar. Ol-da bolsa eliňdäki okap oturanyň… Oňa ýazylyp alyp, onuň her bir sanyny hem sypdyrman okap durmagyň gerek”

1931-nji ýylda “Aýallar sesi” žurnalynyň diňe bir sany çykypdyr. Onuň 1932-nji ýylyň ýanwar-fewralynda çykan ilkinji sany 1931-nji ýylda çykan bir sanynyň dowamy bolup, žurnal “Işçi-daýhan aýal” ady bilen çykypdyr. Žurnalyň 1932-nji ýylyň martynda çykan 4-nji sanynda ol “Kolhozçy aýal” diýlip atlandyrylýar, şol ýylyň aprelinde çykan 5-nji sanynda ýene “Işçi-daýhan aýal” diýlip atlandyrylýar. 1932-nji ýylyň maý-iýul aýlarynda çykan 6-7 nji sanyndan başlap, tä ýapylýança, žurnal “Işçi-kolhozçy aýal” diýlip atlandyrylýar.

Žurnalyň iň soňky (11-12-nji) sany 1932-nji ýylyň noýabrynda çykypdyr.

## 1925-1930-njy ýyllardaky merkezi žurnallar

1.”Tokmak”, “Bolşewik”, “Türkmenowedeniýe” žurnallary.

2. Žurnallaryň tematikasy.

“Tokmak” žurnaly. Bu žurnalyň 1-nji sany 1925-nji ýylyň 1-nji fewralynda çykypdyr. Ol “Wagtlaýyn iki hepdede bir gezek “Türkmenistan” gazetine goşmaça edebi, jemgyýetçilik, gülküli žurnal” bolupdyr. Onuň möçberi uly žurnal formatynda 8 sahypadan ybarat. Tiražy 2400 ekzemplýar.

“Tokmak” žurnaly özüniň ilkinji ädiminden jemgyýete päsgel berýän zatlaryň ählisini: nadanlygy, ogurlygy, parahorlygy, gedemligi, dürli pyssy-pyžurlyklary tankyt taýagynyň astyna alyp, saýgylap ugrapdyr.

Žurnalyň zarbynyň güýçli bolmagyna onuň suratlary-da uly kömek edipdir. Suratlar “Sözsüz tankyt”, “Sözsüz zarba” diýen sözbaşylarda berlipdir. Žurnalyň sahypalarynda ýerleşdirilen suratlar her hili oňaýsyz hadysalaryň häsiýetine, berýän zyýanyna garap, dürli

çeperçilik serişdeleri bilen: ýigrenç döredýän şekilde, ýumşak ýumor şekilinde, gynanç döredýän şekilde tankytlapdyr.

"Tokmak" žurnaly özüniň ýiti sözi we täsirli suratlary bilen ilatyň arasynda derrew meşhur bolup ugrapdyr. Emma şunuň bilen birlikde, ilkibaşda žurnalyň sahypalarynda "gülki" perdesi astynda, hiç bir serden ýüz çydamajak wejera ýaňramalara, paýyş sözlere, hatda ideýa taýdan durnuksyz, syýasy taýdan zyýanly çykyşlara-da ýol berlen halatlary bolupdyr. Şonuň üçin 1925-nji ýylyň 17-nji aprelinden "Tokmak" žurnalynyň hem-de "Türkmenistan" gazetiniň redaktorlygyna wagtlaýynça G. Husaýnow bellenilýär.

Žurnalyň 1925-nji ýylyň 4-nji martynda çykan ikinji sanynda we şondan soňky sanlarynda "Hepdede bir gezek çykýar" diýlip görkezilipdir. Emma hakykatda bolsa, iki hepdeden bir gezek çykypdyr. 1926-njy ýylda žurnalyň çykyşy çaltlanyp, ýylyň dowamynda 37 sany çap edilipdir.

1927-1930-njy ýyllarda "Tokmak" žurnalynyň her ýylda orta hasap bilen 38-47 sany çykyp, tiražy 2500-3000 ekzemplýara ýetipdir. 1930-njy ýylyň ortasyndan başlap, 'Tokmak" žurnaly her bäş günde bir gezek çykyp ugraýar.

1932-nji ýylyň 11-nji dekabryndan "Tokmak" žurnalynyň möçberi ulalyp, bir çap listi bolýar, her aýda iki gezek çykyp başlaýar. Mollamurt, B.Kerbabaýew, Ýakup Nasyrly, Garaja Burunow, Ata Köpekmergen, Ata Salyh, Durdy Agamämmedow, Berdi Soltannyýazow "Tokmak" žurnalynyň sahypalarynda çykyş eden irki awtorlardyr.

Žurnalyň tiražy 1936- 1940-njy ýyllarda 9000-10000 ekzemplýara ýetipdir.

"Tokmak" žurnaly Beýik Watançylyk urşy döwründe birnäçe ýyl çykman, uruşdan soň ýene-de neşir edilmäge başlandy.

"Bolşewik" žurnaly. Bu žurnal TK(b)P MK-nyň organy. Onuň birinji we ikinji sanlary birikdirilip (goşalandyrylyp) 1925-nji ýylyň sentýabr- oktýabr aýlarynda çykarylypdyr. Žurnalyň şol sanynda: "Partiýa yollaryny öwredýän aýlyk syýasy, jemgyýetçilik, ylmy žurnal" diýlip görkezilipdir. Onuň şu goşa sanynyň möçberi 7 çap listi töweregi, tiražy 1500 ekzemplýar. Redaktory H. Sähetmyradow bolan.

Žurnalda “Umumy bölüm”, “Ýer- suw reformasy”, “Gündogar ülkelerinde soňky syýasy ahwal”, “Türkmenistanda şura gurluşygy” diýen ýaly esasy bölümler bolupdyr. Şol ýylyň ahyrynda çap edilen sanlaryna “Magaryf we medeniýet”, “Goşçular”, “Profsoýuz” bölümleri-de girizilipdir.

“Bolşewik” žurnaly wagtly-wagtynda çykmandyr. Bu ýagdaý 1928-1929-njy ýyllarda-da gaýtalanypdyr. Žurnal 1930-njy ýylyň başyndan wagtly-wagtynda çykyp ugraýar. Şol ýylyň ortalaryndan žurnal aýda iki gezek çykyp başlaýar, möçberi hem 3 çap listi töweregi bolýar.

1933-nji ýylda žurnalyň möçberi 3 çap listi bolup, ýylda 12 sany çykmaly diýlip bellenilýär. “Bolşewik” žurnaly tä 1952-nji ýylyň aýagyna çenli şol at bilen neşir edilip, 1953-nji ýylyň başyndan (1-nji sanyndan) “Türkmenistan kommunisti” diýen at bilen neşir edilip ugraldy.

**“**Turkmenowedeniýe” žurnaly. Bu žurnal Türkmenistan MIK-niň ýanyndaky Taryh-ülkäni öwreniş komitetiniň organy. Onuň 1-nji sany 1927-nji ýylyň sentýabr aýynda rus dilinde çykypdyr. Onuň möçberi uly formatly, 44 sahypadan ybarat, tiražy 2000 ekzemplýar bolupdyr. Žurnal aýda bir gezek çykmaly diýlip bellenipdir. Žurnalyň jogapkär redaktory W. Karpyç.

“Turkmenowedeniýe” žurnalynyň 1-nji sanynda ýerleşdirilen “Biziň žurnalymyzyň programmasy” diýen redaksion makalada žurnalyň öz öňünde aşakdaky üç wezipäni goýýandygy görkezilýär: “Birinji wezipe: Türkmenistanda bar bolan ülke öwreniş güýçleriniň ählisini guramak we žurnalyň töweregine jebisleşdirmek… Ikinji wezipe: Türkmenistany öwreniş işine täze güýçleri çekip, olary terbiýelemek… Üçünji wezipe: Türkmenistanyň ylmy, syýasy we hojalyk-medeni problemalaryna SSSR-iň ähli alymlarynyň üňsüni çekmek”.

Žurnalda çap edilen materiallar-da şu aşakdaky bölümler boýunça ýerleşdirilipdir: “Ýol görkeziş we metodologiki makalalar”, “Taryh”, “Adam we Türkmenistanyň tebigaty”, “Türkmenistanyň ykdysadyýeti”, “Türkmenistanyň medeni gurluşygy”, “Gündogarda”, “Türkmenistany öwrenijiniň gündeligi”, “Bibliografiýa”, “Okyjylar bilen hat alşyk”.

“Turkmenowedeniýe” žurnaly dürli temadaky fotosuratlar bilen bezelýärdi, mundan başga etýutlar, kartalar, diagrammalar hem berilýärdi. Žurnal özüniň 1-nji sanynda görkezilişi ýaly, her aýda bir gezek, wagtly-wagtynda çykyp durupdyr.

Onuň 2-3-nji (goşa) sany 1927-nji ýylyň oktýabr-noýabr aýlarynda, 4-nji sany şol ýylyň dekabrynda çykypdyr.

“Turkmenowedeniýe” žurnalynyň redaksiýasy žurnaly neşir etmäge girişmek bilen, okyjylara, edaralara we aýry-aýry hünärmenlere, ýolbaşçy işgärlere, intelligensiýanyň dürli gatlaklarynyň wekillerine hat iberip, şol hatda žurnalda beýan edilmäge niýetlenen birentek meseleler görkezilipdir hem-de şol meseleleriň haýsylarynyň ýa-da şol hatda görkezilmedik başga haýsy meseleleriň beýan edilmegini isleýändigini redaksiýa habar etmekleri haýýş edilipdir, Netijede 78 sany jogap haty gelip, şolarda 192 sany mesele öne sürlüpdir.

1928-nji ýylyň başyndan “Turkmenowedeniýe” žurnaly Türkmenistan HKS-niň ýanyndaky Türkmen medeniýeti institutynyň organy bolýar. Žurnalda “Türkmenistanyň medeni gurluşygy” diýen bölüm giňeldilip, ýurt hakynda çeper ýazylan materiallar, şygyrlar çap edilip ugralýar we žurnal okyjylar köpçuligine has ýakynlaşar ýaly edilip üýtgedilýär. Elbetde, bu üýtgeşmeler žurnalyň taryhy-ülke öwreniş esasyna päsgel bermez ýaly derejede edildi.

“Turkmenowedeniýe” žurnaly 1930-1931-nji ýyllarda “Syýasat, medeniýet, ylmy-barlag işi we ülkäni öwreniş žurnalyna” öwrülýär. Onda esasan: “Umumy-syýasy”, “Halk hojalygy problemalary”, “Biziň tribunamyz”, “Ylmy-barlag işi”, “Ülkäni öwreniş işiniň wezipeleri,” “Arhiwler näme barada gürrüň berýär (taryh)”, “Sungat frontuny giňeldeliň”, “Türkmenistan çeper edebiýat eserlerinde”, “Arheologiýa” diýen ýaly bölümler bolupdyr. Mundan başga žurnalyň soňunda “Bibliografiýa” hem berilipdir.

1932-nji ýylyň başyndan “Turkmenowedeniýe” žurnaly “Za sosialistiçeskuýu Turkmeniýu” diýip atlandyrylýar we ol Türkmenistan ylmy-barlag institutynyň organyna öwrülýär.

1930-1931-nji ýyllarda žurnalyň redaktory I.Ustalyý, 1931-nji ýylyň aýagyndan başlap bolsa G.Weselkow bolýar. Žurnalyň iň

soňky (5-6-7-nji) üçem sany 1932-nji ýylyň maý-iýun aýlarynyň hasabyna çykypdyr.

## Türkmen radiosynyň döreýşi hem ösüşi

1. Türkmen radiosynyň döreýşi.
2. Radiogepleşikleriň hil taýdan gowulanmagy.

Habar beriş serişdeleriniň giň ýaýaran görnüşleriniň biri-de radiodyr. Radio uzak ýerlere habar bermek üçin iň ygtybarly serişde. 1917-nji ýyldan soň, ozalky SSSR-iň ähli ýerlerinde radioeşitdiriş işleri alnyp baryldy.

Türkmenistanda radiogepleşik işleriniň gözbaşy “Radiosöýüjileriň” jemýetin-den alyp gaýdýar. Bu özboluşly gurama 1926-njy ýylyň ýanwar aýynda döredilýär. Şol wagt Aşgabatda radiostansiýany gurmak meselesi-de çözülýär. Radiostansiýanyň gurluşygyny maliýeleşdirmek, onuň alnyp barlyşyna gözegçilik etmek üçin “Türkmenradio” jemgyýeti döredilýär. Ilatly ýerleri radio enjamlary bilen üpjün etmek hem bu jemgyýetiň esasy wezipeleriniň biri bolýar.1927-nji ýylyň noýabr aýynyň başlarynda radiostansiýanyň gurluşygy tamamlanýar. Türkmenistanda ilkinji radiogepleşigi berlip başlanýar. Gepleşigi radiosöýüjilriň hemmesi höwes bilen diňläpdir.

“Gepleýär Aşgabat!”- bu sözler ilkinji gezek Türkmenistanyň paýtagtynda işe girizilen radiostansiýadan 80 ýyl mundan ozal ýaňlanypdyr.

Gepleşikler ilkibaşda gije-gündiziň dowamynda 6 sagatdan hepdede 6 gün berilýär. Gepleşikler türkmen, rus, azerbaýjan, pars dillerinde bolupdyr.

Ähli döwürde döwlet syýasatynyň wagyzçysy bolan radio özüniň işe başlan wagtyndan bäri her bir adamyň durmuşyna, ýaşaýşyna ymykly ornaşdy, ynamdar we ýakyn dostuna, gündelik wakany beýan edýän habarçysyna, medeniýetli dynç alşyň guramaçysyna öwrüldi.

Arhiw resminamalaryndaky maglumatlaryň şaýatlyk etmegine görä, Aşgabatda ilkinji gezek Moskwanyň sesi 1927-nji ýylyň 7-nji noýabrynda ozalky Karl Marks meýdançasynda ýaňlanypdyr. Şol gezek Moskwanyň Gyzyl meýdançasynda geçirilen baýramçylyk dabarasyndan reportaž eşitdirilipdir. Ilkinji ýyllarda rus dilindäki gepleşikler bir günde 6 sagat berlipdir. Gepleşikleriň Moskwadan eşitdirilmegi bilen birlikde, Türkmenistanyň radiogepleşikleriniň ýaýlyma (efire) göýberilişi artdyrylyp başlanýar.

1935-nji ýylda Aşgabadyň radiogepleşikler stansiýasynda has kuwwatly alyp eşitdiriji enjam oturdylýar. Şunlukda, radiostansiýa giň gerim alyp ugraýar. 1940-njy ýyla çenli şäherlerde we etrap merkezlerinde radiouzeller gurnalýar.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda türkmen radiosy uly işleri bitirýär. Şäherleriň we obalaryň adamlary her gün Moskwadan sowet informasion býurosynyň frontdaky ýagdaý baradaky maglumatyny hem-de "Tyl-fronta" diýen gepleşigi eşitmäge mümkinçilik tapýar. Özleriniň gymmat bahaly şaý-seplerini Goranma fonduna tabşyran türkmen zenanlarynyň watançylyk başlangyjy hem radio arkaly tutuş halka ýetirildi.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda radionyň diktorlar düzümi-de kämilleşdi. Ýazyjy Arap Gurbanow uruş ýyllarynda radioda diktor bolup işleýär.

Ol radioda türkmen ýazyjysydyr şahyrynyň Watan hakyndaky goşgularyny, çeper kyssa eserlerini özüniň labyzly sesi bilen okaýar."Sowinformyň habarlaryny
türkmen dilinde ilata ýetirenem, uruşda gazanylan Beýik Ýeňiş baradaky şatlykly habary radioda okanam diktor Arap Gurbanowdy.

## 30-njy ýyllaryň başlarynda türkmen metbugatynyň ýagdaýy

1. Milli žurnalistleriň taýýarnylyşy.
2. Ilkinji etrap gazetleri.
3. Pars dilindäki neşirler.

30-njy ýyllaryň başlarynda ýurtda merkezi hem pudaklaýyn neşirlere üns berlip başlandy we olaryň üstüne täze wezipeler ýüklenildi. Respublikanyň hökümeti metbugat organlarynyň öz üstlerine ýüklenen wezipeleri berjaý etmekleri üçin olara amatly ýagdaý döretmek barada çäre görýärdiler.

Bu jähtden gazetleriň redaksiýalaryna ýeterlik mukdarda işgärler ştatyny bermegiň aýratyn ähmiýeti bardy. Sebäbi degişli ştat bolmasa, gazetleriň redaksiýalaryna taýýarlykly edebi işgärleri çekmek mümkin däldi.

Şonuň üçin hem 1930-1932-nji ýyllarda respublikanyň metbugat organlarynyň işgärler ştaty ep-esli artdyryldy. 1930-njy ýylyň 26-njy ýanwaryndan "Türkmenistan" hem-de "Turkmenskaýa iskra" gazetleriniň redaksiýalarynyň ikisiniň ştatyna bilelikde bäş sany ýörite habarçy wezipesi girizildi we ol habarçylaryň ýurduň çarwaçylyk sebitlerine hyzmat etmelidikleri hökmany borç hökmünde görkezildi.

1930-njy ýylyň 12 iýulyndan "Türkmenistan" gazetiniň redaksiýasynyň ştaty 31 adam boldy, ýagny 1929-njy ýyldakysy bilen deňeşdirilende, tas iki esse diýen ýaly artdy. Redaksiýasynyň ozalky üç bölüminiň ýerine ýedi bölüm (köpçülik, işçiler durmuşy, partiýa, kolhoz, işçi-daýhan habarçylary, çeper edebiýat we aýallar, harby bölümler) döredildi, 4 sany ýörite habarçy, bir sany edebi kätip wezipeleri girizildi, edebi terjimeçeleriň, reportýorlaryň sany köpeldildi.

"Daýhan" gazetiniň redaksiýasynyň ştaty 9 adam boldy, ýagny 1928-nji ýyldakysy bilen deňeşdirilende üç esse artypdy. "Ýaş kommunist" gazetiniň redaksiýasynyň ştaty 10 adama ýetdi. "Zähmet" gazetiniň redaksiýasynyň ştaty 2 adam. "Gyzyl goşun" gazetiniňki 3 adam boldy.

Žurnallaryň ştaty:"Tokmak"- 4 adam. "Bolşewik"- 1 adam, "Türkmen medeniýeti" – 1 adam, "Täze oba" – 1 adamdy.

1932-nji ýyldan respublikanyň milli metbugat organlarynyň redaksiýalarynyň işgärleri has hem köpeldildi. Meselem, "Şuralar Türkmenistany" (ozalky "Türkmenistan") gazetiniň redaksiýasynyň ştaty 50 işgärden, "Ýaş kommunist" gazetiniň redaksiýasynyň ştaty

16 işgärden ybarat boldy. Žurnallaryň redaksi-ýalarynyň ştaty-da az-kem köpeldildi.

Emma metbugat organlarynyň redaksiýalaryna gerekli mukdarda işgärler ştatynyň berilmegi meseläniň diňe bir tarapydy. Onuň has möhüm we kyn tarapy metbugat işgärlerini taýýarlamakdy. Gazet işgärlerinden edilýän talabyň has ösendigini göz öňünde tutmak bilen, gazetleriň redaksiýalarynyň esasy işgärleriniň dürli okuwlarda hünärlerini yzygiderli kämilleşdirmek, täze gazet işgärlerini taýýarlamak, işçi- daýhan habarçylaryndan metbugat işgärlerini ösdürip ýetişdirmek boýunça ençeme çäreler bellenildi.

Respublikada metbugat işgärleriniň ýetmezçiligi 1930-njy ýylda okruglaryň ýatyrylmagy bilen etrap gazetleriniň giň setini döretmeli bolanda has-da ýüze çykdy. Şol sebäpli okruglar ýatyrylandan soň, birbada etrap gazetlerini döretmek mümkin hem bolmady.

Etrap gazetlerini döretmek üçin degişli metbugat işgärlerini taýýarlamak maksady bilen, 1930-njy ýylda gazet işgärleriniň 30-synyň bir ýyllyk okuwy guraldy. Bu okuwa işçi-daýhan habarçylary kabul edilip, mugallymlar bilen üpjün etmegi guramak hem "Türkmenistan" gazetiniň redaksiýasyna tabşyryldy.

Şunuň bilen birlikde, 1930-njy ýylyň güýzünde birnäçe adam Daşkentde – Orta Aziýa Kommunistik uniwersitetiniň (SAKU) gazet bölümine okuwa iberildi. Okuwa iberilenleriň arasynda soňra görnükli ýazyjy bolup ýetişen Hojanepes Çaryýew hem bardy. 1931-nji ýylyň ýanwarynda respublikan sowet-partiýa mekdebiniň gazet bölümine goşmaça 20 adam kabul edilýär.

Munuň daşyndan, "Türkmenistan" gazetiniň redaksiýasyna öňümçilik we kolhoz-sowhoz gazetleriniň redaktorlarynyň alty aýlyk okuwyny guramaklyk teklip edilipdir. Orta Aziýa Kommunistik uniwersitetiniň (SAKU) gazet bölümine respublikadan 1931-1932-nji okuw ýylynyň başynda okuwa gitmek üçin saýlanyp alnan adamlary-da öňünden şol alty aýlyk okuwda taýýarlamak "Türkmenistan" gazetiniň redaksiýasyna tabşyrylypdyr.

Şunuň bilen birlikde, "Türkmenistan"gazetiniň we beýleki milli neşirleriniň redaksiýalaryna, özleriniň ştatdaky edebi işgär

wezipeleriniň azyndan 20%-ne işçi-daýhan habarçylaryny işe almaklyk teklip edilýär.

1931-nji ýylda respublikan sowet-partiýa mekdebiniň ýanynda gazet işgärlerini taýýarlaýan bir ýyllyk okuw açylyp, oňa esasan işçi-daýhan habarçylarynyň 40-sy okuwa alnypdyr. Okuwy gutaranlar respublikan we etrap gazetleriniň redaksiýalaryna işe iberilipdir.

Munuň daşyndan 1931-nji ýylda "Türkmenistan" gazetiniň redaksiýasynyň ýanynda üç aýlayk okuw guralyp, ony gutaranlar etrap gazetlerine işe ugradylypdyr. "Türkmenistan" gazetiniň redaksiýasy 1931-nji ýylda şol üç aýlyk okuwyň daşyndan ýene gazet işgärlerini taýýarlaýan aý ýarymlyk okuwy hem açýar. Bu okuwda 22 adam okapdyr. Okuwy tamamlanlarynyň bir bölegi etrap gazetlerine ugradylypdyr hem-de "Türkmenistan" gazetiniň redaksiýasynda galdyrylypdyr.

Gazet işgärlerini taýyarlamak üçin Türkmenistandan beýleki ýurtlaryň şäherlerine adam ibermeklik 1931-1932-nji ýyllarda-da dowam etdirilipdir. Şol ýyllarda Türkmenistandan Moskwadaky GZKU-da (Gündogar zähmetkeşleriniň komministik uniwersitetinde- 8 adam, Leningradyň žurnalistik institutynda 2 adam, Daşkentdäki OAKU-da (Orta Aziýa kommunistik uniwersitetinde)hem 7 adam okapdyr.

Türkmenistanda hem 1930-njy ýylda etrap gazetlerini neşir etmäge synanyşyk edildi. Şondan ozal respublikanyň käbir etraplarynda we okrug (welaýat) merkezlerinde birdir-ikidir gazet neşir edilen-de bolsa, olaryň neşir edilişi yzygiderli däldi. Şeýle gazetleriň diňe iki sanysynyň bolandygyny, ýagny 1925-nji ýylda Çärjewde (Türkmenabatda) az wagt dowamynda neşir edilen "Naş put" gazeti we 1928-nji ýylda Krasnowodskide (Türkmenbaşy) ondanam az wagt dowam eden "Krasnowodskaýa prawda" gazetiniň bolandygy şu işimiziň öňdäki bölümlerinde gürrüň beripdik.

Emma şeýle-de bolsa, milli hünärmenleriň ýetmezçiligi sebäpli, respublikada ilkinji etrap gazetlerini diňe 1931-nji ýylyň aprelinde neşir edip başlamak başar-
dypdy.

BK(b)P MK-nyň Orta Aziýa býurosynyň ispolkomissiýasy 1930-njy ýylyň 22-nji oktýabrynda Orta Aziýa respublikalarynda etrap gazetlerini guramak baradaky meselä garap, Türkmenistanda 1931-nji ýylda bäş sany etrap gazetini- Çärjewde (Türkmenabat), Maryda, Kerkide (Atamyrat), Daşoguzda, Gyzylarbatda (Serdar) neşir edip başlamagy belläpdir. Bu gazetleriň her biri hepdede azyndan 2 gezek çykmaly, tiražy 3 müňden 5 müň ekzemplýara çenli bolmaly edilipdir.

Şol döwürde etrap gazetlerini neşir edip başlamak üçin ençeme kynçylyklary ýeňip geçmeli bolnupdy. Sebäbi gazet işgärleriniň ýetmezçiligi-de, çaphana bazasynyň örän gowşakdygy-da gazet neşir etmekde köp kynçylyklary döredýärdi. Respublikada neşir edilmeli diýlip bellenilen ilkinji etrap gazetleri ahyry 1931-nji ýylyň aprelinde neşir edilip ugraldy. Olar Mary etrabynyň "Täze oba", Daşoguz etrabynyň "Täze güýç" we Kerkiniň (Atamyrat) "Pagtaçy" gazetleridir.

1931-nji ýylda ozal bar bolan etrap gazetleriniň daşyndan ýene-de Çärjewde (Türkmenabat), Gyzylaýakda, Gazanjykda (Bereket), Krasnowodskide (Türkmenbaşy), Saýatda, Dänewde, Gyzylarbatda (Serdar) täze etrap gazetlerini döretmek bellenilipdi. Şeýlelikde, 1931-nji ýylda respublikada etrap gazetleriniň 10-sy neşir edilipdir. 1932-nji ýylda-da Baýramalyda "Täze ýol", Farapda "Zarpçy", Garabogazkölde "Garabogazyň jumusçysy" etrap gazetleri neşir edilip başlanypdyr.

Respublikanyň merkezi gazetleri etrap neşirlerine özleriniň tejribe kömegini berip durupdyrlar: gazetiň çykyşy dogrusynda syn ýazypdyrlar, işgär meselesinde kömek edipdirler. Şol döwürde diňe "Türkmenistan" gazetiniň redaksiýasy özüniň alty sany işgärini respublikanyň ilkinji etrap gazetlerine işe iberipdir.

Respublikada etrap gazetleri ilki neşir edilmäge başlanan wagtlarynda, ýagny 1931-1932-nji ýyllarda etraplaryň köpüsinde çaphana ýokdy. Etrap gazetleri okrug merkezlerindäki çaphanalarda çap edilýärdi. Ol ýerlerde-de etrap gazetleriniň 5-10-sy çykarylýardy. Bu ýagdaý etrap gazetleriniň wagtly-wagtynda çykyp durmagyny, ýokary hilli çap edişi üpjün etmeýärdi. Şu ýagdaýlary nazara alyp, respublikada çaphana işgärlerini (harp ýygnaýjylary, çapçylary)

taýýarlamaga üns berlip başlandy. Etrap merkezlerindäki çaphanalaryň, şunuň bilen birlikde, Aşgabatdaky tipografiýanyň maddy-tehniki bazasyny pugtalandyrmakda ep-esli işler durmuşa geçirildi. 1932-nji ýylda Aşgabatda poligrafkombinat gurlup başlanýar.

## Pars dilinde neşir edilen gazetler

30-njy ýyllaryň başynda az milletleriň dillerinde aýry-aýry gazetler neşir edilip başlandy. “Baýragy Surh” (“Gyzyl Baýdak”) we “Hakykat” gazetleri pars dilinde çykan neşirlerdi.

“Baýragy Surh” gazeti. Ol TK(b)P MK-nyň organy. Gazetiň 1-nji sany 1932-nji ýylyň 22-nji aprelinde çykypdyr. Gazetiň iň soňky sany 1933-nji ýylyň 31-nji dekabrynda çap edilipdir. Şondan soň bu gazetiň redaksiýasy “Hakykat” gazetiniň redaksiýasy bilen birleşdirilýär.

“Hakykat” gazeti. Ol TK(b)P MK-nyň, Türkmenistan MIK-niň, TSPS-iň organy. 1932-nji ýylyň maýýnda Mary şäherinde neşir edilip başlanýar. Hepdede iki gezek çykypdyr.

“Hakykat” gazetiniň hilini gowulandyrmak maksady bilen, 1933-nji ýylyň ahyrynda “Baýragy Surh” gazetiniň redaksiýasynyň işgärleriniň bir bölegi Aşgabatdan Mara “Hakykat” gazetiniň redaksiýasynda işlemek üçin iberilipdir. Şunuň bilen birlikde, gazetiň tiražyny köpeldip, onuň habarçylar setini giňeldip, Aşgabatda, beýleki şäherlerde hem obalarda ýaşaýan pars milletine metbugat hyzmatyny etmek “Hakykat” gazetiniň redaksiýasynyň üstüne ýüklenipdir.

Respublikanyň hökümeti “Hakykat” gazetiniň kadaly işlemegi üçin zerur bolan mümkinçilikleri döretmek barada-da aladalanypdyr. Redaksiýa we onuň işgärleri jaý we maddy hajatlar bilen üpjün edilipdir. Şeýle hem “Hakykat” gazetiniň redaksiýasy ýerli býujetden aýrylyp, respublikan býujete geçirilipdir.

Respublikan metbugat “Hakykat” gazetiniň işindäki kemçilikler, hususan-da rus dilinden terjime edilen materiallarda göýberilen ýalňyşyklar barada tankydy synlary yzygiderli berip durupdyr.

“Hakykat” gazetiniň iň soňky sany 1937-nji ýylyň 31-nji oktýabrynda çykypdyr.

## 30-njy ýyllardaky merkezi neşirler

1.30-njy ýyllarda “Şuralar Türkmenistany” hem
“Sowatlyk ugrunda göreş” gazetleri.
2. Gazetleriň tematikasy.

1.“Şuralar Türkmenistany” (“Türkmenistan”) gazeti. Redaksiýanyň ştatynyň köpeldilmegi bilen, gazetde täze-täze bölümler döredilýär. Eger 20-nji ýyllaryň ahyrynda redaksiýada diňe üç bölüm bolan bolsa, 30-njy ýyllaryň başynda bölümler ýedä ýetirilýär. Olar esasan köpçülik, işçiler durmuşy, partiýa, kolhoz, işçi-daýhan habarçylary, çeper edebiýat we aýallar, harby bölümlerden ybaratdyr.

Mundan başga-da, “Kolhozlaryň durmuşyndan”.”Türkmenistan” we “Turkmenskaýa iskra” gazetleriniň brigadalary kolhozda”, “Türkmenistan”, “Turkmenskaýa iskra” we “Prawda Wostoka” gazetleriniň brigadalary pagta ýygymyna taýyarlyk işlerini barlaýarlar” diýen rubrikalar girizilýär. Gazetiň göçme redaksiýasy döredilip, etraplarda onuň göçme sanlary neşir edilýär. Mysal üçin, Mary etrabynda “Pagta üçin”, Çärjewde (Türkmenabat) “Turkmenskaýa iskra” gazeti bilen bilelikde “Kolhoz”, “Garabekewüliň kanal gurluşygynda” göçme sanlary neşir edilipdir.

1931-nji ýylda ýörite guralan “Nesihatçylar otlusy” örän täsirli bolupdyr. “Nesihatçylar otlusy” 3 wagondan ybarat bolup, onda 18 sany brigada bolupdyr. Brigadanyň düzüminde jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, medeniýet işgärleri, kolhozlaryň ýolbaşçylary, hünärmenler – jemi 150 adam bolup, olar etraplara ýekän-ýekän aýlanypdyrlar. Ýerlerde dürli çäreler geçirilip, kemçilikleriň üsti açylypdyr hem-de netijesi gazetde beýan edilipdir.

Gazet edebiýat we sungat meselesine köp üns berýär. Gazetde türkmen ýazyjylarynyň eserleri yzygiderli çap edilýär. Gazet türkmen

ýazyjylarynyň birenteginiň, esasan-da B.Kerbabaýewiň, G. Burunowyň, A. Nyýazowyň, B.Soltannyýazowyň we beýlekileriň ilkinji halypasy - mugallymy bolupdyr.

- Edebiýat älemine gadam basmagymda bolsa “Türkmenistan” gazeti meniň ilkinji mekdebimdi. Diňe meniň däl, ençeme başlangyç ýazjylary edebiýat ýodasyna bakan gönükdiren “Türkmenistan” gazetidi. Özge ýazyjylaryňky bilen bir hatarda, meniň hem ilki goşgularymy, poemalarymy, oçerklerimi, hekaýalary-

My, hatda “Aýgytly ädim” romanynyň ilkinji böleklerini öz okyjylaryna ýaýradan, meni olara tanadan-da şol gazetdi – diýip, B. Kerbabaýew özüniň ýatlamasynda ýazypdyr.

Edebiýat meýdanyna ýigriminji ýyllaryň aýaklaynda – otuzynjy ýyllaryň başlarynda girişip ugran Durdy Agamämmedowyň, Hoja Şükürowyň, Agahan Durdyýewiň, Nurmyrat Saryhanowyň, Oraz Täçnazarowyň, Hojanepes Çaryýewiň, Şaly Kekilowyň, Aman Kekilowyň we beýleki ýazyjylaryň käbiriniň döredijiliginiň kämilleşmeginde “Türkmenistan” gazetiniň roly uly. Halk şahyrlary Mollamurtuň, Durdy Gylyjyň we Ata Salyhyň döredijiligi hem şu gazet bilen berk baglanyşykly.

1930-njy ýylda gazetiň redaksiýasynyň işgärleriniň sany-da artdy. Eger 1929-njy ýylda redaksiýanyň ştatynda 16 adam bolan bolsa, 1930-njy ýylda ol san 31-e ýetýär. 1932-nji ýylda redaksiýanyň ştaty has-da köpeldilip, 50 adama ýetirilýär.

Halk köpçüligi bilen aragatnaşygy gowulandyrmak maksady bilen gazetde ýörite “Türkmenistan” jogap berýär” rubrikasy girizilýär. Rubrikada zähmetkeşleriň dürli sowallaryna jogap berilýär. “Şuralar Türkmenistanynyň” kada-kanun bölümi jogap berýär” diýen bölümde iş haky, medeni we sosial meseleler baradaky sowallara jogap tapmak bolýardy.

Gazetde “Telegraf habarlary” rubrikasy bilen daşary ýurt habarlary, “Gazete syn” rubrikasy bilen etrap gazetlerine syn yzygiderli çap edilipdir.

1932-nji ýylyň 22-nji fewralyndaky 44-nji sanyndan başlap, gazet “Şuralar Türkmenistany” ady bilen çykyp ugraýar. Gazetiň şol sanynda “Şuralar Türkmenistany” diýen makala ýerleşdirilip, onda şeýle diýilýär: “Oba hojalygy… çalt depgin bilen täze mehaniki

esasa geçýär. Şu 1932-nji ýylda täze maşyn-traktor stansiýalary düzülýär… Üýtgeşikleri senagat işlerinde hem görmek bolýar. Ekerançylyk Türkmenistanynyň senagatçylyk Türkmenistanyna öwrülmegi bilen biziň “Türkmenistan” gazetimiziň ady… täze gurluşygyň depginine we mazmunyna laýyk däl. Şoňa görä-de, “Türkmenistan” gazetiniň adynyň “Şuralar Türkmenistany” diýlip üýtgedilmegi dogrudyr we öz wagtyndadyr”.

1932-nji ýylyň fewralynyň aýaklarynda “Şuralar Türkmenistany” gazetiniň redaksiýasynyň ýanynda “Hasyl üçin göreş” geňeşi döredilýär. Geňeşiň maksady agronomçylyk çärelerini düşündirmekden we bu işde gazanylan üstünligi köpçülige ýetirmekden, zähmetkeş daýhanlaryň gazanan netijesini beýan etmekden ybaratdy. Bu geňeş ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmak meselesine degişli her hili sowallara gazet sahypalarynda jogap beripdir.

Gazet işçi-daýhan habarçylary hakynda yzygiderli alada edip başlaýar. “Habarçýlar ýoldaşy” diýen sahypanyň ýerine “Habarçylar sahypasy”döredilýär. H. Çaryýewiň “Işçi-daýhan habarçysy we onuň wezipesi” diýen kitaby 1932-nji ýylda türkmen dilinde neşir edildi.

Gazetiň 1935-nji ýylyň 2-nji aprelinde çykan sanynda: “Her bir zähmetkeş fotonyň tehnikasyny ele almalydyr” diýen sözbaşyly ýörite sahypa berilýär. Sahypada fotogurnaklaryň açylýandygy, hut milli metbugatyň ýanynda fotohabarçylar gurnagynyň işläp başlandygy aýdylýär, Sahypada fotosurat ýerleşdirilip, onda redaksiýanyň işgärlerinden A. Geldiýewiň, D. Agamämmedowyň, H. Durdyýewiň, G.Myradowyň, A Togalakowyň gurnaga işeňňir gatnaşýandygy nytgalýar.

Şol ýylyň 27-nji iýulynda gazetiň 15 ýyllygy bellenilýär. Gazetiň ýubileýe bagyşlanyp çykarylan ýörite sanynda “15 ýyl” diýen baş makala çap edilýär. Baş makalada milli gazetiň geçen ýoly, öňde duran wezipeler hakynda gürrün berilýär.

1935-nji ýylda gazetde “Aşgabat-Moskwa” atly ýörişi hakyndaky habarlar yzygiderli çap edilýär. Atly ýörişe “Turkmanskaýa iskra” gazetiniň habarçysy N. Putilin gatnaşýar. Atly ýörişiň hormatyna Moskwada (27-nji awgust), Aşgabatda (13-nji sentýabr) bolan dabaralara bagyşlanylyp, ýörite sahypalar berilýär.

1936-njy ýylyň 30-njy martynda çykan 74-nji sanyndan başlap, “Şuralar Türkmenistany” gazetiniň ady üýtgedilip, “Sowet Türkmenistany” bolýar.

1936-njy ýylda türkmen gyzlarynyň Çärjew – Aşgabat aralygynda atly ýörişi geçirilýär. Gazetiň 15-nji fewralda çykan sanynda “Türkmen halkynyň edermen gyzlary” sözbaşysy bilen atly ýörişe gatnaşyjy gyzlaryň özleri hem-de kolhozlary hakynda beren gürrüňleri beýan edilýär. Kerki – Aşgabat atly ýörişine gatnaşan gyzlar hakynda-da materiallar çap edilipdir.

Gazet özüniň 1936-njy ýylyň 6-njy oktýabrynda çykan sanynda Krasnowodsk – Moskwa taýmylly ýörişiň üstünlikli ýerine ýetirilendigini habar berýär. Gazetde respublikanyň ýolbaşçylarynyň taýmylly ýörişiň serkerdesine we syýasy ýolbaşçysyna gutlagy ýerleşdirilýär.

1938-1939-njy ýyllarda gazetiň tiražy 35-40 müň ekzemplýar töweregi bolup, gazet uly formatly, göwrümi dört sahypadan ybaratdy. Gazet her günde (guşenbe gününden başga günlerde) çykýardy. Redaksiýada partiýa durmuşy, oba hojalyk, medeniýet we durmuş, sowet gurluşygy we söwda, senagat, köpçülik, işçi-daýhan habarçylar bölümleri bardy.

“Sowatlylyk ugrunda göreş” gazeti. Otuzynjy ýyllaryň ortalarynda respublikada sowatsyzlygy ýok etmek işi örän giň gerim bilen ýaýbaňlandyrylyp, şol işe ýolbaşçylyk etmegiň başga görnüşleriniň daşyndan metbugat arkaly ýolbaşçylyk etmegiň-de zerurlygy döräpdi.

Likbez we çalasowatlylar mekdeplerinde okap ýören ýa-da olary okap gutaran adamlaryň gaýtadan sowatsyzlanmagynyň öňüni almak we sowadyny şondan beýläk-de berkitmek üçin olary gyzyklandyrýan, düşnükli, sada dilde, uly şrifler (harplar) bilen çap edilen materiallary birsyhly okap durmaklaryny gazanmak gerekdi. Elbetde, beýle materiallary operatiw çykyp duran gazet üsti bilen bermek mümkindi.

Likbez we çalasowatlylar mekdeplerinde okuwçylary okadýan mugallymlara hem-de medeni esgerlere operatiw ýolbaşçylygy, kömegi, aýratyn-da usulýet meseleleri baradaky kömegi diňe gazet arkaly bermek zerurdy.

Şeýlelikde, respublikada sowatsyzlygy ýok ediş meselelerine degişli ýörite metbugat organyny döretmek zerurlygy hem ýüze çykypdy. Şonuň üçin-de ýurduň hökümeti uly ýaşly ilat arasynda sowatsyzlygyň gaýtadan emele gelmeginiň öňüni almak çäreleriniň biri hökmünde ýörite metbugat organynyň neşir edilmegini dogry hasaplady.

Şeýle neşir 1936-njy ýylyň awgust aýynyň 17-sinde Aşgabat şäherinde türkmen dilinde çykyp başlan “Sowatlylyk ugrunda göreş” gazetidi. Bu gazet Türkmenistanyň Magaryf Halk komissarlygynyň organy bolup, hepdede bir gezek çykýardy. Onuň birinji sanynyň tiražy 10 müň ekzemplýardy. Orta formatly, göwrümi dört sahypadan ybaratdy.

“Sowatlylyk ugrunda göreş” gazeti bäş ýyllap neşir edildi, onuň iň soňky sany 1941-nji ýylyň awgust aýynyň 5-nde çykdy.

1936-1937-nji ýyllarda gazetde ýurduň umumy syýasy we hojalyk meselelerine, halkara ýagdaýyna degişli materiallar, respublikanyň halk magaryfyna, hususan-da sowatsyzlygy ýok ediş meselesine degişli umumy materiallar ýerleşdirilipdir.

Şol materiallaryň hemmesi diýen ýaly uly ýaşly çalasowat adamlary gyzyklandyrýardy, özi hem uly harplar bilen çap edilen gyzgajyk materiallardy. Çalasowat adamlar gazetde çap edilen materiallaryň köpüsini diýen ýaly okap bilýärdiler. Bu gazeti neşir etmekden düýp maksat hem şondan ybaratdy.

Sowatlylyk ugrunda göreş” gazeti şu esasy wezipesiniň daşyndan, respubli-kada sowatsyzlygy ýok etmekde wagyz-nesihat işi bilen bir hatarda, guramaçylyk we usulyýet işini hem belli bir derejede beýan edýärdi.

## 30-njy ýyllaryň başlaryndaky hem ortalaryndaky pudaklaýyn neşirler

1. “Gyzyl goşun”gazeti, “Kommunistler magaryfy” žurnaly.
“Kommunistler magaryfy” gazeti.
2. “Na relsah”, “Relsde” gazetleri, “Izwestiýa”, “Mugallyma kömek”,
“Agitatoryň bloknoty” žurnallary.

1928-nji ýylyň baharynda Aşgabat şäher milli goşun habarçylarynyň konferensiýasy bolupdyr. Konferensiýada gazet habarçylarynyň wezipeleri dogrusyndaky mesele bilen birlikde, diwar gazetleriniň işleri, “Türkmenistan” gazetinde çykarylýan “Ýurduň goranma işleri” bölümine goşun habarçylarynyň gatnaşyşy hakyndaky meselelere garalypdyr.

Konferensiýa türkmen milli atly goşun bölümleriniň syýasy bölümi bilen “Türkmenistan” gazetiniň “Ýurduň goranma işleri” bölüminiň habarçylary gatnaşypdyr.

Goşunyň türkmen milli bölümleriniň esgerlerine we serkerdelerine hyzmat eder ýaly hem-de respublikanyň zähmetkeşlerini harby bilim we düzgünler bilen tanyş edip durar ýaly türkmen dilinde ýörite harby gazetiniň neşir edilmek zerurlygy ýüze çykypdy.

Şeýle zerurlyk 20-nji ýyllaryň aýaklarynda has hem ýiti duýlupdy. Munuň şeýledigini goşun gullukçylary, esgerler we serkerdeler hem hygtap görkezýärdiler. Türkmen atly polkunyň ozalky esgeri, soňra görnükli türkmen ýazyjysy Nurmyrat Saryhanow 1929-njy ýylyň 29-njy dekabrynda “Türkmenistan” gazetinde çap edilen “Gyzyl Goşun” gazeti çykarylmasyna dileg bar” diýen makalasynda : “Ýaňy- ýakyndan başlap, “Türkmenistan” gazet edarasynyň öz teklip etmegi boýunça aýdamy ýa-da 15 gündenmi “Türkmenistan” gazetinde “Gyzyl Goşun” sahypasy çykarylyp durulmagy müwessa edilen bolsa-da, munuň hakyky bir çykarylýan wagty we okyjylary kanagatlandyrarlyk materiallar göýberilip durulmandygy sebäpli, bu-da biz diýen bolmady. Indiden başlap, “Gyzyl Goşun” gazetini çykarmaly. Çünki bizde oňa ýazylyp (esgerler we esger hyzmatyny gutaryp çykan ýigitler)  okajak, häli-şindi habar we makalalar ýazyp durjak esgerler bar. “Gyzyl Goşun” gazeti çykarylsa, ony material taýdan-da birkemsiz üpjün  edip durjak güýçlerimiz bar” diýip ýazypdyr.

<u>“Gyzyl Goşun”</u> gazeti 1930-njy ýylyň başynda neşir edilip başlanýar. Onuň 1-nji sany 1930-njy ýylyň 12-nji ýanwarynda çykypdyr. Ol TK(b)P MK, Türkmen atly goşun brigadasynyň syýasy bölümi we Merkezi Osoawihaimiň pikir ýaýradyjysy bolup, Aşgabat şäherinde aýda 6 gezek çykypdyr. Gazet kiçi formatly, möçberi  4

sahypadan ybarat bolupdyr. Gazetiň tiražy 3000 ekzemplýardy. Jogapkär redaktory Halmyradowdy.

Gazetiň 1-nji sanynda "Gyzyl Goşun" köpçüligiň guramaçysydyr" diýen redaksion makala çap edilip, onda gazetiň öňünde duran wezipeler sanalyp geçilýär. Bu gazet, bir tarapdan, "Giň zähmetkeşler arasynda goşunçylyk wagyz-nesihatyny ýöretmeli, Goşunyň gurluşyny, onuň durmuşyny ilata düşündirmelidir", ikinji tarapdan bolsa, "Obada pagtaçylyk programmasyny ýerine ýetirmek, oba zähmetkeşleri arasynda aň-bilim işlerini ýokary götermek we şulara meňzeşler babatynda ýol görkezijilik etmelidir" diýlip, redaksion makalada nygtalyp görkezilýär.

Gyzyl Goşun" gazetinde materiallaryň ýerleşdirilişi, takmynan şu aşakdaky ýaly bolupdyr:

1-nji sahypada. Möhüm mesele barada baş makala. Goşunçylyga çagyrylan ýaşlara harby tälim-terbiýesiniň berlişini düşündirýän materiallar. Daşary ýurtlarda bolýan täze möhüm wakalar barada gysgajyk habarlar.

2-nji sahypada. Goşun bölümlerinde ýaşlar durmuşy. Goşunçylyga alynmaly ýaşlar bilen geçirilmeli işler barada.

3-nji sahypada. Şeflik (goşun bölümleri bilen oba ilatynyň arasyndaky şeflik) işleri. Ýerlerde osoawiahim işleri.

4-nji sahypada. Harby mekdepleriniň işi. Kiçi serkerdeleriň taýýarlanyşy we olaryň işleýşi baradaky materiallar.

TK(b)P MK-nyň 1930-njy ýylyň 22 –nji iýunyndaky karary esasynda, harby işi ilatyň arasynda giňden ýaýratmak zerurlygy, köpçüligiň islegleriniň artandygy, milli goşun bölümleriniň hil taýdan ösüşi nazara alnyp, "Gyzyl Goşun" gazeti her bäş günde iki gezek çykarylyp başlandy.

"Gyzyl Goşun" gazeti 1932-nji ýylyň aýagyna çenli Aşgabat şäherinde neşir edilip, 1933-nji ýylyň başynda onuň redaksiýasy Mary şäherine geçirilýär.

1934-nji ýylda "Gyzyl Goşun" gazetiniň 300-den köpräk harby habarçysy bolup, redaksiýa günde 20-30 hat gelipdir. Gazetde her on günde bir gezek edebiýat sahypasy berlipdir. Harby gullukçylardan zehinli ýazyjylar N. Saryhanowyň, K. Işanowyň

eserleri bilen birlikde, halk şahyry Ata Salyhyň, ýaş ýazyjy G. Muhtarowyň we beýlekileriň çeper eserleri-de çap edilipdir. Gazet bu ýazyjy-şahyrlaryň döredijiliginiň kämilleşmeginde uly rol oýnapdyr.

“Gyzyl Goşun” gazeti 1937-nji ýyla çenli neşir edilipdir.

“Kommunistler magaryfy”. Mugallymlaryň arasynda terbiýeçilik işlerini gowulandyrmak we olaryň bilim derejesini ýokarlandyrmak meselesinde respublikada ýörite pedagogic žurnalynyň gerekdigi ýüze çykypdy. 20-nji ýyllaryň ahyrynda “Türkmen medeniýeti” we “Gyzyl ýol” žurnallary mugallymlaryň, aýratyn-da oba mugallymlarynyň zerurýetine öwrülipdi.

Respublikada ýörite pedagogic žurnaly neşir etmek meselesi 1931-nji ýylyň ortalarynda oňyn çözlüp başlanypdy. Türkmenistan Magaryf Halk komissarlygynyň geňeşiniň 1931-nji ýylyň 24-nji ýunynda bolan maslahatynda 1931-nji ýylyň iýul aýyndan “Kommunistler magaryfy” žurnalyny neşir edip başlamagy karar edipdir we onuň redaksion geňeşiniň düzümini (Agajanow, Atamyradow, Böriýew, Husaýnow we başgalar) tassyklapdyr.

Bu žurnal türkmen dilinde aýda bir gezek çykýan ylmy-pedagogik neşir bolup, onuň: “Pedagogika”, “Metodika” “Ýerlerden”, “Tankyt hem bibliografiýa”, “Umumy bölüm” diýen bölümleri bolmaly diýlip bellenilipdir.

Žurnalyň birinji sany 1931-nji ýylyň 25-nji iýulynda çykypdyr. Žurnalyň göwrümi 2,5 çap listi bolup, tiražy 3000 ekzemplýardy. Jogapkär redaktory S. Agajanowdy. Žurnal aýda iki gezek çykýar diýlip görkezilipdir.

Žurnalyň 1-nji sanynda: “Žurnalyň wezipesi mugallymlara ýolbaşçylyk etmekdir” diýlip aýdylýar-da, žurnalyň bölümleriniň sanawy berilýär.

Umumy bölümde: “Geçen okuw ýylynyň netijeleri we geljek okuw ýylyna taýýarlanylyşy”, “Halk hojalygynyň täzeden gurluş döwründe halk magaryfynyň käbir meseleleri”, “Kitap bilim çeşmesidir” diýen ýaly makalalar ýerleşdirilipdir.

Pedagogika – metodika bölüminde:

“Bir synpda iki ýyl oturmaga garşy niçik göreşmeli”, “Oba mekdeplerini__politehnikleşdirme näme?”, “Mekdep çagasynyň aýratyn ýagdaýy we onuň bilen_işlemegiň usuly”, “Başlangyç kolhoz

mekdepleriniň programmasyny düzmek hakynda” diýen makalalar bar.

Tankyt – bibliografiýa bölüminde:

“Bu günki türkmen edebiýaty hakynda”, “Täze türkmen edebiýatyny derňeýän brigada üçin materiallar-türkmen edebiýatynda aýallar azatlygy meselesi” diýen ýaly materiallar berlipdir.

Her hili habarlar bölüminde:

Türkmenistan ylmy-pedagogik instituty näme işleýär” diýen habar ýerleşdirilipdir.

Ýerlerden bölüminde: Žurnalyň ýakyn wagtlardaky sanlaryndan başlap mugallymlaryň we magaryf işgärleriniň iş tejribesini, mekdepleriň durmuşyny, işini şöhlendirmek göz öňünde tutulypdyr.

Şunuň bilen birlikde, 1932-nji ýylyň martyndan başlap, žurnalyň gurluşy birneme üýtgeýär. Žurnala indi şu aşakdaky bölümler girizilipdir: “Umumy bölüm”, “Ýerlerdäki tejribe bölümi”, “Edebiýat bölümi”, “Ýerlerden” (durli habarlar), “Umumy bilim bölümi” “Gaýbana okuw bölümi”, “Halk Magaryf komisarlygynyň ýol görkezijilikleri” bölümi. Žurnalyň käbir sanlarynda bulardan başga, “Ylmy bölüm” hem ýerleşdirilipdir.

Žurnal 1932-nji ýylda her aýda iki gezek neşir edilip, jemi 24 sany (goşa-goşadan) çykypdyr. 1933-nji we 1934-nji ýyllarda žurnal her aýda bir gezek neşir edilipdir.

Žurnalyň neşir edilmesi 1934-nji ýylyň ortasyna çenli dowam edipdir. Onuň iň soňky sany 1934-nji ýylyň maý-iýun aýlarynyň hasabyna çykypdyr.

Žurnal neşir edilen döwrüniň içinde mekdep barada, onuň işiniň döwrüň talabyna laýyk guralyşy barada , respublikanyň hökümetiniň çykaran kararlaryny ähli magaryfçylaryň arasynda wagyz etmekde örän möhüm işleri berjaý etdi.

“Kommunistler magaryfy gazeti.” “Kommunistler magaryfy” žurnaly 1934-nji ýylyň iýul aýynda ýapylansoň, şol ýylyň iýul aýynda “Kommunistler magaryfy” gazeti çykyp başlaýar. Onuň 1-nji sany 1934-nji ýylyň 21-nji iýulynda çykypdyr. Bu gazet Türkmenistan Magaryfy Halk komissarlygynyň we magaryf işgärleri birleşiginiň merkezi prawleniýesiniň organy. Gazet orta formatly,

göwrümi 4 sahypadan ybaratdy. Tiražy 5100 ekzemplýar. Gazetiň jogapkär redak-
tory D. Salyhowdy.

Gazetiň 1-nji sanynda “Gazet mugallymyň kömekçisi we dostudyr” diýen redaksion makala çap edilip, onda halk magaryf işine ýolbaşçylygy täze talaplara laýyk edip guramakda, Magaryf Halk komissarlygy bilen ýerli magaryf bölümleriniň aragatnaşygyny has berkitmekde, hakyky umumy bilim berýän mekdep ugrunda, ýokary medeniýetli mugallym ugrunda, çagalary terbiýelemek, uly ýaşly ilat arasynda sowatsyzlygy ýok etmek, hemmäumumy okuwy amala aşyrmak ugrunda bu gazetiň uly rol oýnamalydygy nygtalyp görkezilýär.

“Kommistler magaryfy” gazetinde materiallar şu aşakdaky ýaly tertipde ýerleşdirilipdir.

1-nji sahypada. Halk magaryfynyň we onuň dürli pudaklarynyň möhüm meseleleri boýunça baş makala. Türkmenistan Magaryf Halk komissarlygynyň buýruklary hem görkezmeleri. Dowam edýän okuw ýyly hem-de täze okuw ýylyna taýýarlyk meseleleri hakyndaky materiallar.

2-nji sahypada. Mugallymlaryň bilim we usulýet taýýarlygyny ýokarlandyrmak baradaky umumy görkezme häsiýetindäki materiallar. Respublikanyň dürli ýerlerinden medeni gurluşyk we magaryf işleri barada ýazylan materiallar.

3-nji sahypada. Goşun hataryna çagyryljak ýaşlary taýýarlamak meselesine degişli materiallar. Ýerlerde magaryf we mekdep durmuşy hakyndaky habarlar.

4 –nji sahypada. Daşary yurt habarlary. Ýurtdaky räzelikler. Täze çykan kitaplar hakyndaky maglumatlar. Bildirişler.

Elbetde, gazetiň žurnala garanda has operatiw neşirdigi jedelsizdir. Şonuň üçin “Kommunistler magaryfy” gazeti birentek meseleleri žurnala garanda çalt şöhlelendirip bilýärdi. Aýratyn-da, her dürli resminamalary: kararlary, buýruklary, görkezmeleri, ýüzlenmeleri örän operatiw çap edýärdi. Munuň daşyndan mugallymlar ücin usuly kömek bolup biljek materiallary-da çap edýärdi. Ýerlerde bilim işgärleriniň işini derňeýän, aýry-aýry mugallymlaryň iş tejribesini görkezýän materiallaram berilýärdi.

Gazetiň redaktorlary tiz-tizden çalşyrylyp durlupdyr. Gazet çykyp başlanda, onuň redaktory D. Salyhow bolup, soňky döwürlerde A. Annanurow, E.Jürmene-
kow redaktor bolýarlar.1935-nji ýylyň fewralyndan ýene D. Salyhow, soňra B.
Hangeldiýew redaktor bolýarlar.

Elbetde, bu ýagdaýyň özi gazetiň hiline erbet täsir edipdir.. Materiallarda gödek syýasy ýalňyşyklara, bulaşyklyklara, nädogry terjimelere ýol berlipdir.

“Kommunistler magaryfy” gazetiniň iň soňky sany 1935-nji ýylyň 29-njy iýulynda çykypdyr.

“Na relsah” gazeti. Bu gazetiň döremegi Aşgabat demir ýolunyň guralmagy bilen baglanyşyklydyr. Onuň 1936-njy ýylyň 1-nji iýulynda çykan ilkinji sanynyň birinji sahypasynda uly harplar bilen: “Düýn sagat 18-de Aşgabat demir ýoly işe girizildi” diýlip ýazylypdyr

Diýmek, Orta Aziýa demir ýolunyň düzüminden bölünip, özbaşdak bolan Aşgabat demir ýoly 1936-njy ýylyň iýun aýynyň 30-nda işe başlapdyr.

“Na relsah” gazeti täze guralan demir ýoluň syýasy bölüminiň organy. Ol Aşgabat şäherinde demir ýol müdirliginiň çaphanasynda (“Na relsah” çaphanasyn-
da) çap edilýär. Gazetiň möçberi uly formatly, 4 sahypadan ybaratdy. Şol wagtky tiražy 7000 ekzemplýardy. Ilkibaşda ony jogapkär redaktoryň orunbasary I.D. Uçaýew redaktirläpdir. Şol ýylyň 12 sentýabryndan başlap jogapkär redaktor N. Şapoşnikow redaktirleýär.

“Na relsah” gazeti Aşgabat demir ýolunyň köp müň işgärden ybarat bolan uly kollektiwiniň önümçilik işini, döredijilik zähmetini, durmuşyny yzygiderli şöhlelendirip durmak bilen 1962-nji ýylyň aýagyna çenli neşir edildi. Onuň iň soňky sany 1962-nji ýylyň 31-nji dekabrynda çykdy.

1957-nji ýylyň güýzünden 1959-njy ýylyň güýzüne çenli “Na relsah” gazeti türkmen dilinde hem “Relsde” diýen at bilen neşir edildi.

“Relsde” gazetiniň ilkinji sany 1957-nji ýylyň 2-nji noýabrynda çykypdyr. Gazet özüniň san hasabyny ozalky rus dilinde

neşir edilip gelinýän “Na relsah” gazetiniň 1957-nji ýylyň 2-nji noýabrynda çykan sany bilen laýyk edip alyp ugrapdyr.

“Relsde” gazetini A. Mezidow redaktirläpdir. “Na relsah”, “Relsde” gazetleriniň mazmuny aglaba halatda meňzeş bolupdyr.

“Relsde” gazetiniň iň soňky sany 1959-njy ýylyň 15-nji sentýabrynda çykypdyr

## “Izwestiýa” (Türkmenistan döwlet ylmy-barlag institutynyň) žurnaly.

“Turkmenowedeniýe” ( ýa-da “Za sosialistiçeskuýu Turkmeniýu”) žurnalynyň neşir edilmegi togtadylandan tas üç ýyla golaý wagt geçensoň, 1935-nji ýylyň güýzünde Türkmenistan döwlet ylmy-barlag institutynyň organy bolup, rus dilinde “Izwestiýa” žurnaly neşir edilip başlanýar.

“Izwestiýa” žurnalynyň 1-nji sany 1935-nji ýylyň sentýabrynda çykypdyr. Žurnalyň möçberi 2 çap listi, tiražy 1200 ekzemplýar. Onuň jogapkär redaktory P.G. Galuzo. Geňeşiniň agzalary A.P.Poseluýewskiý, G. I. Karpow.

Žurnaly neşir etmekden maksat – institutyň “Öz ylmy işgärleriniň we Türkmenistanyň beýleki ylmy edaralarynyň hem-de WUZlaryň işgärleriniň esasan Türkmenistany öwreniş baradaky ylmy işlerini çap edip çykarmakdan” ybaratdy.

Žurnalyň işine gatnaşmaga beýleki respublikalaryň ylmy işgärleri-de çagyrylypdyr.

“Izwestiýa” žurnalynda taryh we ykdysadyýet, dil bilimi, edebiýat we sungat, geografiýa we geologiýa meseleleri boýunça ýazylan materiallara orun beriljekdigi, bularyň daşyndan-da žurnalda “tankyt we bibliografiýa” bölüminiň bardygy okyjylara habar berlipdir.

“Izwestiýa” žurnalynyň diňe 1-nji sany çykyp, soňra onuň neşiri togtadylypdyr.

“Mugallyma kömek” žurnaly. Bu žurnalyň 1-nji sany 1936-njy ýylyň awgustynda çykypdyr. Ol aýda bir gezek çykýan usulyýet

žurnal. Möçberi 4,5 çap listden ybarat. Tiražy 4000 ekzemplýar. Žurnalyň jogapkär redaktory Döwlet Mämmedow.

Žurnalyň 1-nji sanynda redaksiýa onuň wezipelerini aşakdaky ýaly kesgitleýär: Ýolbaşçylygyň operatiwligini, mekdep işgärlerine anyk meselelerde gündelik usulyýet kömegini bermekligi, şaherleriň we obalaryň iň oňat mekdepleriniň, mugallymlarynyň tejribesini ýaýratmagy üpjün etmek.

“Mugallyma kömek” žurnalynda: “Umumy”, “Biziň görelde mekdeplerimiz” bölümleri, şeýle hem “Metodik bölüm,” “Usuly ýol görkezme bölümi”, “Dil hem edebiýat bölümi”, “Resmi bölüm” bolupdyr.

“Mugallyma kömek” žurnaly wagtly-wagtynda çykmandyr, 1938-nji ýylda žurnalyň diňe 1-2-nji sany, özi hem sentýabr-oktýabr aýlarynda çykypdyr. 1940-nji ýylda žurnal her aýda neşir edilip, jemi on iki sany çykypdyr.

Žurnalyň çykan sanlaryna göz aýlasaň, onda çap edilen materiallaryň mugallymlaryň umumy bilim derejesini, usulyýet ussatlygyny ýokarlandyrmaga, halk magaryf işgärleriniň mekdeplere ýolbaşçylyk etmek ukybyny artdyrmaga ýardam edendigine göz ýetirýärsiň.

Beýik Watançylyk urşy döwründe “Mugallyma kömek” žurnalynyň neşir edilmeginiň arasy (1941-nji ýylyň iýulyndan 1943-nji ýylyň aýagyna çenli) kesilipdir. 1944-nji ýyldan başlap, ol ýene Türkmenistan Magaryf ministrliginiň ylmy-usulyýet organy hökmünde neşir edilip ugraldy.

“Mugallyma kömek” žurnalynyň iň soňky sany 1959-njy ýylyň iýul-awgust aýlarynda çykypdyr.

**“**Agitatoryň bloknoty”. Bu žurnal TK(b)P MK-nyň propaganda we agitasiýa, metbugat bölüminiň organy. Onuň 1-nji sany 1937-nji ýylyň martynda çykypdyr. Žurnalyň möçberi kiçi formatly, 2 çap listden ybarat. Tiražy 5000 ekzemplýar. Žurnaly ýylda 36 gezek çykarmak göz öňünde tutulypdyr. Ol Türkmenpartneşirde neşir edilipdir. Redaktory G.Gurtmyradow bolupdyr.

Žurnalyň 1-nji sanynyň ähli materiallary täze Konstitusiýa esasynda amala aşyrylýan saýlaw meselelerine (“Ýaşyryn sese

goýmak bilen ählumumy, göni, deň saýlaw hukugy diýlip nämä aýdylýar?”, “Täze saýlaw sistemasynyň artykmaçlygy nämelerden ybarat” we ş.m.) degişlidir.

1938-nji ýylda “Agitatoryň bloknoty” žurnalynyň tiražy 10 müň ekzemplýara ýetirilýär.

Beýik Watançylyk urşy döwründe (1941-1944-nji ýyllar) bu žurnalyň neşir edilmegi togtadyldy. 1944-nji ýylyň noýabryndan başlap, ol ýene-de neşir edilip ugraldy. “Agitatoryň bloknoty” žurnalynyň iň soňky sany 1958-nji ýylyň dekab-
rynda çykdy.

“Agitatoryň bloknoty” Aşgabatda rus dilinde hem (“Bloknot agitatora”diýen at bilen) neşir edilipdir. Ýöne ol yzygiderli däl-de, aýry-aýry taryhy senelere gabat getirilip, setanda-seýranda çykarylypdyr. Žurnal 1937 - 1939-njy ýyllarda ýylda bir gezek çykypdyr.

1947-nji ýylyň awgustyndan başlap “Bloknot agitatora” žurnaly yzygiderli çap edilip ugralýar. Onuň iň soňky sany 1958-nji ýylyň dekabrynda çykypdyr.

## Halk hojalygyna degişli pudaklaýyn žurnallaryň 30-njy ýyllaryň ortalaryndaky neşirleri

1. “Sowetskoýe zdrawoohraneniýe Turkmenii, “Sosialistiçeskoýe hozýaýstwo Turkmenii” žurnallary
2. ”Kolhoz hasapçysyna kömek üçin” žurnaly.

1. <u>“Sowetskoýe zdawoohraneniýe Turkmenii</u>. Rus dilindäki bu žurnal Türkmenistan Saglygy goraýyş halk komissarlygynyň, Türkmenistan medisina institutynyň, saglygy goraýyş Halk komissarlygynyň ylmy-barlag institutynyň we Türkmenistan ylmy-medisina jemgyýetiniň organy. Žurnalyň 1-nji sany 1934-nji ýylyň başlarynda çykypdyr. Neşiriň jogapkär redaktory Hanmuhammedow.

Žurnalyň möçberi ortaça žurnal formatynyň 7 çap listi töweregi. Tiražy 1500 ekzemplýar.

“Sowetskoýe zdrawoohraneniýe Turkmenii”žurnaly özüniň 1-nji sanynda öňde goýan wezipeleri barada şeýle ýazýar” “Sowetskoýe zdrawoohraneniýe” žurnaly hakykatda ähli köpçülik-medisina işi üçin tribuna bolmak bilen, ozaly bilen, işiň guramaçylyk taýdan gowulandyrylmagyna köp üns berjekdir. Ol biziň işgärlerimizi işiň täze formalary bilen, öňde barýan respublikalaryň aýry-aýry edaralarynyň oňat iş nusgalary bilen tanyşdyrar”. Şunuň bilen birlikde, žurnalyň esasy wezipeleriniň biri işgärleriň ýörite meseleler boýunça tejribeligini hem-de umumy syýasy bilimi boýunça taýyarlygyny ýokarlandyrmaga ýardam bermekden ybaratdyr.

Bu žurnal Türkmenistanyň saglygy goraýyş taryhynda ilkinji žurnal bolup, ol respublikada medisinanyň diňe bir guramaçylyk we amaly derwaýys meselelerini gozgamak, öne sürmek bilen çäklenmän, eýsem türkmenlerden medisina işgärlerini taýýarlamak, medisina ylymlarynyň aýry-aýry pudaklarynyň derwaýys meselelerini-de gozgaýardy hem çözýärdi.

Žurnalyň materiallary şu aşakdaky bölümler boýunça ýerleşdirilýärdi: 1.Saglygy goraýşy guramak we sosial gigiýena. 2. Kliniki we nazary medisina. 3.Hökümetiň we saglygy goraýyş Halk komissarlygynyň kararlary. 4.Konferensiýa we maslahatlar. 5. Hronika we referatlar.

Žurnalyň redaksiýasynda ilkibaşdan işläp başlan A.W. Parabuçew. I.Wensenossew, A.Dmitriýew hem-de onuň düzümine soňrak girizilip, žurnalyň jogapkär kätibi bolan A.G. Sukaçýow respublikada saglygy goraýyş işini ýola salmakda, medisina işgärlerini taýyarlamakda köp zähmet çeken adamlardyr.

Žurnalyň redaktory J.Hanmuhammedow bolsa türkmenleriň arasyndan ýetişen ilkinji wraçlaryň biri bolup, respublikada saglygy goraýyş işini guraýjylaryň ilkinjileriň biridir.

“Sowetskoýe zdrawoohraneniýe Turkmenii” žurnalynyň iň soňky sany 1942-nji ýylyň dekabrynda çykypdyr.

“Sosialistiçeskoýe hozýaýstwo Turkmenii” žurnaly.

Rus dilindäki bu žurnal Türkmenistanyň Döwlet plan komissiýasynyň (Gosplanyň) we Ykdysady barlag institutynyň organy. Onuň 1-nji sany 1934-nji ýylyň iýul-awgust aýlarynda

çykypdyr. Žurnalyň möçberi orta formatly, 10 çap listden ybarat. Tiražy 2000 ekzemplýar bolup, aýda bir gezek çykypdyr.

Žurnalyň reňeşi: N.N. Wladimirskiden, N.E. Wolynskiden, K. Nazarowdan, M.P. Kopytenden, O. Täçnazarowdan, S. I. Şteýngersden (jogapkär redaktor), I. E. Ýuşkewiçden ybaratdy.

Žurnalyň redaksiýasy Türkmenistanyň hojalyk we medeni gurluşygynda gazanylan üstünlikleri beýan edýän neşiriň ýoklugy üçin Türkmenistanda bu hili organyň zerurlygynyň bireýýäm ýüze çykandygyny belläp geçýär. Şunuň bilen birlikde redaksiýa žurnalyň öňünde goýlan wezipeleri beýan edýär.

Redaksiýa ol wezipeler respublikanyň hojalyk we medeni gurluşygyndaky üstünlikleri, onuň territoriýasyndaky mineral we organiki baýlyklary agtaryş we özgerdiş boýunça geçirilýän ylmy-barlag işlerini şöhlelendirip durmakdan, şol işlere giň hünärmenler köpçüliginiň ünsüni çekmekden, respublikanyň hojalygyny we medeniýetini mundan beýläk-de ösdürmek meselelerini işläp düzmäge partiýa aktiwini işeňňir gatnaşdyrmakdan ybaratdyr diýip görkezýär. Žurnalyň 1-nji sanynda ýerleşdirilen materiallar, onuň esasan, ykdysady žurnaldygyna laýyk gelýär.

“Sosialistiçeskoýe hozýýstwo Turkmenii” žurnalynyň iň soňky sany 1936-njy ýylyň fewralynda çykypdyr.

2. <u>**“Kolhoz hasapçysyna kömek üçin” žurnaly.**</u> Bu žurnal Türkmenistan Ýer Halk komissarlygynyň we Soýuzorguçýotyň Türkmenistan bölüminiň organy. Ol 1935-nji ýylyň maý aýynda neşir edilmäge başlanypdyr. Žurnal her aýda bir gezek çykypdyr.

Žurnalyň möçberi ortaça kitap formatynyň 4 çap listi töweregi, tiražy 4000 ekzemplýar bolupdyr. Jogapkär redaktory L.W. Çernýäýew.

Žurnalyň 1-nji sanynda ýerleşdirilen “Hemme kolhoz işgärlerine” diýen makalada žurnalyň kimler üçin niýetlenendigini we öňünde nähili wezipeleri goýandygy barada şeýle diýilýär: “Žurnal diňe uçýotyň hünärmenleri - buhgalterer we hasapçylar üçin bolman, belki kolhozyň hasapçylyk işine az-kem gatnaşygy bolan hemme işgärler üçindir (brigadirler, rewkomissiýa we ş. m.). Žurnalyň wezipesi uçýoty kolhoz işgärleriniň düşünjesine girer ýaly etmekdir,

uçýoty alyp barmakda işgärlere kömek bermek, uçýot bilen bagly bolan sowallara düşünmäge kömek bermekdir.”

Žurnalda çap edilen materiallar diňe bir hasapçylyk, buhgalterçilik häsiýetin-däki düzgünnamalardan ybarat bolup durman, eýsem onda oba hojalygynyň dürli pudaklaryndaky ýagdaýa, işiň guralyşyna degişli meseleler, amaly we geljekde öňde durýan meseleler gozgalýar, çözgüdini tapýar. Çap edilýän şeýle häsiýetdäki materiallar neşiriň ylmy-usuly žurnala öwrülmegine ýardam beripdir.

Şol döwürde şeýle žurnalyň uly rol oýnandygy şübhesizdir. Brigadirlerden, hasapçylardan başga, hünärmenler: agronomlar, zootehikler hem bu žurnalyň sahypalaryndan özlerini gyzyklandyrýan meselelere jogap tapypdyrlar. Sebäbi žurnalda önümçiligi guramak, hasyllylygy ýokarlandyrmak, agrotehniki we zootehniki meselelere, zähmeti guramak, zähmet haky meselelerine degişli materiallar çap edilipdir.

Bulardan başga-da, käwagt žurnala goşmaça edilip, aýry-aýry kitapçalar görnüşinde ýörite materiallar (“Kolhoz hasapçysynyň sprawoçnigi”, “Inwentari-zasiýa”, “Yyllyk hasabat we girdeji paýlamak” we ş.m.) hem berlipdir. Žurnalda oba hojalygynyň aýry-aýry pudaklayna degişli bölümlerden başga, “Önümçiligiň işgärleriniň soraglaryna jogaplar” “Ýolgörkezijili materiallar”, “Maglumat (informasion)” bölümleri hem bolupdyr.

1935-nji ýylyň sentýabryndan (5-6-njy sanyndan) başlap, žurnalyň ady “Kolhoz uçýoty” bolýar hem-de G.Husaýnow (jogapkär redaktor), Çernýäýew, Sähedow, Gridnýow (usuly redaktor) dagydan ybarat geňeşi döredilýär.

1936-njy ýylyň iýunyndan başlap žurnalyň ady “Kolhoz aktiwisti” bolýar. Han Atamyşowdan, Batyr Ataýewden, F. Fomkinden (jogapkär redaktor), G.Husaýnowdan (jogapkär redaktoryň orunbasary) ybarat reňeşi döredilýär.

“Kolhoz aktiwisti” žurnalynyň iň soňky sany 1941-nji ýylyň iýun aýynda çykypdyr.

## 30-njy ýyllaryň ahyrlarynda “Komsomoles Turkmenistana” gazetiniň döreýşi, welaýat, etrap, köp tiražly aşaky metbugatyň ösüşi

1. “Komsomoles Turkmenistana” gazetiniň döreýşi, tematikasy.
2. Etrap, welaýat hem-de köp tiražly aşaky metbugat.

“Komsomoles Turkmenistana” gazeti. Bu gazet LKSMT MK-nyň organy. Onuň 1-nji sany 1938-nji ýylyň 24-nji aprelinde çykypdyr. Gazetiň möçberi uly gazet formatynyň 4 sahypasyndan ybarat. Gazet hepdede üç gezek çap edilipdir. Redaktory W.I.Gusew.

Gazetiň 1-nji sanynda gazete iberilen gutlag hatlary berlipdir. LKSMT MK-nyň gutlag hatynda: “Täze gazetiň neşir edilmegi Türkmenistanyň ähli ýaşlarynyň durmuşynda uly we şatlykly wakadyr” diýlip nygtalyp görkezilýär hem-de gazetiň öz üstüne ýüklenilen wezipeleri abraý bilen ýerine ýetirjekdigine ynam bildirilýär.

Gazetiň 2-nji sanynda (1938-nji ýylyň 26-njy apreli) redaksion makala çap edilip, onda “Komsomoles Turkmenistana” gazetiniň esasy üns bermeli meseleleri görkezilýär.

Gazet neşir edilmäge başlanan döwürde onda materiallaryň ýerleşdirilişi şu aşakdaky ýaly bolupdyr.

1-nji sahypada. Möhüm wakalara, meselelere degişli baş makala. Daşary ýurtlardan alnan soňky habarlar. Ýurduň içersinden täze habarlar.

2-nji sahypada. Umumy syýasy materiallar. Respublikada ýaşlar guramalarynyň işiniň we durmuşynyň umumy meseleleri (görkezmeler, kararlar, düşündirişler).

3-nji sahypada. Ýaşlar durmuşy. Ýerlerden gowşan habarlar, makalalar, soraglar.

4-nji sahypada. Daşary ýurt habarlary. Halkara ýagdaýyna syn. Edebiýat rubrikasy (goşgy, aýdym). Bedenterbiýe hronikasy.

Türkmenistan ýaşlarynyň arasynda “Komsomoles Turkmenistana” gazetiniň täsiri we abraýy çalt artypdyr. Muny redaksiýa gelýän hatlaryň sany hem açyk görkezipdir. 1940-njy ýylyň

ýanwar-iýul aýlarynda redaksiýa her günde orta hasap bilen 25 sany hat gelipdir.

Beýik Watançylyk urşy döwründe, 1941-nji ýylyň awgustyndan “Komsomoles Turkmenistana” gazetiniň neşir edilmeginiň arasy kesilip, 1945-nji ýylyň oktýabrynda ol ýene neşir edilip ugraldy.

30-njy ýyllaryň ahyrlarynda welaýat, etrap hem-de köp tiražly aşaky metbugatyň ösüşi baradaky gürrüňe geçmezden ozal, 1933-1934-nji ýyllarda etrap we welaýat gazetleriniň ýagdaýy hakynda az-kem durup geçeliň.

1933-1934-nji ýyllarda oba hojalyk etraplarynda MTS-leriň syýasy bölümleri-
niň gazetleri döredilip başlanýar. 1933-nji ýylyň dowamynda respublikanyň ozaldan dowam edip gelýän 8 sany etrap gazeti MTS-iň syýasy bölüminiň gazetine öwrüldi.

Şu gazetleriň daşyndan 1933-nji ýylda MTS-leriň syýasy bölüminiň gazetleri-de döredildi. Olar: “Zarpçy” (Tejen), “Kolhoz ýoly” (Daşoguz etraby) özbek dilinde, “Kolhozçy”( Ýolöten), “Zarpçy kolhozçy”(Kerki häzirki Atamyrat), “Kolhoz ýoly” (Esenguly).

1934-nji ýylda MTS-iň syýasy bölüminiň gazeti şu aşakdaky etraplarda döredildi: Gökdepede (“Kolhozçy sesi”), Sarahsda (“Zarpçylar zähmeti”), Tagtabazarda, Garabekewülde (“Leninçi”), Halaçda, Porsuda (Boldumsaz) (“Udarnik sesi”), Semennikde (“Müsür pagtasy ugrunda”), Hojambazda (“Bolşewik”).

Daşoguzda “Bolşewik”, Kerkide (häzirki Atamyrat) “Pagtaçy” okrug gazetleriniň neşir edilmegi dowam etdirilýär.

Şeýlelikde, 1934-nji ýylyň aýaklarynda etrap,okrug gazetleriniň sany 26-a ýetýär. (Olaryň 19-sy MTS-leriň syýasy bölüminiň gazeti, 5-si etrap gazeti, 2-si okrug gazeti).

MTS-leriň syýasy bölüminiň gazetleri 1934-nji ýylyň ahyryna çenli dowam edip, soňra etrap gazetlerine öwrüldi.

1933-1934-nji ýyllarda respublikanyň sowhozlarynyň syýasy bölümleriniň-de köptiražly gazetleri çykarylyp başlandy. 1934-nji ýylda Tejeniň “Udarnik” sowhozynyň syýasy bölüminiň organy bolan “Sosialistik maldarçylygy” gazeti (türkmen dilinde) çykyp

ugrady.Gazetiň tiražy 800 ekzemplýar bolup, aýda 6 gezek neşir edilipdir.

Şunuň ýaly gazetleriň sany soňra has-da köpelip ugrapdyr. 1935-nji ýylda “Tallymerjen” sowhozynyň syýasy bölüminiň organy bolan “Gyzyl çopan”,

“Üçajy” sowhozynyň syýasy bölüminiň organy bolan “Sosialistik garaköl ugrunda”, “Rawnina” sowhozynyň syýasy bölüminiň organy bolan “Gyzyl çarwa” gazetleri neşir edildi.

Respublikanyň käbir etraplarynda we obalarynda aýry-aýry köptiražly gazetlerem çykarylypdyr. 1933-nji ýylda Tejende “Kolhozçy sesi”, Çarşaňňyda “Täze durmuş”, 1934-nji ýylda Çärjewde “Za zdorowyý traktor”, 1936-1937-nji ýyllarda Mary etrabynyň Mülkbagşy obasynda “Pagtaçy” gazetleri neşir edilipdir. Olar köptiražly gazetler bolupdyrlar. Ýöne şol gazetler yzygiderli we uzak wagtlap çykmandyr. Gysga wagt dowamynda üzlem-saplam çykypdyr.

1933-1934-nji ýyllarda Baýramalynyň ýag kombinatynyň “Progres’ gazeti, Amyderýa parohodçylygynyň “Wodnik” gazetleri köptiražly neşirler bolupdyr. Şol döwürde Gyzyl goşunyň milli bölümlerinde köptiražly gazetler çap edilipdir. Olaryň biri-de “Gyzyl gylyç” gazetidir. Ol N-nji türkmen atly polkunyň partbýurosynyň organy. Gazet 1933-nji ýylyň ortalarynda neşir edilip başlanýar. Gazet iki hepdede bir gezek çykypdyr. “Gyzyl gylyjyň” möçberi orta gazet formatynda, iki sahypadan ybarat. Jogapkär redaktory K. Mämmedow bolupdyr. Gazetiň iň soňky sany 1934-nji ýylyň ýanwar aýynynyň aýagynda çykypdyr.

1937-nji ýylyň aýagynda respublikada etrap we okrug gazetleriniň sany kyrkdan geçdi. Mundan başga-da, syýasy bölümleriň (sowhoz hem edara,kärhana, oba) köptiražly gazetleri çykypdy.

Etrap gazetlerini çykarmak dowam etdirilýärdi. 1939-njy ýylyň sentýabryndan Kirow (häzirki Babadaýhan), Gazanjyk (häzirki Bereket), Türkmengala, Molotow, Darganata (häzirki Birata), Lenin (häzirki Akdepe) etraplarynda täze etrap gazetleri neşir edilip başlandy. Dört sahypadan ybarat bolan bu etrap gazetleri aýda 6 gezek çykmaly edilipdir.

Şeýlelikde, 1938-1939-njy ýyllarda respublikanyň etraplarynyň 11-sinde täze gazet açylyp işe başlaýar. Bularyň daşyndan, 1940-njy ýylyň fewral-mart aýlarynda ýene üç etrapda Gyzyletrek (häzirki Etrek), Hojambaz, Çarşaňňy etraplarynda etrap gazetleri guralýar.

Emma etrap gazetleriniň seti şondan soň hem giňelmegini dowam etdirýärdi. Sebäbi käbir etraplaryň öz metbugat organy henizem ýokdy. Degişli taýýarlyk görlensoň, 1941-nji ýylda dört sany etrap gazeti (Garlyk, Telman, Mary we Sakarçäge etraplarynda) döredildi.

Şol döwürde respublikada käbir şaher gazetleri-de döredilipdi. 1938-nji ýylyň aprelinde Mary şäherinde "Kommunist" (rus dilinde), Çärjew (häzirki Türkmenabat) şäherinde hem "Çardžouskiý raboçiý" gazetleri neşir edilip başlanýar.

1939-njy ýylyň aýagynda Türkmenistanyň düzüminde Aşgabat, Çärjew, Mary, Daşoguz we Krasnowodsk (häzirki Türkmenbaşy) welaýatlarynyň döredilmegi bilen welaýat gazetleri-de guralyp başlanýar, okrug gazetleri ýapylýar. Etrap gazetleriniň setinde käbir üýtgeşmeler bolýar. "Çardžouskiý raboçiý", "Lenin ýoly" gazetleri Çärjewiň welaýat gazetine, "Kommunist", "Lenin baýdagy" gazetleri Marynyň welaýat gazetine, "Krasnowodskaýa iskra", "Sosialistik senagat" gazetleri Krasnowodskiniň (häzirki Türkmenbaşy) welaýat gazetine öwrüldi.

1940-njy ýylyň ortalaryndan respublikanyň welaýatlarynyň her birinde iki dilde çykýan bir welaýat gazeti döredilýär. Çärjew (häzirki Türkmenabat) welaýatynda "Çärjew prawdasy", Mary welaýatynda "Lenin baýdagy", Krasnowodsk (häzirki Türkmenbaşy) welaýatynda "Kommunist", Daşoguz welaýatynda "Bolşewik"(türkmen dilinde) gazeti döredilýär.

Rus dilinde neşir edilýän "Kommunist" (Mary) we "Krasnowodskaýa iskra" şaher gazetleriniň neşir edilmegi welaýat gazetleri döredilensoň hem dowam edipdir.

Ýerli metbugat organlarynyň işini gowulandyrmakda respublikan ("Sowet Türkmenistany", "Turkmenskaýa iskra") gazetleriniň kömegi uly bolupdyr. Olar öz sahypalarynda ýerli gazetleriň işi hakynda syn çap edip durupdyrlar. Şeýle usuly "Ýerli

metbugata kömek bermegiň ajaýyp formasy”, “Ýerli gazetleriň tejribesini görkezmegiň we kemçiliklerini görkezmegiň, olary düzetmegiň ýollaryny salgy bermegiň tribunasy” diýip atlandyryryp bolar.

## Türkmen döwlet habarlar gullugy

1. TDH gullugynyň döreýşi, ösüşi.
2. TürkmenTAG-yň “Oknolary”, ähmiýeti.

30-njy ýyllaryň ahyrlarynda 40-njy ýyllaryň başlarynda dünýä ýurtlarynda ýagdaý çylşyrymlaşypdy. Ikinji jahan urşunyň başlanmagy bilen türkmen okyjylary daşary ýurt habarlary bilen has-da gyzyklanyp başladylar. Olaryň daşary ýurt wakalaryna bolan islegini şol döwürde Türkmenistan telegraf agentligi, ýagny TürkmenTAG kanagatlandyryp bilýärdi. Moskwadan teletaýp üsti bilen berilýän daşary ýurt habarlaryny TürkmenTAG türkmen diline terjime edip redaksiýalara radioýaýlymlaryna iberýärdi.

Habar beriş serişdeleriniň bir görnüşi hökmünde Türkmenistan telegraf agentliginiň (TürkmenTAG-yň) hyzmaty has hem artypdy. Bu resmi organ aslynda Türkmenistan MIK-niň we Halk komissarlar Sowetiniň karary esasynda 1925-nji ýylyň 12-nji dekabrynda döredilipdi.

TürkmenTAG döredilen gününden başlap, respublikanyň habar beriş serişdelerini resmi materiallar, dürli temadaky habarlar, fotosuratlar bilen üpjün etmekde uly rol oýnady. Onuň 30-njy hem 40-njy ýyllarda, esasan-da Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda bitiren hyzmaty has-da uly.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda respublikada Türkmenistan telegraf agentliginiň – TürkmenTAG-yň “TASS oknolaryny” çap edip çykarmagy-da uly ähmiýete eýedir. Bu iş Türkmenistan Halk komissarlar Sowetiniň 1941-nji ýylyň 12 –nji noýabryndaky karary esasynda guralyp başlanypdy we tä uruş gutarýança dowam edipdi.. Şol döwürde “Oknolaryň” möhüm syýasy-wagyz edijilik ähmiýetiniň bardygy nazara alnyp, olaryň

wagtly-wagtynda çykyp durmagy üçin zerur bolan kagyz we maliýe serişdeleri bilen üpjün edip durmak barada alada edilýärdi.

“Oknolaryň” suratlaryny respublikanyň hudožnikleri çekýärdiler, şol suratlara degişli tekstler çap şrifti görnüşinde ýazylýardy. Şeýle usulda taýýarlanylan “Oknolaryň” nusgasy soňra çaphanada köp tiraž bilen çap edilip çykarylýardy. “Oknolaryň” köp ekzemplýary Türkmenistan kitap palatasynyň “Plakatlar” gaznasynda saklanylýar. “Oknolaryň” iň soňky sany 1945-nji ýylyň 29-njy aprelinde çykypdyr.

“Oknolaryň” esasy tematikasy german faşizmine garşy alnyp barlan azat edijilik göreş, Goşunynyň duşmana urýan zarbalary, esgerleriň söweş edermenligi, tylda adamlaryň gahrymançylykly zähmetidi. Şunuň bilen birlikde, suratlarda faşistik garakçylaryň ýigrenji keşbi, talaňçylygy, ejize ganymlygy-da paş edilip görkezilýärdi.

“Oknolardaky” tekstler köplenç türkmen hem rus dillerinde berilýärdi. Şeýlelikde, “Oknolaryň” üç ýarym ýylyň dowamynda 300-e golaý sany çykypdyr. Olaryň her biri-de möhüm we derwaýys meseleleri täsirli suratlar hem ýiti sözler bilen öz wagtynda şekillendirip durupdyr.

TürkmenTAG-yň “Oknolaryny” çykarmaga hudožnikler Daneşwar, Melniçuk, Zaýçkin, Ponomarew we başgalar gatnaşypdyr. Bu informasion organ 1972-nji ýyla çenli “Türkmenistan telegraf agentligi” (TürkmenTAG) diýlip atlandyrylýar. 1972-nji ýylda Türkmeninform hakyndaky düzgünnama tassyklanylýar we ol döwlet komitetleriniň hukugynda bolup, Türkmenistanyň Ministrler Sowetine, TASS-a garaşly edilýär.

Döwlet habarlar gullugynyň, ýagny Türkmeninformyň esasy wezipesi respublikamyzda bolup geçýän gündelik täzelikleri, wakalary gazet-žurnallaryň redaksiýalaryna, teleradio ýaýlymlaryna ýetirmekden ybarat.

Türkmeninformyň düzgünnamasy tassyklanylandan soň, onuň ştaty-da giňeldilýär. Ýörite terjimeçiler, habarçylar, fotosurat bölümleri bolýar. Welaýatlarda öz habarçylary bolup, ýurdyň dürli künjeginden Türkmeninforma iň täze habarlar gowuşýar.

Türkmeninform üçin materiallar şu aşakdaky tertipde taýýarlanylýar.

Birinjisi, ýurduň içersinden dürli temadaky habarlar.

Ikinjisi, ýurduň içersinden dürli temadaky fotosuratlar.

Uçünjisi, ýurt Baştutanynyň geçirýän gepleşikleri, duşuşyklary hakyndaky resmi habarlar. Ýurt Baştutanynyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde, dabaralarda, gurultaýlarda sözlän sözlerini resmi suratda taýýarlaýar.

Ýurt Baştutany bilen baglanyşykly resmi fotosuratlary taýýarlaýar.

Resmi fotosuratlar hem resmi materiallar redaksiýalar tarapyndan ilkinji nobatda peýdalanylýar. Resmi materiallara Türkmeninformyň ýolbaşçylaryndan rugsatsyz hiç hili düzedişler girizilmeýär hem gysgaldylmaýar. Olar ähli redaksiýalar üçin birmeňzeş tekstlerdir.

Türkmeninform biziň ýurdumyzyň medeni hem sosial durmuşy bilen daşary ýurt okyjylaryny tanyşdyrmak maksady bilen materiallar toplumyny taýýarlaýar.

Türkmeninform TASS-dan gelýän möhüm habarlary, daşary ýurt habarlaryny türkmen diline terjime edip, redaksiýalara, teleradioýaýlymlaryna iberýär. Rus di-linden türkmen diline terjimäni çalt hem ýokary hilli berjaý etmek üçin Türkmen-informyň terjimeçiler bölümi soňky ýyllarda ýaş hünärmenler bilen berkidildi.

Bu bölümlerden başga, Türkmeninformda ýörite fotohronika bölümi bolup, ol ýurdumyzyň dürli ýerlerinden dürli temadan fotosuratlary taýýarlaýar we redaksiýalara iberýär. Şunuň bilen birlikde, fotosuratlary gymmatly resminama, taryh hökmünde fotohronikanyň gaznasynda saklaýar.

## Türkmen metbugaty 1941-1945-nji ýyllarda

1.Metbugat setiniň üýtgedilip guralmagy.
2. “Sowet Türkmenistany” gazetiniň tematikasy.

Beýik Watançylyk urşunyň başlanmagy bilen Türkmenistanda metbugat seti üýtgedilip guralyp başlandy. Gazet-žurnallaryň sany birneme azaldyldy. Neşirleriň çykyş ýygylygy, möçberi, tiražy kemeldildi.

1941-nji ýylyň iýun aýynyň aýagyndan “Mydam taýýar” gazeti neşir edilmedi. Awgust aýyndan “Sowatlylyk ugrunda göreş” gazeti bütinleý ýapyldy. 1941-nji ýylyň awgust aýynyň 22-sinden “Ýaş kommunist” we “Komsomoles Türkmenistana gazetleriniň neşiri togtadyldy. Bu gazetleriň wezipesi “Sowet Türkmenistany” hem-de “Turkmenskaýa iskra” gazetleriniň üstüne ýüklenildi. Gazetleriň ikisinde-de “Komsomol durmuşy” bölümi döredildi.

Uruş ýyllarynda welaýat we etrap gazetleriniň seti gysgaldylman, gaýtam köpeldildi. 1940-njy ýylda Türkmenistanda etrap gazetleriniň 34-si bardy. 1941-nji ýylyň awgustynda ýene “Uçgun” (Telman häzirki Gubadag), “Gyzyl baýdak”(Mary), “Pagtaçy” (Sakarçäge), “Kolhoz ýoly” (Garlyk) etrap gazetleri açyldy.

1943-nji ýylyň noýabrynda “Stalin ýoly” (Aşgabat etraby), “Stalinçi” (ozalky Andeewsk), “Gyzyl oktýabr” (ozalky Burdalyk) etrap gazetleri çykyp başlaýar. Şeýlelikde, 1943-nji ýylyň aýaklarynda respublikanyň etrap gazetleriniň sany 41-e ýetdi.

1943-nji ýylyň sentýabryndan ozal iki dilde bilelikde çykyp gelen welaýat gazetleriniň her biri iki gazete: türkmen hem rus dillerinde çykýan gazetlere bölündi. Mary welaýatynda (“Lenin baýdagy”, “Leninskoýe znamýa”), Çärjew (häzirki Lebap) welaýatynda “Çärjew prawdasy”, “Çardžouskaýa prawda”, Daşoguz welaýatynda “Bolşewik”(türkmen hem rus dillerinde), Krasnowodsk (häzirki Balkan) welaýatynda “Kommunist” (türkmen hem rus dillerinde) welaýat gazetleri döredildi.

1943-nji ýylyň oktýabryndan täze döredilýän welaýat gazetleriniň käbiriniň ady üýtgedildi. Mary welaýatynyň rus dilinde çykjak gazeti “Maryýskaýa prawda”, Lebap welaýatynda türkmen dilinde çykjak gazet “Lenin ýoly”, Balkan welaýatynyňky “Stalin Yoly”, Daşoguz welaýatynyňky “Daşhowuz kolhozçysy” diýlip atlandyryldy.

Metbugatyň möçberine, çykyş ýygylygyna hem üýtgeşmeler girizildi. 1941-nji ýylyň 22-nji awgustyndan “Sowet Türkmenistany”, “Turkmenskaýa iskra’ gqazetleri ozalky dört sahypalygyndan kiçeldilip, hepdede üç gezek iki sahypa, üç gezek hem dört sahypalyk göwrümde neşir edilip ugraldy. Etrap gazetleride ozalky dört sahypa bolup hepdede dört gezek çykmagyň ýerine iki sahypa bolup hepdede üç gezek çykmaga başlady.

1942-nji ýylyň aprelinden respublikan we welaýat gazetleri diňe iki sahypa bolup çykyp başlady, tiražlary 15% gysgadyldy. Bu ýagdaý şondan soň hem dowam etdirildi.

1943-nji ýylyň martyndan respublikan, welaýat, etrap gazetleriniň tiražy 10% azaldyldy, respublikan, welaýat gazetleriniň çykyş ýygylygy hepdede ozalky alty gezekliginden azaldylyp, bäş gezege, etrap gazetleriniň çykyş ýygylygy bolsa hepdede iki gezekliginden bir gezege getirildi. Munuň özi uruş döwründe kagyz we pul serişdelerini örän tygşytly harçlamak zerurlygyndan gelip çykýardy.

Şeýle hem şol döwürde gazetleriň satuw bahasy-da birneme ýokarlandyryldy.

Uruş ýýllarynda respublikanyň žurnallarynyň seti has gysgaldyldy. 1941-nji ýylyň iýunynda “Kolhoz aktiwisti” žurnalynyň neşir edilmegi bes edilýär. 1941-nji ýylyň aýagyndan “Tokmak” žurnalynyň neşiriniň arasy kesilýär. 1942-1943-nji ýyllarda “Agitatoryň bloknoty” žurnaly neşir edilmeýär. 1944-nji ýylda “Bolşewik”, “Sowet edebiýaty”, “Mugallyma kömek”, “Agitatoryň bloknoty” žurnallary neşir edilýär.

“Sowet Türkmenistany” gazetiniň tematikasy. Beýik Watançylyk urşy başlanmagy bilen Türkmenistanyň metbugat işgärleriniň-de birentegi fronta gitdi. Olaryň aglabasy žurnalistik işiniň abyny-tabyny alan taýýarlykly işgärlerdi. Diňe bir “Sowet Türkmenistany” gazetiniň redaksiýasyndan Ş. Durdyýew, N. Berdiýew, Ç. Matalow (bölüm müdirleri), G.M. Ataýew, K.Awanesow, O. Gatygulyýew (ýörite habarçylar), G. Myradow (redaktor), N. Kulyýew (jogapkär kätip) we başga-da tejribeli žurnalistleriň birnäçesi urşa gitdi. Beýleki respublikan, welaýat, etrap gazetleriniň-de ençeme işgäri öz galamlaryny ýaraga çalyşdy.

Gazetiň jogapkär redaktory 1942-nji ýylyň martyna çenli G. Myradow, soňra uruş ýyllarynda A.Annabaýew, Ş. Täşliýew dagy jogapkär redaktor bolýarlar.

Uruş ýyllarynda gazetiň çykyş operatiwliginiň ähmiýeti has-da artýardy, sebäbi frontdaky ýagdaý okyjylary hemişe tolgundyryp durýardy, tyldaky çekilýän zähmet netijeleri hem olary jana-jan gyzyklandyrýardy. Ine, şol maglumatlary okyjylara yzyny üzmän belli bir wagtda ýetirip durmak gazetiň birinji derejeli wezipeleriniň biridi. 1943-nji ýylyň oktýabryndan "Sowet Türkmenistany", "Turkmenskaýa iskra" gazetleri hepdede iki gezek (sişenbe we juma günleri) dört sahypaly, üç gezek (çarşenbe, şenbe we ýekşenbe günleri) iki sahypaly çykyp başlady.

Gazetleriň takyk bellenilen günlerde we bellenilen göwrüm bilen çykmagyna berk kontrollyk edilýärdi, şonuň gyşarnyksyz berjaý edilmegini neşirleriň organlarynyň ýolbaşçylaryndan, gazetleriň redaktorlaryndan, çaphana kärhanalarynyň ýolbaşçylaryndan berk talap edilýärdi.

Okyjylary frontdaky ýagdaý bilen birsyhly tanyş edip durmak üçin "Sowet Türkmenistany" gazetinde dürli-dürli rubrikalar bardy. Şunuň bilen birlikde, uruş temasyna bagyşlanylan ýörite sahypalar, umumysözbaşylarda materiallar hem berilýärdi.

"Sowet Türkmenistany" gazetiniň 1941-nji ýylyň 23 –nji iýunyndaky sanynda uly harplar bilen ýazylan "Germaniýa faşistleriniň talaňçylykly çozuşyna sowet halky kül-peýekun ediji gaýtawul berer"! diýen umumysözbaşa gözüň düşýär. Umumysözbaşy astynda Sowet hökümetiniň 22-nji iýunda radio üsti bilen halka ýüzlenip jar eden beýannamasynyň teksti ýerleşdirilipdi. Soňra gazetde "Watan üçin" diýen sözbaşyly örän täsirli ýazylan uly baş makala ýerleşdirilipdir.

Gazetiň şol sanynyň "Jebisleşik we guramaçylyk", "Faşistik banditleriň çozmagyna biziň jogabymyz" diýen rubrikalarda, "Biziň işimiz hak işdir, duşman çym-pytrak ediler, biz ýeňeris" diýen sözbaşyda 2-nji sahypada respublikanyň dürli ýerlerinde zähmetkeşleriň ýygnaşyklarynda duşmana gaýtawul bermäge taýyardyklary baradaky çykyşlary, kabul edilen kararlar, ýüzlenmeler çap edilipdir.

Gazetiň 1941-nji ýylyň 24-nji iýundaky sanynda “Sowet halky duşmanyň banditlik çozuşyna gahar-gazap bildirýär” diýen sözbaşyly ýörite sahypa berlipdir. Onda respublikanyň zähmetkeşleriniň seslenmeleri bilen birlikde, Moskwanyň, Latwiýanyň we beýleki ýerleriň zähmetkeşleriniň seslenmeleri-de ýerleşdirilipdir. Şu sahypada Türkmenistanyň ýazyjylarynyň mitingi baradaky habar, ýazyjylar N.Pommanyň “Biz ýeňeris”, B. Kerbabaýewiň “Edermenler aýdymy”, B. Seýtäkowyň “Joşgun” goşgylary-da çap edilipdir.

“Sowet Türkmenistany” gazetiniň şondan soňky sanlarynda hem Germaniýanyň ähtiýalanlyk bilen sowet halkynyň üstüne çozmagyna halkyň gahar-gazaply seslenmeleri, duşmandan üstün çykyljakdygyna bolan ynançlary beýan edilýär.

Front döwründe “Hemme zat front üçin, hemme zat ýeňiş üçin” diýen umumysözbaşyda seslenmeler, çykyşlar, materiallar berilmegi dowam etdirildi.

Zähmetkeşleriň Goşunyň kuwwatyny artdyrmak, ony hemme zerur zatlar bilen üpjün etmek baradaky aladasy “Sowet Türkmenistany” gazetiniň sahypalarynda aýratyn orun tutýardy. Munda ozaly bilen Goranma fonduny döretmek meselesi esasy orny eýeleýärdi.

Gazetiň 1941-nji ýýlyň 1-nji awgustyndaky sanynda “Ýurdumyzyň Goranma fonduna” diýen sözbaşyly baş makala çap edilip, onda şeýle diýilýär: “Zähmetkeşler ýurdumyzyň Goranma fonduny döretmegi talap edýärler. Eýýäm Goranma fonduna her kim özünden süýşüren puluny goýup başlady.

Soňra Aşgabadyň dokma, ýüpek fabriklerinde, beýleki kärhanalarda, edaralarda bolan mitinglerde işçileriň, gullukçylaryň, alymlaryň şol fondy döretmek baradaky teklibi goldaýandyklary habar berilýär.

Şondan soň gazetiň her sanynda diýen ýaly “Goranma fonduna” diýen ýörite rubrika berilýär. Bu rubrikada kärhana, edara, kolhozlaryň aýry-aýry zähmetkeşle-riniň raýatlaryň Goranma fonduna geçirýän nagt pullary, gymmat baha zatlary, oba hojalyk önümleri hakynda maglumatlar beýan edilýär.

Gazet respublikanyň hojalyklarynyň Goranma fondy üçin meýilnamadan daşary meýdanlara ekin ekýändigini ýazýar. Ekerançylar ol meýdanlara "Goranma gektarlary" diýip at berýärdiler.. Gazetiň başga bir sanynda Goranma gektarlarynynyň öňümleriniň tabşyrylyşy suratlandyrylýar.

Respublikanyň aýry-aýry raýatlarynyň Goranma fonduna tabşyrýan şahsy goşantlary beýan edilýär. Türkmen aýal-gyzlary nagt pullardan daşgary özleriniň kümüş şaý-seplerini-de tabşyrdylar. Kaka etrabynyň Duşak oba sowetiniň başlygy Lallyk Hanow Goranma fonduna goşun üçin bir sany tank satyn alar ýaly pul beripdir.

Türkmen aýal-gyzlary frontdaky urşujylar üçin ýyly egin-eşikleri taýýarlamagy maksat edindiler. Gazetde "Enelik aladasy", "Goşun üçin ýyly zatlar, geýimler taýyarlalyň" diýen sözbaşyly baş makalalar, makalalar çap edildi. Şunuň bilen bir-likde, gazetde "Urşujylar üçin ýyly zatlar we geýimler" diýen ýörite rubrika döredilip, respublikanyň dürli ýerlerinde alnyp barylýan işler we olaryň netijesi beýan edilýärdi.

Goşuna iberilýän sowgatlar zähmetkeşleriň front barada edýän aladasynyň ýene bir möhüm görnüşidi. "Sowet Türkmenistany" gazeti muny galapyn "Urşujylar üçin sowgatlar", "Urşujylara 1-nji Maý sowgatlary", "Baýramçylyk sowgatlary" diýen rubrikalarda şöhlelendirýärdi.

Türkmenistanyň zähmetkeşleri fronta diňe bir posylkalary ibermek bilen çäklenmän, eýsem dürli azyklary wagonlap, eşelonlap-da iberýärdiler. Şeýle eşelonlaryň biri Aşgabatdan 1942-nji ýylyň iýunynda ugrapdy. Bu wakany "Sowet Türkmenistany" gazeti şeýle beýan edýär: Iýun aýynyň garaňky bir gijesinde Aşgabat stansiýasyndan üýtgeşik bir eşelon ugrapdy. Wagonlar owadan reňkli plakatlar bilen bezelipdi. Bulary türkmen halky özüniň söýgüli Goşunyna sowgat iberýärdi. Respublikanyň tanymal adamlary (tikinçi, kolhoz başlygy) bilen birlikde, respublikanyň halk artisti Aman Gulmämmedow we başgalar şu sowgatlaryň ýany bilen gidipdiler" ("Sowet Türkmenistany", 1942-nji ýylyň 19-njy iýuly).

"Sowet Türrkmenistany" gazeti respublikanyň zähmetkeşleriniň duşmandan halas edilen raýonlara kömek bermek

aladasy baradaky materiallary “Azat edilen raýonlaryň ilaty üçin”, “Azat edilen doganlarymyza” diýen rubrikalarda çap edýärdi.

Gazetde respublikanyň dürli ýerlerinde frontçularyň maşgalalary barada edilýän tagalla, berilýän kömek dogrusyndaky materiallar hem ýerleşdirilýärdi. Gazet sahypalarynda şeýle diýilýär: “Respublikamyz boýunça goşunçylyga gidenleriň maşgalalaryna pul kömeginden başga-da, dürli kömekler berilýärdi… odun, ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek, jaýlaryny remont etmek barada hem ýardam berlip durlupdyr” (“Sowet Türkmenistany”, 1942-nji ýylyň 13 iýuny).

Frontçylaryň maşgalalaryna berilýän yzygiderli kömek olary ruhlandyrypdyr, ýeňşe bolan ynamyny artdyrypdyr.

Uruş ýyllarynda “Sowet Türkmenistany”, “Turkmenskaýa iskra”, “Na relsah gazetrleri çap edilip duruldy.

“Sowet Türkmenistany” gazetinde dürli rubrikalarda partiýa, sowet guramalarynyň durmuşy, propaganda we agitasiýa meselesi (“Özbaşdak öwrenýänlere kömek”, “Agitatorlar we öňümçilik”); senagat we transport meselesi (“Zähmet frontunyň gahrymanlary”, “Nebit çykarylyşyny artdyralyň”); oba hojalyk meselesi (“Agronomyň maslahaty”, “Aýallar uly güýçdür”, “Gyzlar – traktora”); Halk magaryfy meselesi (“Okuwçylaryň kolhoza kömegi”, “Ülkämizi öwreneliň”), Edebiýat we sungat meselesi (“Teatr”, “Kinosungaty”, “Şahyrlaryň sesi”, “Edebiýat bölümi” rubrikalary) döwrüň talabyna laýyk şöhlelendirilipdir.

## “Sowet Türkmenistany” gazeti uruş döwründe

1.Gazetde front ýagdaýynyň beýany.
2. Goşun gazetleri.

“Sowet Türkmenistany” gazeti okyjylaryny frontdaky ýagdaý bilen tanyşdyrmak üçin dürli rubrikalary girizdi. Olaryň iň esasysy

“Sowet Informasion Býurosyndan” diýen rubrikasydyr. Bu rubrika gazetiň her sanynda berlip duruldy.

“Sowinform býurosyndan” rubrikasy gazetiň 1941-nji ýylyň 26-njy iýunyndaky sanyndan başlap, 1945-nji ýylyň 15-nji maýynda çykan sanyna çenli dowam etdi. Onda ähli frontdaky uruş hereketleriniň gündelik ýagdaýy beýan edilip, okyjynyň wakalary yzarlap durmagyna, bolup geçýän özgerişleri deňeşdirip görmegine mümkinçilik berýärdi. Şunlukda, Sowet informasion býurosynyň habary günde iki gezek (ertirki we agşamky habarlar) berlip , gazetiň her indiki sanynda şolaryň ikisi-de çap edilýärdi.

1943-nji ýylyň 24-nji martynda TK(b)P MK-nyň býurosy “Gazetleriň TASS informasiýasy bilen üpjün edilişini gowylandyrmak hakynda” karar çykaryp, şol kararda 1943-nji ýylyň 1-nji aprelinden başlap “Sowet Türkmenistany” we “Turkmenskaýa iskra” gazetleri iki sahypa bolup hepdede bäş gezek: sişenbe, çarşenbe, juma, şenbe we ýekşenbe günleri çykmaly diýlip bellenilýär hem-de şol gazetleriň redaksion geňeşlerine çarşenbe, şenbe, ýekşenbe günleri Sowinformbýuronyň ertir irki we agşamky habarlaryny, sişenbe, juma günleri bolsa soňky iki agşamky habaryny gazetde çap edip çykarmak teklip edilýär.

Gazetde wagtal-wagtal Sowet informasion býurosynyň Sowet-German frontundaky uruş hereketleriniň belli bir wagt dowamyndaky (bir aýlyk, üç aýlyk, alty aýlyk, bir ýyllyk) jemleri hakyndaky maglumatlar-da ýerleşdirilýärdi.

Front ýagdaýyny beýan edýän rubrikalaryň biri-de “Beýik watançylyk urşunyň frontlarynda” diýen rubrikadyr. Bu rubrika gazetleriň her sanynda däl-de, eýsem hepdede bir-iki gezek berilýärdi. Şeýle hem bu rubrikada aýry-aýry front-
larda we bölümlerde sowet goşunynyň hüjüme geçendigi, duşmanyň daşyny gabandygy, harby oljalar alandygy baradaky habarlar çap edilýärdi. Şunuň bilen birlikde, gazetde goşunyň ýeňişleri baradaky buýruklar berilýärdi.

“Daşary ýurt habarçylarynyň metbugat konferensiýasyndan” diýen rubrika gazet sahypalarynda urşuň ilkinji aýlaryndan berlip başlanmak bilen, uruş gutarýança dowam edipdi.

Wagtal-wagtal geçirilýän bu konferensiýalarda köplenç halatda Sowet informasion býurosynyň ýolbaşçy işgärleri uruş hereketleriniň belli bir döwürdäki (hepde, on gün, bir aý) ýagdaýy, SSSR-iň daşary syýasaty hem-de halkara gatnaşyklary barada çykyş edýärdiler, habarçylaryň soraglaryna jogap berýärdiler.

Urşuň başlanmagy bilen gazetiň köp sanlarynda front ýagdaýyna bagyşlanan ýörite baş makalalar çap edilýardi. Şol baş makalalaryň köpüsi "Prawda" gazetinde çap edilen baş makalalardy. Türkmen diline terjime edilip berlen şol baş makalarda Watançylyk urşunyň frontlaryndaky wakalar esasynda ýagdaý çuň seljerilip, degişli netijeler çykarylýardy.Soňa laýyklykda, Goşunyň we tyldaky zähmetkeşleriň nobatdaky wezipeleri görkezilýärdi.

Şunuň bilen birlikde, "Sowet Türkmenistany" gazeti-de käte front ýagdaýyna bagyşlanylan ýörite baş makalalary çap edip, olarda Goşunyň amala aşyrýan we aşyrmaly uruş hereketlerine laýyklykda respublikanyň zähmetkeşleriniň anyk işleri we wezipeleri kesgitlenilýärdi.

Şeýlelikde, "Sowet Türkmenistany" gazeti öz okyjylaryna frontuň ýagdaýy, uruş hereketleriniň barşy baradaky habarlary dürli ussullar bilen ýetirýärdi, şol ýagdaýlaryň zähmetkeşleriň öňünde nähili wezipeleri goýandygyny düşündürýärdi.

Mundan başga-da, gazetde Beýik Watançylyk urşunyň bir ýyllyk, iki ýyllyk we üç ýyllyk jemleri baradaky materiallar çap edilýärdi. Şol materiallarda Goşunyň duşmany kül-peýekun etmekde gazanýan üstünligi görkezilýärdi. Bu bolsa ýeňşi çaltlandyrmakda zähmetkeşleri has-da tijendirmäge ýardam berýärdi.

Nemesleriň basyp alan etraplarynda partizanlaryň alyp baran örän agyr, emma biçak gahrymançylykly göreşlerini şöhlelendirýän materiallar "Sowet Türkmenistany" gazetinde az çap edilmedi. Gazetde türkmenistanly partizanlaryň hem nemesleriň tylynda duşmana garşy alyp baran işleri hakyndaky materiallar berilýärdi. "Çary Rejebow" diýen materiallda asly Daşoguzdan bolan mugallym Çary Rejebowyň 1941-nji ýylda biziň goşunlarymyz Gunorta frontda wagtlaýynça yza çekilende, duşmanyň tylynda galyp, partizanlara goşulandygy, şol ýerde köp edermenlik görkezendigi barada gürrün berilýär. ("Sowet Türkmenistany", 1945-nji ýylyň 17-nji ýanwary).

“Sowet Türkmenistany” gazetinde türkmen halkynyň frontda söweşýän türkmen ýigitlerine ýazan hatlary-da çap edilýärdi. Şol hatlaryň birinde respublikanyň zähmetkeşleri Stalingrady goraýan türkmen doganlarymyza, Goşunyň urşujylaryna ýeňşiň bähbidi üçin özleriniň tylda çekýän janaýamazakly zähmetleri barada gürrüň berip, frontda mykaddes topragyň her bir daban ýerini gözüň göreji ýaly edip goramagy, tä duşman kül-peýekun edilýänçä, oňa dyngysyz zarba urmagy olara tabşyrýar (“Sowet Türkmenistany”, 1942-nji ýylyň 7-nji oktýabry).

Türkmen halkynyň söweşýän goşunyň hataryndaky türkmen urşujylaryna iberen ýene bir haty (“Türkmen frontçularyna türkmen halkynyň haty”) ilki “Prawda” gazetinde çap edilip, soňra “Sowet Türkmenistany” gazetinde hem çap edilipdi. (1943-nji ýyl, 25-nji aprel).

Şol taryhy hatda şeýle sözler bardy: “Duşmana bir gün-de, bir sagat-da, dem bermäň! Duşmanyň janly güýjüni, söweş tehnikasyny ýerde-de, asmanda-da, suwda-da, suw astynda-da rehimsiz ýok ediň, faşistleriň hemme pirimlerini biliň, öňüni alyň, puja çykaryň!”

“Sowet Türkmenistany” gazetinde frontçy esgerleriň çeper eserleri-de çap edilipdir. Seržant A. Tagangylyjowyň “Ýerine ýetirilen üç buýruk” diýen oçerki, leýtenant Gara Gylyjowyň “Durmuşyň bahasy”, kapitan Gürgen Myradowyň “Taşlanan jaýyň ýanynda”, Hiç hili üýtgeşik bolmady” diýen oçerkdir hekaýalary front wakalaryny täsirli beýan edýär. N. Pommanyň “Söweşden”, “Watanyma hat” diýen goşgularynda duşmanyň kül-peýekun ediljek pursadynyň ýakynlaşýandygy, esgerleriň gahrymançylygy çeperçilik bilen beýan edilýärdi.

Diňe bir çeper eserlerde däl, hatda baş makalalarda hem türkmen ýigitleriniň edermenligi görkezilýär. Gazetiň “Türkmen halkynyň gahryman ogly” diýen baş makalasynda türkmen merdanalarynyň arasynda Sowet Soýusynyň Gahrymany diýen ada ilkinji bolup mynasyp bolan Gurban Durdynyň edermenligi beýan edilýär. Şondan birnäçe gün geçensoň, gazetiň redaksiýasynda Gurban Durdy bilen bolan duşuşyk baradaky reportaž ýerleşdirilipdir (“Sowet Türkmenistany” 1941-nji ýyl, 25,30-njy noýabr).

## Türkmen dilindäki goşun gazetleri

1.”Gyzyl esger hakykaty”.
2.”Türkmen atlysy”.
3. “Frunzeçi” (“Frunzewes”).

“Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda goşun metbugatynyň roly has-da artypdy. Uruş ýyllarynda esgerleri söweş wezipelerini ýerine ýetirmäge çagyrýan goşun gazetlerine-de aýratyn üns berilýärdi.

“Krasnoarmeýskaýa prawda” gazeti alty dilde – rus, gazak, özbek, täjik. gyrgyz, türkmen dillerinde çykýardy. Şonuň türkmen dilinde çykýan neşiri “Gyzyl esger hakykaty” diýlip atlandyrylýardy. Ol Günbatar frontda çap edilipdi. Gazetiň 1-nji sany 1943-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda, iň soňky sany hem 1944-nji ýylyň 25-nji maýynda çykyp, jemi 90-a golaý sany neşir edilipdir.

Gazet kiçi formatly, möçberi dört sahypadan ybarat. Gazetiň jogapkär redaktorynyň orunbasary A.Annanurow bolupdyr. Ol özüniň “Front depderlerinden” (Aşgabat, 1972) diýen kitapçasynda, gazetiň urşujylary harby, syýasy, medeni taýdan terbiýelemekde uly rol oýnandygyny belläp geçýär. Bu gazetiň redaksiýasynda Amanmyrat Annanurowdan başga, Annaguly Mämmetgulyýew, Tahyr Gurbanow, Annadurdy Annabaýew, Kakabaý Saryjaýew, Çary Babanyýazow, Sähetli Jumasähedow dagy işleýärdiler. Redaksiýada uly leýtenant Annaguly Mämmetgulyýew terjimeçi bolup işlemek bilen, front durmuşyndan täsirli materiallary-da ýazýardy.

Türküstan harby okrugynyň “Frunzowes” gazeti uruş ýyllarynda Daşkentde özbek, türkmen, täjik dillerinde neşir edilmäge başlanyp, 50-nji ýyllaryň ortalaryna çenli dowam edipdir. Türkmençe “Frunzeçi” gazeti 1943-nji ýylyň sentýabryna çenli çykypdyr. Gazet kiçi formatly,möçberi dört sahypadan ybarat bolup, hepdede iki gezek çykýardy.

“Frunzeçi” gazeti uruş ýyllarynda türkmen esgerlerini terbiýelemekde we fronta taýýarlamakda ep-esli rol oýnapdyr. Onuň sahypalarynda Sowet informasion býurosynyň maglumatlary, Ýokary Baş Komanduýuşiniň buýruklary, esgerleriň frontdaky edermenlikleri baradaky materiallar çap edilip durlupdyr. Söweşýän goşunyň

urşujylaryndan gelýän hem-de tyldaky goşun esgerleriniň fronta iberýän hatlaryny çap etmek üçin gazetiň ýörite rubrikasy bolupdyr.

"Frunzeçi" gazeti uruşdan soň hem tä ýapylýança, türkmen esgerlerine syýasy we harby tälim-tebiýe bermekde goşun komandowaniýesiniň ýakyn kömekçisi bolmagyny dowam etdiripdir. Gazetiň jogapkär redaktorynyň ozalky orunbasary, podpolkownik, žurnalist Gürgen Myradowyň beren gürrüňine görä, gazetiň giň habarçylar seti bolup, olaryň köpüsi redaksiýa bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyr.

"Frunzeçi" gazetiniň jogapkär redaktorynyň orunbasary 1945-nji ýylyň ortasyna çenli S.Lalaýans, 1945-nji ýylyň iýunyndan tä ýapylýança G. Myradow bolupdyr. Gazetiň dowam eden döwrüniň dürli ýyllarynda redaksiýada edebi işgär bolup Ýa. Nasyrly, Ş. Gurbanow, A.Annabaýew, A. Nazarow, A. Rozyýew, A. Täşliýew, N. Joraýew işlläpdir.

"Türkmen atlysy" gazeti. Bu gazet uruş ýyllarynda türkmen dilinde çykan neşirleriň biri. Ýöne onuň bir sanyny-da tapmak başartmady.

97-nji türkmen atly diwiziýasynyň weterany, gazetiň habarçysy, kapitan Aşyrmyrat Goşaýewiň beren gürrüňine görä, 1941-nji ýylyň birinji dekabrynda Maryda 97-nji türkmen atly diwiziýasynyň düýbi tutulypdyr. 1942-nji ýylyň fewralynyň aýaklarynda ýa-da martyň başlarynda diwiziýanyň "Türkmen atlysy" diýen gazeti çykyp ugrapdyr. Gazetiň redaktory ozalky metbugat işgäri Nepes Kulyýewdi.

Gazetiň iň soňky sanlary diwiziýa ozalky Stalinnabadda ( häzirki Duşanbe) durýan günlerinde, ýagny 1942-nji ýylyň aýaklarynda Täjigistandan Stalingrad frontuna ugran döwründe çykypdyr.

"Türkmen atlysy" gazeti esgerleri Watana wepalylyk, edermenlik hem gahrymanlyk ruhunda, duşmany ýigrenmek hem derbi-dagyn etmek ruhunda terbiýelemekde köp işleri alyp barypdyr. Gazetiň sahypalarynda leýtenant Annagylyç Ataýewiň gylyçly eskadronynyň, leýtenant Mülki Baýramowyň pulemýotçylar eskadronynyň we başga bölümleriniň esgerleriniň söweşjeň-syýasy taýýarlygy ökde ele alýandyklary barada täsirli zarisowkalar, gyzykly

oçerkler çap edilipdir. Gazetiň sahypalarynda pulemýotçy Tagan Baýramdurdyýew hakynda-da sada dilde ýazylan habarlar çap edilipdir.

Gürrüň bermeklerine görä, žurnalist Aşyrmyrat Goşaýewiň özi-de redaksiýa bilen ýakyn aragatnaşyk saklap, gazetiň her sanynda diýen ýaly habarlar, zarisowkalar bilen çykyş edip durupdyr.

## Uruş ýyllarynda neşir edilmegi dowam etdirilen žurnallar

1. Bolşewik", "Sowet edebiýaty" žurnallary.
2."Izwestiýa" žurnaly.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda "Bolşewik", "Sowet edebiýaty" hem-de uruş ýyllarynda neşir edilmäge başlanan "Izwestiýa" (SSSR Ylymlar akademiýasynyň Türkmenistan bölüminiň) žurnallary çykmagyny dowam etdirdi.

"Bolşewik" žurnaly. Bu žurnal TK(b)P MK-nyň syýasy we ykdysady organy bolup, aýda bir gezek çykýardy. Žurnalyň redaksion geňeşiniň düzümi 1941-nji ýylyň ahyryna çenli: Ýe. Şyhmämmedow, D. Akatow, M.Söýünow, Ş.Täşliýew we A. Annabaýew; 1942-nji ýylyň başyndan maý aýyna çenli onuň düzümi görkezilmän, ýöne "Redkollegiýa" diýlip ýazylýar. Şol ýylyň iýunyndan başlap redaksion geňeşiniň düzümi: Ş. Batyrow, M.Söýünow,D. Zotow, A. Annabaýew; 1944-nji ýylyň iýulyndan Ş. Batyrow, D. Zotow, Ş.Täşliýew dagydan ybarat bolýar.

Tiražy 1943-nji ýylyň iýunyndan 5 müň ekzemplýar bolup, möçberi her sanynda diýen ýaly üýtgäp durupdyr. Neşiriň möçberi orta žurnal formatynyň 35-72 sahypasyndan ybarat bolupdyr.

"Bolşewik" žurnalynyň mazmuny, tematikasy, çap edilýän materiallar dürli-dürli. Žurnalyň köp sanynda resmi materiallar agdyklyk edipdir. Duşmana garşy göreşe ýurduň ähli mümkinçiligini, maddy-tehniki, ruhy-medeni, adam güýjüni doly suratda gönükdirmek boýunça amala aşyrylýan çäreleri şöhlelendirýän resminamalar, kararlar, buýruklar, görkezmeler çap edilipdir. Žurnal

belli bir möçberde Goşunyň söweş hereketleri, frontdaky ýagdaý dogrusyndaky materiallary, uruş hereketiniň belli bir wagt aralygyndaky (bir aýlyk, üç aýlyk, ýarym ýyllyk, bir, iki ýyllyk) jemleri barada Sowet informasion býurosynyň habarlaryny beripdir.

Žurnalyň sahypalarynda ilata harby tälim öwretmek, ählumumy harby okuwy guramak, harby hüjümden goranmak bilen baglanyşykly meselelere-de uly üns berlipdir. Şol meseleler dogrusyndaky materiallar aýratynam žurnalyň 1941-1942-nji ýyllardaky sanlarynda köp duş gelýär. “Harby işi öwrenýänlere kömek”, “Howa hüjüminden goranmaga taýýar bol” diýen bölümlerde materiallar yzygiderli berlipdir.

Žurnalda halklaryň gahrymançylykly geçmişini, daşary ýurt basybalyjylaryna garşy alyp baran taryhy göreşlerini, halkyň watançy ogullarynyň görkezen edermenliklerini beýan edýän materiallara-da üns berilýärdi. Žurnalda “Biziň Watanymyzyň harby taryhyndan” diýen ýörite bölüm bardy.

“Bolşewik” žurnaly faşizmiň nejis keşbini, Gitler germaniýasynyň basybalyjykly syýasatyny we hereketini, nemes garakçylarynyň wagşylyklaryny, talaňçylyklaryny we ganhorluklaryny paş edýän materiallary-da çap edýärdi. Şunuň bilen birlikde, žurnalda faşistik Germaniýanyň we onuň ýaranlarynyň gürrünsiz synjakdyklaryny, biziň halkymyzyň we azatlyk söýüji beýleki halklaryň faşizmi ýeňjekdiklerini delillendirip görkezýän materiallar-da ýerleşdirilýärdi.

Türkmen halkynyň duşmandan üstün çykmak üçin amala aşyrýan watançylyk işlerini şöhlelendirýän, fronta berýän kömegini görkezýän materiallar žurnalda aýrtayn orny eýeleýär. Žurnalyň sahypalarynda “Türkmen halky nemes-faşistik basybalyjylara garşy göreşde”, “Türkmen halky fronta”, “Türkmen halkynyň fronta berýän kömegi” diýen sözbaşyly we şuňa meňseş birnäçe materiallar çap edilipdir.

“Bolşewik” žurnalynda respublikanyň hojalyk we medeni gurluşyk meseleleri-de gozgalýardy. Žurnalyň käbir sanynda “Bibliografiýa” rubrikasy bolup, onda “Türkmen dilinde çap edilen harby-syýasy kitaplaryň”, “Watançylyk urşy we goranmak barasyndaky täze kitaplaryň” sanawy berilýär.

Şurnalda aýal-gyzlar arasynda alnyp barylýan syýasy-guramaçylyk, ündew-terbiýeçilik işleri şöhlelendirilýär. Wagyz ediji materiallar yzygiderli berlip durulýar. Žurnalda “Agitatora kömek”, “Agitatora düşündiriş”, “Agitatora geňeşler”, “Agitatoryň sözlügi” diýen rubrikalarda çap edilýän materiallaryň uly ähmiýeti bardy.

Şeýlelikde, uruş ýyllarynda “Bolşewik” žurnalynda teoretiki makalalar, leksiýa we konsultasiýalar, ylmy-populýar häsiýetindäki materiallar belli bir derejede çap edildi.

“Sowet edebiýaty” žurnaly. Bu žurnal Türkmenistan Ýazyjylar birleşiginiň edebiýat, sungat, tankyt we bibliografiýa žurnaly bolmak bilen, aýda bir gezek çykýardy. Žurnalyň redaksion geňeşiniň düzümi 1942-nji ýylyň iýunyna çenli M.Janmyradow (jogapkär redaktor), A.H.Durdyýew, D.Agamämmedow, M.Annagurdow, A. Myrathanow bolýar.

1941-nji ýylyň awgust sanyndan başlap žurnalyň sahypalarynda çap edilen materiallaryň köpüsi harby temadan bolupdyr. Onda “Duşmany derbi-dagyn ederis”, “Mertlik bilen duşmany kül ederis”, “Uruş we ýazyjy” diýen sözbaşyly baş makalalar çap edilipdir. Çap edilen çeper eserleriň arasynda goşgular ep-esli orun tutýar. Durdy Gylyjyň “Ýörüň”, Ata Salyhyň “Ýigitler”, B. Seýtäkowyň “Beýik ýöriş” Nury Annagylyjyň “Ýigide”, Gara Seýtliýewiň “Hoşlaşyk”, Nurberdi Pommanyň “Gyryşymyz bardyr” diýen goşgulary we başga-da onlarça goşgular watançylyk ruhuna ýugrulyp, žurnalyň aglaba sanynda gabat gelýär.

Žurnalda çap edilen poeziýa eserleriniň arasynda birnäçe poemanyň-da bardygyny aýtmak gerek. K.Işanowyň “Gahryman şäher” (Sankt-Peterburg hakynda), R. Alyýewiň “Kapitan Gastello”, Ýa. Nasyrlynyň “Begenç”, B. Kerbabaýewiň “Aýlar”, D. Nepesowyň “Humaý” poemasy we başga-da birnäçe poema uruş ýyllarynda döredilip, duşmana garşy gazaply göreşde sowet adamlarynyň gahrymançylykly obrazlaryny teswirleýärler,

Žurnalyň sahypalarynda oçerk, hekaýa, nowella žanrlarynda döredilen eserler köp bolmasa-da, aýry-aýry sanlarynda gabat gelýär. Uruş ýyllarynda N. Saryhanow “Men gaýdyp geleriň”, B. Kerbabaýew “Gurban Durdy”, A. Annanurow “Ar” powestlerini döretdiler.

Uruş ýyllarynda žurnalyň sahypalarynda B. Kerbabaýewiň “Aýgytly ädim” romanynyň ikinji kitaby we A. Gowşudowyň “Mähri-Wepa” romany çap edildi.

“Sowet edebiýaty “ žurnalynda frontçy ýazyjylaryň eserleriniň çap edilmegine aýratyn üns berlipdir. Uruş ýyllarynda žurnalyň sahypalarynda R. Alyýewiň “Göwünleriň gazaby” poemasy, Ş. Kekilowyň “Kareliýa jeňňelinde”, N. Pommanyň “Söýgülime hat” K. Işannowyň “Watan gyzyna”, “Hüjümiň öňünde” eserleri çap edildi. Bu eserler söweşýän goşunyň hataryndaky türkmen ýazyjylarynyň Türkmenistana iberen eserleridir.

Uruş döwründe türkmen edebiýatynyň dramaturgiýa žanry-da ençeme eserler bilen baýlaşypdy. Şol ýýllarda A..Durdyýewiň “Partizan gyz”, B. Kerbabaýewiň “Çuňňur söýgi” ýaly bir aktly pýesalaryndan başlap, A. Kekilowyň “Men garry däl”, B.Kerbabaýewiň “Magtymguly”, “Gurban Durdy” ýaly dramalaryna çenli ençeme eserler döredilipdi.

Žurnalyň sahypalarynda türkmen klassyk edebiýatynyň eserlerini çap etmäge üns berlipdir. Şol ýyllarda klassyk edebiýatyny öwrenmäge we çapa taýyarlamaga B. Garryýew, G.Ahundow we M.Kösäýew ýaly ylmy işgärler işeňňir gatnaşypdyrlar. M.Kösäýew žurnalda Gurbanaly Magrupy baradaky gysgajyk giriş sözi bilen birlikde, onuň goşgularynyň birnäçesini  çap etdiripdir. B. Garryýew bolsa  Aşykynyň eserleri, Şabendäniň “Hojamberdi han” poemasy boýunça iş alyp barypdyr. Žurnalda “Ýusup-Ahmet” romanyndan, “Görogly” eposyndan we başga-da birnäçe eserlerden bölekler çap edilipdir.

1942-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda TK(b)P MK-nyň býurosy “Sowet edebiýaty” žurnalynda çeper eserleri türkmen we rus dillerinde çap etmek hakynda karar kabul edýär. 1942-nji ýylyň 11-nji sanyndan başlap, žurnalyň sahypalarynda türkmen ýazyjylarynyň aýry-aýry eserleri rus diline terjime edilip çykarylýar.

Türkmen edebiýatynyň eserlerini rus diline terjime etmekde uruş ýyllarynda respublika ewakuirlenip gelen ýazyjylar G.Şengeli, Ýu. Oleşa, Ýe. Serebrowskaýa, P.Lin, A. Turçinskaýa, N. Wolpin we başgalar işeňňir gatnaşypdylar.

Žurnalyň möçberi 1944-nji ýylyň ortalarynda tas dört esse diýen ýaly ulalýar

“Izwestiýa” žurnaly. TK(b)P MK-nyň býurosy 1944-nji ýylyň 21-nji awgustynda SSSR Ylymlar akademiýasynyň Türkmenistan bölüminiň “Izwestiýa” ylmy žurnalyny (ýylda 6 sanyny) neşir edip başlamak hakynda karar çykardy. Žurnalyň 1-nji sany 1944-nji ýylyň dekabrynda rus dilinde çykypdyr. Onuň möçberi orta formatly, 6 çap listden ybarat bolupdyr.

Žurnalyň jogapkär redaktory M.P.Petrow, onuň orunbasary H.Baýlyýew, redaksion geňeşiniň agzalary P.Azymow, O. Jumaýew, A. Poseluýewskiý, G. Karpow, B.Garryýew we başgalardyr.

Žurnalyň 1-nji sanynda SSSR Ylymlar akademiýasynyň Türkmenistan bölüminiň döredileniniň üç ýyllygy mynasybetli onuň bitiren işleri barada H.Baýlyýewiň, gadymy türkmen edebiýaty hakynda B.Garryýewiň, Türkmenistanda geologiýa ylmy dogrusynda P.Kaluginiň we beýleki alymlaryň makalalary ýerleşdirilipdir.

“Izwestiýanyň” 2-3-nji (goşa) sanynyň titulynda onuň çykan ýyly 1944-nji ýyl diýlip görkezilen-de bolsa, hakykatda ol diňe 1945-nji ýylyň aprelinde çykypdyr. Žurnalyň bu sany Türkmenistanyň döredilmeginiň 20 ýyllygyna bagyşlanypdyr. Žurnalyň umumy möçberi 12 çap listden ybarat bolup, M.Petrowyň 20 ýyl içinde respublikanyň ylmynyň ösüşi baradaky uly makalasy bilen açylýar. Şonuň yzyndan Türkmenistanda taryh ylmy (Ş. Ýurhanýan), arheologiýa (S.Ýerşow), etnografiýa (G.Karpow), dil bilimi (A.Poseluýewskiý), edebiýaty öwreniş (B. Garryýew), türkmen halk folklory (M.Sakali), lukmançylyk ylmy (W. Timakow), zoologiýa (M. Laptew), weterinariýa (K.Mirotworskiý) ylymlarynyň ýagdaýy we ösüş ugurlary baradaky makalalar çap edilipdir

1945-nji ýylda “Izwestiýa” žurnalynyň jemi 6 sany çykypdyr. Žurnal wagtly-wagtynda çykyp bilmändir. Emma muňa garamazdan, uruş ýyllarynda Türkmenistanda ýörite ylmy žurnalyň çap edilip başlanmagy bilen ylmyň dürli pudaklary boýunça alnyp barylýan barlag işleriniň we olaryň netijeleriniň hem-de ylmy ösüşiň geljegi bilen baglanyşykly meseleleriň şöhlelendirilip durulmagy örän möhümdi.

## Türkmen metbugaty uruşdan soňky ýyllarda (1945-1950ýý.)

1.Uruşdan soň ýaşlar gazetleriniň dikeldilmegi.
2. “Sowet Türkmenistany” gazeti we onuň tematikasy.

Uruş gutaransoň, ýaşlar gazetleriniň neşiri dikeldildi. 1945-nji ýylyň oktýabryndan “Ýaş kommunist” hem-de “Komsomoles Türkmenistana” gazetleri ýene çykyp başlady. “Sowet Türkmenistany”, “Turkmenskaýa iskra” gazetleri, “Sowet edebiýaty” şurnaly ozalky ýýllardakysy ýaly çykmagyny dowam etdirýärdi.

“Sowet Türkmenistany” gazeti uruş tamamlanansoň hem gahrymançylyk temasyny dowam etdirdi. “Gahryman hakynda gürrüň edeliň” diýen sözbaşyly ýörite sahypa berlip, Sowet Soýuzynyň Gahrymany Tagan Baýramdurdyýewiň edermenligi, onuň mähriban obasyna gelşi, adamlar bilen söhbedi beýan edilýär.

Gazet “Abatlaýyş işlerini we täze gurluşygy giň ýaýbaňlandyrmaly” diýen umumy sözbaşy bilen respublikada uruşdan soňky döwürde alnyp barlan işleri yzygiderli beýan edip durdy.

Partiýanyň MK-nyň býurosynyň 1945-nji ýylyň iýulynda bolan mejlisinde respublikan “Sowet Türkmenistany”, “Turkmenskaýa iskra” gazetleriniň möçberini ulaltmak we hilini gowulandyrmak hakynda karar kabul edildi. Karara laýyklykda, şol ýylyň 15-nji iýulyndan “Sowet Türkmenistany” hem “Turkmenskaýa iskra” gazetlerini dört sahypada çykarmak hakynda görkezme berilýär. Gazetleriň möçberiniň ulaldylmagy bilen ýerli ýagdaýyň meselelerini beýan etmek düýpli gowulandyrylyp başlandy.

1945-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda “Sowet Türkmenistany” gazetiniň birinji sanynyň çykyp başlan gününiň 25 ýyllygy bellenilýär. Gazetiň şol gün çykan sanynda “Sowet Türkmenistany” gazetiniň çykyp başlanyna şu gün 25 ýyl dolýar” diýlip iri harplar bilen ýazylypdyr.

Uruşdan soňky ýyllarda hem adamlaryň halk hojalygyndaky tutanýerli zähmetini beýan etmekde gazet wagyz edijilik hem guramaçylyk roluny abraý bilen ýerine ýetirdi.

1946-njy ýylyň ahyrlaryna çenli “Sowet Türkmenistany” gazetiniň redaksiýasynda partiýa, medeniýet, informasiýa, oba hojalyk, senagat we transport, hat we habarçylar bölümleri dowam edýärdi. Şol ýylyň ahyrynda propaganda bölümi hem döredildi.

Şol döwürde partiýanyň MK-sy respublikanyň öňünde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmäge zähmetkeşleri mobilizlemekde gazetleriň roluny güýçlendirmek wesipesini önde goýdy. Partiýanyň MK-nyň býurosynyň 1946-njy ýylyň ýanwarynda bolan mejlisinde “Respublikan “Sowet Türkmenistany”, “Turkmenskaýa iskra” gazetleriniň iş meýilnamalaryny tassyklamak hakyndaky” meselä garaldy hem-de SSSR Ýokary Sowetine saýlawlar döwri üçin respublikan gazetleriň iş meýilnamalary tassyklanyldy we gazetleriň öz wagtynda çykmagyny üpjün etmäge redaktorlar borçly edildi.

Mehanizasiýany gowulandyrman, oba hojalygyny ýokary götermek mümkin däldi. Şonuň üçinem partiýanyň MK-nyň býurosynyň 1946-njy ýylyň martynda bolan mejlisinde “Respublikanyň MTS-leriniň ýanynda mehanizatorlaryň taýýarlanylyşynyň we oba hojalygyny mehanizasiýalaşdyryş mekdepleriniň işiniň ýagdaýy hakyndaky” meselä seredilip, respublikanyň senagat, transport kärhanalarynda ýaryşyň barşyny, öňde baryjy kärhanalarynyň iş tejribesini, işiň stahanowçylyk usulyny gazet sahypalarynda yzygiderli beýan etmek respublikan gazetleriniň redaktorlaryna tabşyryldy.

1948-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda Aşgabatda güýçli ýer titremegi gazetiň işini togtadyp bilmedi. Redaksiýanyň işgärleri şol kynçylykly günlerde jemgyýetçilik bähbitlerini ileri tutup işlediler we özleriniň mähriban gazetiniň kadaly çykyp başlamagy üçin ellerinden gelenini etdiler. Gazet az-kem wagt 2 sahypa bolup çykdy. Onuň gündelik sanlarynda “Mähriban Aşgabadymyzy we onuň obalaryny dikelderis” diýen umumy sözbaşyly bölümler berlip duruldy. Dürli wezipedäki adamlar ilata ýüzlenip çykyş etdiler. Gazetde şäheriň dikeldilişi, Aşgabada berilýän doganlyk-dostluk kömegi hakynda gündelik temadan materiallar çap edilýär.

Şol döwürde gazet çykarmak gaty kyndy. Aýazly günler ýetip gelýärdi. Bütin halk bilen birlikde, redakiýanyň işgärleri-de jaýsyzdy. Onuň üstesine redaksiýalaryň hem jaýy ýokdy. Türküstan harby

okrugynyň gurluşyk batalonynyň kömegi bilen poligrafkombinatyň howlusynda redaksiýalar üçin derrew wagtlaýyn jaýyň gurulmagy işiň tiz hem kadaly ýola düşmegine kömek etdi.

Gazetde Aşgabatda dikeldiş işleriniň gidişi hakynda dürli-dürli materiallar berilýärdi. Şunuň bilen birlikde, häli-şindi diýen ýaly “Gurluşyk hronikasy-da” çap edilýärdi.

Aşgabatda ýer titrän agşamy (1948-nji ýylyň 5-nji oktýabryndan 6-njy oktýabryna geçilen gije) Aşgabat elektrik stansiýasynyň smena mehanigi Nury Meredow öz janyna howp salyp, gahrymançylykly iş bitirdi. Ol bütin jogapkärçiligi öz üstüne alyp, elektrik stansiýasynyň işläp duran dizellerini yzly-yzyna öçürmedik bolsa, häli-şindi sarsyp, çaýkanyp duran Aşgabady ot almagy hem mümkindi.

“Sowet Türkmenistany” gazetiniň redaksiýasy Nury Meredowyň asylly işi barada oçerk ýazmagy ýazyjy Pawel Karpowdan haýyş etdi. “Nury Meredow” diýen sözbaşyly oçerk gazetiň tutuş bir sahypasynda berildi. Ol oçerki soňra welaýat gazetleri-de öz sahypalarynda çap etdiler.

Uruşdan soňky ýyllarda “Sowet Türkmenistany” gazetinde däp-dessur temasyndan Berdi Kerbabaýewiň “Saňa-da degişli”, ýazyjy Gylyç Kulyýewiň “Zyýanly urp-adatlara garşy üzül-kesil göreş alyp barmaly”, filosofiýa ylymlarynyň doktory Geldi Çaryýewiň “Magtymguly şahyryň jemgyýetçilik-filosofik pikirleri” diýen publisistik makalalary, metbugatçy Mämmetdurdy Annagurdowyň Magtymguly hakyndaky “Ýoldaş Çaryýew bulaşdyrýar” diýen uly göwrümli materialy çap edildi. Bu materiallar giň okyjylar köpçüliginiň ünsüni çekip, köp sanly seslenme tapdy.

## Türkmen žurnalistikasy 50-nji ýyllarda

1.”Sowet Türkmenistany” gazetiniň tematikasy. Metbugatyň täze neşirleri.

2. Türkmen radiosy kämilleşiş ýolunda.

50-nji ýyllarda “Sowet Türkmenistany” gazetiniň taryhynda ýatdan çykmajak wakalar boldy. Gazetiň redaksiýasynda partiýa durmuşy, propaganda, sowet gurluşygy, oba hojalyk, medeniýet, informasiýa, hat we habarçylar bölümleri döredildi. Gazet özüniň esasy ünsüni doganlyk-dostluk temasyna berýär.

Partiýanyň MK-synyň býurosy 1950-nji ýylyň iýulynda bolan mejlisinde “Sowet Türkmenistany” gazetiniň redaksiýasynyň işi hakyndaky meselä garaldy.

Mejlisiň karary bilen gazetiň ýekşenbe sanlaryna üns bermäge, redaksiýanyň işgärleriniň hepdede bir gezek önümçilik maslahatyny geçirmäge, gazetiň öz habarçylarynyň redaksiýada üç aýda bir gezek tejribe geçmegini guramaga redaksion geňeş borçly edildi.

Şunuň bilen birlikde, “Sowet Türkmenistany” we “Туркменская искра” gazetleriniň redaksion geňeşleriniň döredilmegi gazetleriň ikisiniň-de döredijilik mümkinçiligini artdyrdy, taýýarlanylýan materiallaryň hiliniň gowulandyrdy.

“Sowet Türkmenistany” gazeti pagtaçylaryň iş tejribesini ýaýratmaga hem aýratyn üns berýärdi. Metbugat işgärleriniň we hünärmenleriň tagallasy bilen hojalyk ýolbaşçylaryndan Gurbandurdy Atamyrat, Agaýusup Aly, Mykgy Lorsy ýaly adamlaryň iş tejribeleri giňden ýaýradylýardy.

1950-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda gazetiň ýörite ýubileý sany çykdy. Gazetiň şu sanynyň birinji sahypasynda “Şu gün “Sowet Türkmenistany” gazetiniň döredilen gününe 30 ýyl dolýar” diýen sözler uly harplar bilen ýazylypdyr. Gazetiň şu sanynda baýramçylyk bilen baglanyşykly materiallar, gutlaglar ýerleşdirilýär.

“Sowet Türkmenistany” gazetiniň redaksiýasynyň bölümleri “Redaksiýa hat”, “Edebiýat we sungat”, “Soňky poçtadan”, “Täjigistandan hat”, “Sowet Türkmenistanynda” diýen ýaly rubrikalary girizýärler hem-de şol rubrikalarda materiallary çap edýärler.

Partiýanyň MK-nyň býurosynyň 1953-nji ýylyň aprelinde bolan mejlisinde “Sowet Türkmenistany” hem “Туркменская искра” gazetleriniň “Tipli ştatlary hakyndaky” meselä garalýar we

iki gazetiň hem tipli ştatlary tassyklanylýar. Bu gazetleriň hepdelik çykyş ýygylygy hem artdyrylýar.

50-nji ýyllaryň başlarynda neşirleriň täze tipleri-de döredilýär.

"Mugallymlar gazeti". Bu gazetiň ilkinji sany 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda çykdy. Ilkibaşda gazet kiçi formatda hepdede bir gezek neşir edildi. 1956-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan uly formatda çykyp başlady. 1959-njy ýylyň oktýabryndan gazet hepdede üç gezek neşir edilip ugraldy. Gazetiň 1977-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda 25 ýyllygy, 1992-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda 40 ýyllygy bellenildi. "Mugallymlar gazetiniň" ilkinji redaktory Şirli Durdyýew.

Häzirki döwürde hem gazet uly formatda, 4 sahypadan ybarat möçberde hepdede üç gezek çap edilýär.

"Mugallymlar gazeti" Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Ylym we bilim işgärleriniň kärdeşler arkalaşygynyň geňeşiniň gazeti. Onuň Beýik Galkynyş; milli miras we edebiýat; orta bilim we terbiýeçilik işi; ylym, ýokary we ýorite orta okuw mekdepleri bölümleri bar.

"Sowet Türkmenistanynyň aýallary".

Bu žurnal 1952-nji ýylyň ýanwaryndan, 20 ýyllyk arakesmeden soň, aýallar neşiri hökmünde ýene çap edilip ugraldy.

Žurnal soňra 1987-nji ýylyň aprelinden "Zähmetdeş aýal" ady bilen çykdy. Ol jemgyýetçilik-syýasy we edebi-çeper neşir. 1952-nji ýylyň ýanwaryndan başlap žurnala köp ýyllaryň dowamynda Garry Mämiýewa redaktorlyk edýär.

50-nji ýyllarda "Вышка", "Красноводский рабочий" şäher gazetleri, "Kolhoz ýoly", "Kolhozçy" etrap gazetleri-de döredilýär. Şol ýyllarda "Коммунист Туркменистана", "Türkmenistanyň oba hojalygy", "Здравоохранения Туркменистана" žurnallaram çap edilip ugralýar.

10 müňünji sanynyň çykmagy mynasybetli "Sowet Termenistany" gazetiniň ýubileý dabarasy bolýar. Gazetiň ýubileý dabarasy 1958-nji ýylyň 5-nji noýabrynda geçirilýär.

Şahyr Pomma Nurberdiýew gazetiň ýubileýine bagyşlap ýörite "Sanyň seniň" diýen goşgyny ýazýar. Goşgynyň bir bendinde şeýle diýilýär:

Men okyjyň, şahyryň, ýazdym saňa dessany,
Toýuň mübärek bolsun, “Sowet Türkmenistany”
Okanlara gyzykly bolsun sanyň has käni,
Çap et ýene köpüräk, goşgy bilen kyssany,
Mekdebim, mugallymym, her çykýan sanyň seniň.

## Türkmen radiosynyň kämilleşmegi.

1.Türkmen radiosynyň täze gepleşikleri.
2. Täze radioýaýlymlary.

50-nji ýyllaryň başlaryndan türkmen radiosy hem-de onuň tehniki bazasy, döredijilik mümkinçiligi ösüp başlady. Radiostansiýada kuwwatly radioperedatçikler ornaşdyrylyp, uzyn, gysga, orta tolkunlarda işläp biljek täze radiostansiýa işe girizilýär. Telewizion merkeziň ulanylmaga berilmegi bilen, ultragysga tolkunlardanam gepleşikler berlip başlanýar.

50-nji ýyllarda türkmen radiosynda jemi 4 sany (Geldi Döwletow, Oguljahan Mämikowa, Baýram Geldimyradow, Walentina Antipowa) diktor işleýärdi. Walentina Iwanowna Antipowa rus zenany bolsa-da, ol türkmen dilinde örän arassa gürlärdi. Mundan başga 2 sany (Georgiý Iwanowiç Guselowskiý hem-de Tamara Iwanowna Anisimowa) rus diktory hem işleýärdi. Türkmen radiosynda işlän diktorlar Moskwadaky radio merkezine baryp, hünäri kämilleşdiriş okuwynda hem bolup geldiler. Ol ýerde Lewitan, Dubrowin, Panfilow, Ýarsew, Çižow, Gersik ýaly ussat diktorlardan sapak almak türkmen diktorlaryny has-da kämilleşdiripdi.

- Ilkinji halypam Geldi Döwletow, Arap Gurbanow, Oraz Döwletow dagy boldy. Geldi Döwletow örän giň göwrümli, salyhatly, adamkärçilikli mylaýym adamdy. Gaty gowy sesi bardy. Oňa “Türkmen Lewitany” diýerdiler. Ol: “Oňat diktor boljak bolsaň, başga diktora öýkünjek, meňzejek bolmagyn. Öz okaýşyň, öz ýüzüň

bolmalydyr” diýerdi. Arap Gurbanow hem: “Ussat diktor ähli görnüşdäki materiallary: hala ol syýasy makala bolsun, hala hekaýa, goşgy, hala ol sazly gepleşik-hemmesini okamakdan baş çykarmaly” diýip sargardy. Geldi Döwletow Oguljahan Mämikowa bilen, menem Walentina Antipowa bilen tekstleri bile okardym. Ýuriý Lewitanyň tekst okaýşy meni haýran galdyrardy. Ol studiýa girmänkä, teksti okap çykyp, haýsy söze nähili basym bermelidigini, nirede azajyk säginmelidigini galam bilen özüçe bellik ederdi. Ýuriý Lewitan türkmen radiosynyň 50 ýyllyk ýubileýine gatnaşypdy we dabarada söz sözläpdi. Ýuriý Lewitan bilen soň-soňlaram aragatnaşyk saklanyldy. Ol 1983-nji ýylyň 4-nji awgustynda Belgorod şäheriniň uruş weteranlary bilen bolan duşuşykda tarpa-taýyn aradan çykdy- diýip, türkmen radiosynyň ussat diktory Baýram Geldimyradow ýatlamasynda ýazýar.

1958-nji ýylda respublikada telewideniýe işläp başlansoň, Teleradio gepleşikleri baradaky döwlet komiteti döredilýär. Radioda gepleşikler 2 programmada alnyp barylýar. Radionyň “Türkmenistanyň aýallary”, “Işçi radiogazeti”, “Kolhoz obasynyň medeniýeti”, “Edebiýat we sungat täzelikleri”gepleşikleri,“Ýer eýeleri”, “Altyn toprak”, “Bökelek” radiožurnallary efire goýberilýär.

Özbaşyna efiri hem tolkuny bolan “Bahar” radiostansiýasy açylýar.

50-nji ýyllaryň ahyrlarynda täze tipli gazetlerem döredilip başlanýar. Şolaryň biri-de “Edebiýat we sungat”hepdeligidir.

**“**<u>Edebiýat we sungat”</u> gazeti. Onuň ilkinji sany 1958-nji ýylyň 5-nji iýulynda şenbe güni çykdy. Ol Türkmenistan Ýazyjylar birleşiginiň prawleniýesiniň we Türkmenistan Medeniýet ministrliginiň organy. Uly formatly, möçberi 4 sahypadan ybarat. Edebi-çeper hepdelik gazeti.

“Edebiýat we sungatyň” ilkinji sanynda “Gadyrly okyjylarymyza ” diýen baş makala berildi. Onda näme sebäpden, metbugat organyny döretmek talabynyň öňe sürlendigi nygtalýar. Baş makalada bellenilişi ýaly, resbublikada edebiýaty, sungaty, medeniýeti ösdürmäge berilýän ünsüň soňky ýyllarda ep-esli derejede artandygy, bu meseleler boýunça azda-kände işleriň ýerine

ýetirlendigi, etmeli işleriň bolsa çäksiz derejede köpdügi, şu meseleleri yzygiderli beýan edip durar ýaly, edebi – çeper organ gerekdi.

“Edebiýat we sungatyň” ilkinji redaktory ýazyjy Beki Seýtäkow.

Soňky ýyllarda gazetiň möçberi 8 sahypa ýetirilýär. 1991-nji ýylyň maýyndan redaksiýanyň edebiýat, sungat, miras we publisistika, medeniýet we hatlar bölümleri döredilýär. Gazetiň redaksion geňeşiniň düzümi täzelenilýär. Redaksion geňeşiň düzümine medeniýet ministrliginden hem döredijilik birleşikleriniň hersinden bir wekil alynýar.

Häzirki beýik Galkynyş eýýamynda gazetiň şygyr, kyssa we edebi miras, medeniýet we sungat, halkara durmuşy bölümleri bar.

1978-nji ýylyň 5-nji iýulynda gazetiniň 20 ýyllygy, 1983-nji ýylyň 8-nji iýulynda 25 ýyllygy, 1993-nji ýylyň 2-nji iýulynda 35 ýyllyk ýubileýi bellenilýär. Edebi-çeper hepdeliginiň geçen 35 ýyllyk taryhy ýoly barada ýazyjy Hojamyrat Goçmyradowyň ýazan “Ruhy gözelligiň aýnasy” diýen kitaby 1994-nji ýylda çapdan çykdy.

## Türkmen žurnalistikasy 60-njy ýyllarda

1. Türkmen Telewideniýesiniň döreýşi, ösüşi
2. “Sowet Türkmenistany”, “Edebiýat we sungat” gazetleri, tematikasy. WUZlaryň köp tiražly neşirleri.

Türkmen Telewideniýesiniň döreýşi hem ösüşi. Telewideniýe 1958-nji ýylda döredildi hasap edilen hem bolsa, onuň ösüş ýoly 60-njy ýyllardan başlanýar. Ilkibaşda telewideniýä ozalky “Bilim” jemgyýetiniň jaýyndan 2-3 sany otag berilýär, ozalky Döwlet plan komitetiniň jaýynyň 3-nji gatynda hem göçme telewizion

stansiýasynyň apparaty oturdylýar. Telewideniýe boýunça kino görkezilýär, aýdym-saz berilýär. Olar hem Gökdepe-Gäwers aralygyndan uzaga gitmeýär. Telewideniýäni ilkinji bolup esaslandyran ýazyjy Taňryberdi Hojakgaýew.

60-njy ýyllaryň başlarynda telebaşnýa (telediň) ulanylmaga berlensoň, telewideniýede iş ugrugyp başlaýar. Telewideniýede işlemäge Çary Ödekow, Durdy Saparow, Atda Badaýew, Aşyr Nazarow dagy çagyrylýar. Studiýa açylyp, Telewideniýäniň çeperçilik geňeşi döredilýär.

Ondan soň Kakow Orazsähedow, Mihail Rýabinin, Ýuriý Rýabinin, Jumadurdy Saryýew dagy teledöredijilik işleri bilen meşgullanyp başlaýar. Emma işler birbada şowuna bolup gidibermeýär. Režissýorlar, olaryň kömekçileri, operatorlar ýetenokdy.

Daşkendiň teatral institutyny gutaran Aman Tommadow, Aman Hojagulyýew dagy telewideniýä işe geldiler. Žurnalistler Abdy Myradow, Sahy Mämmedow radiodan çagyryldy. “Sowet Türkmenistany” gazetiniň fotohabarçysy Rejep Işanow operatorlyga işe kabul edildi.

Şeýlelikde, telekanallaryň göwrümi artyp, halk hojalygynyň dürli pudagy boýunça bölümler döredilýär. Taýýarlanylýan gepleşikleriň sany artýar, mazmuny gowulanýar, Telefilmler alnyp başlanýar.

Türkmen telewideniýesiniň maddy-tehniki bazasy pugtalandyrylýar. Ol ösüş ýoluna düşüp, 1967-nji ýylda gepleşikler Moskwadan hem alnyp görkezilip başlandy. Şunuň bilen birlikde gepleşikleri dürli reňkdäki şekillerde bermek ýola goýuldy.

Türkmen telewideniýesi gysga wagtda kyn ýoly geçip, tejribe toplaýar. Taýýarlanylýan gepleşikleriň hili gowulandyrylýar.

XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrlarynda telefestiwallar geçirilip başlanýar, respublikalaryň arasynda telegepleşikleriň alyş-çalşy ýola goýulýar. Nebitdagda (Balkanabat), Çärjewde (Türkmenabat), Baýramalyda telewizion merkezler açylýar.

Türkmen telewideniýesi teleoýunlary, çeper hem dokumental telefilmleri guraýar. Ýurdumyzyň görnükli adamlary Alty Garlyýew, Sona Myradowa hakynda gyzykly gepleşikleri berýär.

60-njy ýyllarda Türkmenistanyň ykdysadyýetini hem-de medeniýetini ýokary götermek ugrundaky göreşde metbugatyň roly uly boldy. “Sowet Türkmenistany”, “Туркменская искра”, “Mugallymlar gazeti”, “Edebiýat we sungat” gazetlerinde çap edilýän materiallaryň mazmuny gowulandyryldy. Dürli gazet žanrlary ulanylyp başlandy.

“Sowet Türkmenistany” gazetinde doganlyk respublikalaryň pagtaçylarynyň özara ýaryşy hem giň beýan edilýär. Täjigistanyň Gissar jülgesiniň “Победа” kolhozynyň brigadiri Garasaç Beknazarowanyň türkmen pagtaçylaryna ýüzlenmesi “Kim Garasaç bilen ýaryşmakçy?” diýen sözbaşy bilen gazetde çap edilýär. Türkmen pagtaçylary Garasaçyň ýüzlenmesine giň seslenme bilen jogap berýärler.”Gel ýaryşsaň, Garasaç” diýen aýdym döredilip, ol uzak wagtlap ýerine ýetirilip gelindi. Gazet özara ýaryşy ahyryna çenli öňat alyp bardy.

Öžbegistanly Tursunaý Ahunowanyň watançylyk başlangyjy hem türkmen pagtaçylarynda gyzyklanma döretdi. Türkmen aýal-gyzlaryndan sürüji mehanikler Tursunaý Ahunowanyň göreldesine eýerip işlediler. Doganlyk respublikalaryň pagtaçylarynyň özara ýaryşyny beýan etmekde gazetiň roly uly boldy.

1962-nji ýylda “Sowet Türkmenistany” we “Туркменская искра” gazetleriniň redaksiýalarynyň “Garagum kanalynyň gurluşygynda” diýen köp tiražly gazetini çykarmagy dowam etdirildi. Gazet hepdäniň çarşenbe we şenbe günlerinde çykýardy.

1966-njy ýyldan başlap, oba hojalyk bölüminiň ýanynda öňde baryjy tejribäni wagyz etmek boýunça ştatdan daşary bölüm döredilýär. Bölüme ilki oba hojalyk ylymlarynyň doktory O.Jumaýew, soňra oba hojalyk ylymlarynyň kandidaty Ö.Annamuhammedow ýolbaşçylyk edýär. Ştatdan daşary bölümiň ýardam bermeginde respublikamyzyň alymlarynyň, hünärmenleriniň makalalary, öňde baryjy hojalyklardan ýazylan materiallar yzygiderli berlip durulýar.

“Sowet Türkmenistany” gazetinde “Güneşli ülkämiziň aýal-gyzlary” diýen sahypa taýýarlanylyp başlanýar. Ony taýýarlamaga redaksiýanyň ştatdan daşary aýallar bölümi kömek berýärdi. Bölüme taryh ylymlarynyň kandidaty O.Poladowa ýolbaşçylyk etýärdi.

Ştatdan daşary bölümiň işgärleri “Aýal-gyzlar gürrüň berýärler” diýen rubrikada berilýän materiallary-da taýýarlamaga kömek berýärler.

Gazetde 1968-nji ýylyň 19-njy iýunynda Tejen etrabynyň “SSKP-niň XXII gurultaýy” hojalygyndan Hydyr Babaýewiň “Oba intelligenti we oba medeniýeti” diýen makalasy çap edilýär. Makala köp sanly seslenme geldi. Seslenmeleriň hemmesi “Oba intelligenti we oba medeniýeti” diýen rubrikada berildi.

1970-nji ýylyň 29-njy iýulynda “Sowet Türkmenistany” gazetiniň 50 ýyllyk ýubileýi bellenilýär. Ýubileý mynasybetli gazetiň ýörite göýberilişi, buklet çykarylýar.

Türkmenistanyň halk ýazyjysy Aman Kekilowyň gazetiň altyn ýubileýine bagyşlap ýazan “Durmuş aýnasy” diýen goşgusynyň jemleýji bendinde şeýle diýilýär:

Şanly elli ýaşyň mübärek bolsun,
Işiň rowaç tapsyn geljek ýyllarda!
Halkymyzyň,Watanmyň bähbidi üçin,
Goý, waspyň ýaňlansyn ýene dillerde.

60-njy ýyllarda “Edebiýat we sungat” gazeti hem özüniň sahypalarynda hiç wagt ýatdan çykmajak taryhy wakalary beýan edip durdy. 1960-nji ýylyň noýabrynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 225 ýyllygy dabaraly bellenilip geçilýär. “Edebiýat we sungatyň” 25-nji noýabrda çykan sany tutuşlygyna Magtymguly Pyragynyň 225 ýyllyk ýubileýine bagyşlanylýar. Gazetiň ýörite bu sanynda B.Kerbabaýewiň, M.Kösäýewiň,H.Taňryberdiýewiň we beýlekileriň makalalary ýerleşdirilýär.

9-njy maý-Ýeňiş güni mynasybetli Beýik Watançylyk urşuna elleri ýaragly gatnaşyp, Watanyň namysy ugrunda, ýaşlaryň bagtly geljegi ugrunda söweşen edebiýat hem sungat işgärleriniň sanawy gazetde görkezildi. Olaryň arasynda Hajy Ysmaýylow, Şaly Kekilow, Çary Asyrow, Kemal Işanow, Aman Gulyýew, Nyýazmyrat Dowodow, Ruhy Alyýew, Baýram Gurbanow, Yzzat Gylyjow, Haldurdy Durdyýew, Habyp Mämmetýarow, Orazgül Ödäýewa, Pomma Nurberdiýew, Nurmyrat Saryhanow, Ata Nyýazow, Anna Kowusow we beýlekiler bar.

1961-nji ýylda gazet sahypalarynda satiriki sahnajyklar, kinooçerkler, bir perdeli pýesalar, kinossenariler çap edilýär. Şeýle hem şol ýyldan ýörite satira sahypasy berlip başlanýar.

Kemine diýer, adamzatdan ýüz görmen,
Ýagşa ýagşy diýr men ýamana ýaman -

diýen setirler bilen başlanýan “Keminäniň gep haltasy” rubrikasy-da döredildi. Bu rubrika astynda okyjylaryň tankydy habarlary, bellikleri çap edilýär.

Gazet şahyrlaryň hem kyssaçylaryň döredijiligi barada okyjylara habar bermek maksady bilen, 1963-nji ýylda “Ýazyjynyň döredijilik güni” rubrikasyny girizdi. Şu rubrika bilen 1963-nji ýylyň 24-nji aprelinde ilkinji gezek Kerim Gurbannepesowyň döredijiligi hakynda söhbet boldy.Şol ýyl Näzik Annatyýewa bilen Täşli Gurbanowyň döredijiligine hem ak pata berildi.

1965-nji ýylda “Il içinde seniň tutulsa adyň”, “Çekişmän-bekişmez”, “Ýagşy adam ýatdan çykmaz”, “Galamdaş ýoldaşymyzy ýatlap” rubrikalary has-da ýörgünli boldy.

60-njy ýyllarda “Sowet edebiýaty”, “Agitatoryň bloknoty” žurnallaryna hem täze rubrikalar girizildi. 1968-nji ýylda “Mugallyma kömek” žurnaly “Türkmenistanyň halk magaryfy” žurnalyna öwrüldi. “Вечерный Ашхабад” gazeti döredildi.

Ýokary okuw mekdepleriniň köp tiražly neşirleri.

Ýokary okuw mekdepleriniň arasynda ilkinjileriň hatarynda neşir edilen köp tiražly gazetleriň biri “Пульс” gazetidir. Ol Türkmen döwlet medisina institutynyň neşiri. Ol Beýik Watançylyk urşundan ozal döredilipdi. Bu gazet urşa çenli öz esasy wezipesini medinstitutynyň içki işlerine hyzmat etdiren bolsa, Beýik Watançylyk urşy döwründe öz roluny has-da giňeltdi. Gazet aýda üç gezek çykdy.Işeňňir habarçylarynyň arasynda professorlar, mugallymlar bolan.

“Пульс” gazeti söweşýän goşun bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyr. Instituty gutaryp giden harby wraçlaryň hatlary gazetde çap edilip durlupdyr. Uruşdan soňky ýyllarda-da gazet institutyň okuw-terbiýeçilik işlerini yzygiderli beýan edilipdir. Gazetiň redaktory Bogoworowa institutyň kafedralarynyň işgärlerini,

köpçülik guramalarynyň wekillerini gazetiň işine çekmegi başarypdyr.

60-njy ýyllarda “Пульс” gazeti “Медик” ady bilen çykdy. Gazetiň sahypalarynda institutyň durmuşyndan dürli habarlar, goşgular, kyssa eserleri çap ediľýärdi.

Şol ýyllarda şunuň ýaly köp tiražly gazetler Türkmen döwlet uniwersitetinde “Türkmen uniwersiteti”, Oba hojalyk institutynda “Miçurinçi”, Türkmen politehniki institutynda “Inžener”, Türkmenabatdaky mugallymçylyk institutynda “Magaryfçy” ady bilen çap ediľýärdi.

## Türkmen žurnalistikasy 70-nji ýýllarda

1.Milli gazetleriň tematikasy.

2.Ýaş žurnalistleriň taýýarlanylyşy, türkmen teleradiosynyň ösüşi.

Habar beriş serişdeleriniň, esasan-da, metbugatyň tematika baýlygy artdy. Gazet-žurnallarda täze rubrikalar peýda boldy.

Metbugat termoýadro urşy howpunyň ýok edilmegi we dünýäde parahatçylygy has-da berkitmek ugrundaky göreşe degişli materiallary has-da köp çap etdi.

1970-nji ýylyň 29-njy iýulynda “Sowet Türkmenistany” gazetiniň 50 ýyllyk ýubileýi bellenilýär. Ýubileý mynasybetli gazetiň ýörite göýberilişi, buklet çykarylýar.

Türkmenistanyň halk ýazyjysy Aman Kekilowyň gazetiň altyn ýubileýine bagyşlap ýazan “Durmuş aýnasy” diýen goşgusynyň jemleýji bendinde şeýle diýilýär:

Şanly elli ýaşyň mübärek bolsun,
Işiň rowaç tapsyn geljek ýyllarda!
Halkymyň, Watanmyň bähbidi üçin,
Goý, waspyň ýaňlansyn ýene dillerde!

70-nji ýyllarda “Sowet Türkmenistany” gazetinde dürli temadaky materiallar çap edilýär. “Maý-Aşgabat-Büzmeýin gaz prowody”, “Mehanizator aýl-gyzlaryň ýaryşy”, “Garagum kanalynyň gurluşygynda” “Seniň ýaşaýan obaň” rubrikalary has-da ýörgünli boldy.

Gazet 1970-nji ýylda “Ülkämiziň aýal-gyzlary”, Size nähili hyzmat edilýär”, “Ýaşlyk joşguny”, “Redaksiýa gelen hatlardan”, “Peýkamyň poçtasyndan” diýen rubrikalary dowam etdirdi.

“Sowet Türkmenistany” gazeti 70-nji ýyllaryň başyndan pagta ýygýan maşynlary sürüji aýal-gyzlaryň özara ýaryşyna giň orun berip başlaýar. 1970-nji ýylyň pagta ýygymy möwsüminde sürüji mehaniklerden Farapdan Altyn Işangulyýewa bilen Sakarçägeden Ogulhan Seýtgulyýewa özara ýaryşyp işlemek barada çagyryş bilen çykyş etdiler. Gazetde olaryň çagyryşyna gelen seslenmeler yzygiderli çap edilýär. “Mehanizator aýal-gyzlaryň ýaryşy” diýen rubrikada seslenmeleriň 20-den gowragy berilýär.

70-nji ýyllarda Orta Aziýa respublikalarynyň we Gazagystanyň gazetleri bilen bilelikdäki ýörite sanlary-da taýýarlanylýar. 1970-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda “Sowet Uzbekistoni”, “Sowettik Kyrgyzstan”, “Sosialistik Kazahstan”, “Toçikistoni Soweti” we “Sowet Türkmenistany” gazetleriniň ýörite birleşen sany çykaryldy. 1971-nji ýylyň 27-nji iýulynda hem “Orta Aziýa respublikalary we Gazagystan täze bäşýyllykda” diýen umumy sözbaşy bilen bu gazetleriň birleşen sany çykarylýar.

1971-nji ýyldan başlap doganlyk-dostluk temasyndan materiallar berilýär. Şu temadaky materiallar “Doganlyk-däbimiz, dostluk-kanunymyz” diýen rubrika astynda çap edilýär. Gazetde watançylyk temasy “Gyzyl ýyldyz”, “Serhetçi”, “Watan goragynda” bölümlerinde beýan edilýär.

1973-nji ýyldan başlap, “Sowet Türkmenistany” gazetiniň Mary GRES-ndäki habarçylar posty habar berýär” diýen rubrika girizilýär we Mary GRES-ndäki günňdelik täzelikler redaksiýa habar berlip durulýar.

1974-nji ýyldan respublikanyň habar beriş serişdeleriniň bilelikdäki reýdleri geçirilip ugralýar. “Sowet Türkmenistanynyň”, “Turkmenskaýa iskranyň”, telewideniýäniň, radionyň brigadasy

ekişde”, “Sowet Türkmenistanynyň”, “Turkmenskaýa iskranyň”, telewideniýäniň, radionyň brigadasy galla oragynda” diýen rubrikalar girizilýär we reýde gelen jogaplar “Reýd brigadasynyň materiallary boýunça” diýen rubrikada çap edilýär.

70-nji ýyllarda Gowşut Şamyýewiň “Ýaş kommunist” gazetinde çap edilen “Agyrly dişi goparmasaň” (1974-nji ýylyň 15-nji ýanwary), Döwlet Esenowyň “Sowet Türkmenistany” gazetinde çap edilen “Oňlamazdan ozal oýlanylsa” (1975-nji ýylyň 2-3 iýuly) giň okyjylar köpçüliginiň ünsüni özüne çekdi. Däp-dessurlar hakyndaky bu makalalara okyjylardan köp seslenme geldi. Seslenmeleriň hemmesi-de gazetlerde çap edildi.

“Edebiýat we sungat” gazeti-de täze rubrikalary girizdi. “Poeziýa barada söhbet”, “Edebiýat we sungatyň” myhmanlary”, “Moral temadan” rubrikalary bilen gyzykly materiallar çap edildi.

Gazet sahypalarynda alymlaryň çykyşlary “Agtaryşlar, barlaglar, tapyndylar, çaklamalar” rubrikasynda berildi. “Inçe senediň ussatlary iş başynda”, “Diliň baýlygy-uly iliň baýlygy”, “Gazetiň sahypalaryndan” rubrikalarynda materiallar çap edildi. 1977-nji ýylda ýaş ýazyjylaryň welaýat seminarlaryndan hasabatlar guraldy.

70-nji ýyllaryň ortalaryndan soň däp-dessurlar gazetiň möhüm temasyna öwrüldi. Gazetde çap edilen “Ölüsini sylamadyk - dirisini sylamaz” diýen sözbaşyly makala köp sanly seslenme geldi. Gazet sahypalarynda gonamçylyklar barada berilýän materiallar okyjylaryň göwnünden turdy.

70-nji ýyllar ýubileý senelerine baý ýyllar boldy. “Turkmenskaýa iskra”(1974ý.) gazetiniň , “Türkmenistan kommunisti” (1975ý.), “Tokmak”(1975ý.), “Pioner”(1976ý.) žurnallarynyň, “Ýaş kommunist”(1977ý.)gazetiniň,“Türkmenistan agitatory”(1977ý.) žurnalynyň, “Komsomoles Turkmenistana”(1978ý.), “Lenin baýdagy”(1978ý.) gazetleriniň, “Sowet edebiýaty”(1978ý), “Türkmenistanyň oba hojalygy”(1978ý) žurnallarynyň ýubileý seneleri bellenildi.

Türkmen teleradiosy.

70-nji ýyllarda ýurdumyzyň radiogepleşikleri 3 programma boýunça berildi. Şunuň bilen birlikde, Bütinsoýuz radionyň

gepleşikleri-de alnyp eşitdirildi. Gije-gündiziň dowamynda berilýän 63 sagatlyk gepleşigiň 48 sagady türkmen radiosyna degişlidi.

Türkmen radiosynyň aýaga galmagyna we ösmegine döredijilik işgärleri uly goşant goşdular. Bu möhüm işde ýazyjylar, žurnalistler, kompozitorlar, sazandalar-Ata Gowşudow, Nurmyrat Saryhanow, Berdi Kerbabaýew, Aleksandr Aborskiý, Ata Salyh, Aşyr Nazarow, Aşyr Kulyýew, Pürli Saryýew, Mylly Täçmyradow, Çary Täçmämmedow dagy uly hyzmaty bitirdiler. Radionyň ilkinji sazandalary hem-de bagşylary halkyň söýgüsini gazanan Oraz salyr, Muhy bagşy, Nursähet bagşy, Garly bagşy bolupdyrlar.

Radiožurnalistler – B.Pälwanow, P.Çörliýew, S. Mämmedow, W.A.Baýkowa, R Gutlyýew, A.Myradow, A.Myşyýew, H. Galandarow, režissýorlar hem operatorlar – H. Ýakubow, S. Saryýew, M. Nyýazow, R Işanow we beýlekiler öz kärlerine jany-teni bilen berlen yhlasly adamlardylar.

Radioda yzygiderli berilýän gepleşikler bilen bir hatarda, “Altyn toprak”, “Ýalkym”, “Çemen”, “Bahar”, “Oba durmuşy”, “Ýer we onuň eýeleri”, “Azatgül”, “Işçi radiogazeti” ýaly radiožurnallar köpleriň söýüp diňleýän gepleşikleri bolupdylar.

Radiogepleşikleriň berlip başlanan ilkinji ýyllarynda halk saz gurallary we bagşylar ansambly döredilýär. 60-njy ýyllarda häzirki zaman döredijilik kollektiwleri düzülip başlanýar. Olar diňe bir halk aýdym-sazlaryny wagyz etmek bilen çäklenmän, eýsem klassyky, häzirki zaman aýdymlaryny, kompozitorlaryň iň oňat eserlerini äleme ýaýratdylar.

Estrada orkestriniň döredilmegi bilen ýurtda türkmen estrada aýdym-sazlary has-da meşhurlyk gazandy. Hor kollektiwiniň,estrada orkestriniň, “Güneş” aýdym-saz ansamblynyň, çagalar horunyň konserti radioda ýaňlandy.

70-nji ýyllaryň başlarynda Radiotelewideniýe boýunça döwlet komitetiniň döredilmegi bilen türkmen telewideniýesi ösüş ýoluna düşdi. “Siziň üçin, körpeler”, “Aýna”, “Ýartygulak” teležurnallary teletomaşaçylaryň söýgüsini gazandy. Türkmen telewideniýesine zehinli, ukyply ýaş žurnalistleriň gelmegi bilen taýýarlanylýan gepleşikleriň, wideosýužetleriň hili has-da gowulandy. Şunuň bilen birlikde, radiogepleşikleriň gerimi giňeldi.

Telewideniýäniň Krasnowodsk (häzirki Türkmenbaşy), Nebitdag (häzirki Balkanabat), Baýramaly, Çärjew (häzirki Türkmenabat) şaherlerindäki bölümleriniň işläp başlamagy bilen, dürli temadaky gepleşikleri operatiw taýýarlamaga mümkinçilik döredi.

"Türkmentelefilmiň" döredijilik birleşigi çeper hem dokumental filmleriň birnäçesini taýýarlap, ekrana goýberdi.

Ýaş žurnalistleriň taýýarlanylyşy. Metbugat setiniň geriminiň hem-de olara bildirilýän talabyň ösmegi, teleradionyň durmuşa pugta ornaşmagy bilen žurnalistleriň ýetmezçiligi mese-mälim bildirip başlady. Ýurdumyzda milli žurnalistleri taýýarlaýan ýörite okuw mekdebi ýa-da žurnalistika bölümi ýokdy. Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen filologiýasy fakultetiniň 3-nji ýyl talyplaryndan žurnalistika hünärine isleg bildirýänleriň az sanlysy ozalky SSSR-iň Moskwadaky, Leningraddaky, Swerdlowskidäki (häzirki Ýekaterinburg) döwlet uniwersitetlerine okuwa iberilýär. Şol ýerlerde okuwyny dowam etdirensoň, olara žurnalist hünäri boýunça diplom berilýärdi. Şeýle usul hem biziň milli žurnalistlere bolan islegimizi kanagatlandyrmaýardy.

Şonuň üçin 1971-1972-nji okuw ýylynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen filologiýasy fakultetiniň 3-nji ýyl talyplaryndan žurnalist hünäri boýunça döredilen toparda žurnalistika ugrundan ýörite dersler okadylyp başlandy. Şol dersleriň arasynda "Türkmen žurnalistikasynyň taryhy" dersi hem bardy. Ony ilkinji bolup baýry metbugatçy Mämmetdurdy Annagurdow okadypdy.

Žurnalist hünäri boýunça şunuň ýaly toparlar 1972-1973-nji hem-de 1973-1974-nji okuw ýyllarynda-da döredilip, soňra ýapylypdy. Şondan ençeme ýyl geçensoň, 1984-1985-nji okuw ýylynda žurnalist hünäri boýunça topar ýene döredildi we 1992-nji ýyla çenli, tä žurnalistika bölümi açylýança, şeýle topar dowam etdirildi. Žurnalist hünäri boýunça toparda soňky ýyllarda "Türkmen žurnalistikasynyň taryhy" dersini Hojamyrat Goçmyradow okatdy.

## Türkmen žurnalistikasy 80-nji ýyllarda

1.Milli metbugatyň tematikasy.
2. Şäher hem etrap gazetleri.
3.”Körpe”, “Ýaşlyk” žurnallary. Türkmenteleradio.

80-nji ýyllarda respublikanyň Merkezi gazetlerinde täze rubrikalar döredildi. “Sowet Türkmenistany” gazeti “Öňde baryjy tejribe-hemmelere”, “Öňde baryjy tejribäniň mekdebi”, “Sowet Türkmenistany” gazetiniň göçme brigadasy” diýen rubrikalara ünsi güýçlendirdi. Welaýat gazetleri bilen bilelikde material taýýarlap başlady.

Gazetde inçe süýümli pagtanyň öndürilişini artdyrmak meselesi gozgalýar. Murgap etrabynyň ozalky Kalinin adyndaky daýhan birleşiginiň başlygy A.Jumamyradowyň inçe süýümli pagtany köp öndürmek baradaky çykyşy okyjylaryň göwnünden turdy.

1980-nji ýylyň 29-njy iýulynda “Sowet Türkmenistany” gazetiniň 60 ýyllygy bellenilýär.

Gazet 1983-nji ýylda “Azyk programmasyny ýerine ýetireliň” diýen rubrikada materiallaryň yzygiderli berilmegini gazandy. Şol ýyl gazetiň işgäri O.Gulmadowyň fewral aýynda çap edilen “Takyr takyr ýermi ýa-da hazyna” diýen makalasyna köp sanly seslenme gelýär. Gazet bu temany 1984-nji ýylda-da dowam etdirdi. Şu temany gozgap, ony yzygiderli alyp baranlygy üçin redaksiýanyň oba hojalyk bölüminiň müdiri Orazmuhammet Gulmadow SSSR Žurnalistler birleşiginiň baýragynyň laüreaty bolýar.

“Sowet Türkmenistany” gazeti 1984-1985-nji ýyllarda “Azyk programmasy ählihalk işidir”, “Ykdysadyýet we tygşytlylyk” we başga-da birnäce rubrikalar astynda materiallar toplumyny okyjylara hödürleýär.

1985-nji ýylda gazetiň işgäri Akbibi Ýsubowanyň “Saňa ykbal ynanyldy”…, “Boýun almagy başar!”, “Seniň adyň-mugallym” diýen düýpli meseleleri gozgaýan publisistik makalalary çap edilýär. Bu makalalarda professional borja wepalylyk meselesi çüňňür yzarlanylýar. A. Ýusubowa bu materiallary üçin 1986-njy ýylda SSSR Žurnalistler birleşiginiň baýragynyň laüreaty bolýar.

“Sowet Türkmenistany” gazetiniň işgäri A. Ýusubow hem 1986-njy ýylda çap edilen “Haýyr we şer”, “Halaç howasy”, “Üzüm howpy” diýen publisistik oçerkleri üçin 1987-nji ýylda SSSR Žurnalistler birleşiginiň baýragynyň laureaty bolýar.

80-nji ýyllaryň ortalaryndan soň, gazetiň formasyna, ýagny bezelişine, wýorskasyna (düzülişine) üns güýçlendirildi. Tehniki bezegi gowulandyrmaga hudožnik çekildi. Gazet žanrlarynyň dürli görnüşleri ulanylyp başlanyldy. Gazet sahypalarynda interwýu, reportaž, publisistika, syn, goşgular, hekaýalar, “Tegelek stoluň” başyndaky söhbetdeşliklerden materiallar çap edilýär.

1988-nji ýylda Aşgabat-Moskwa atly ýörişine redaksiýanyň işgäri gatnaşdy. Ol Aşgabatdan tä Moskwa çenli atly ýörişi operatiw beýan etdi. Moskwadan dolanyp gelensoň, Aşgabat-Moskwa atly ýörişi barada ýörite sahypa taýýarlanyldy.

“Edebiýat we sungat” gazeti 1980-nji ýylyň başlaryndan 4 sahypada şenbe we çarşenbe günleri çykyp başlaýar. Okyjylaryň göwnünden turaýjak satira we ýumor bölümine üns berilýär. Bölümde “Ýomaklar”, “Hekaýajyklar düwünçeginden”, “Täze nakyl, çöpleme, täze matal, gyzga setirler” diýen ýaly sözbaşylarda ownukly-irili dürli materiallar ýerleşdirilýär.

1982-nji ýyldan gazet hepdelik gazetine öwrülip, 8 sahypada hepdäniň anna güni çykyp ugraýar. Gazet sahypalarynda “Täsin pursat”, “Terslin-oňlyn teýeneler”, “Milisiýanyň durmuşyndan”, “Täze film surata düşürilýär” diýen ýaly rublikalar peýda boldy.

80-nji ýyllaryň ortalaryndan pikir erkinligi hem tema çäksizligi bilen ýazylan materiallar “Sowet Türkmenistany” gazetini we “Sowet edebiýaty” žurnalyny bezäp başlaýar. Şol ýyllarda beýleki neşirleriň hem tematikasy erkin pikirli we çeper ýazylan materiallar bilen baýlaşdy.

Mälim bolşy ýaly, rus dilindäki “Weçerniý Aşhabad” gazeti 1968-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda çykyp ugrapdy. Şäher gazeti soňra türkmen dilinde çykyp, “Aşgabat agşamy” diýlip atlandyryldy. Ol 1990-njy ýylyň 2-nji iýulyndan neşir edilýär. Gazet uly formatly, möçberi 4 sahypadan ybarat. Hepdede üç gezek çykýar. “Aşgabat agşamy” gazeti paýtagtyň edara-kärhanalarynda, zawoddyr fabriklerinde gazanylýan ajaýyp ykdysady netijeleri, ylmy, medeni

hem-de okuw mekdeplerinde alnyp barylýan işleri, wakalary okyjylara ýetirmäge aýratyn ähmiýet berýär.

Gazetde “Ýürek sözi”, “Meniň paýtagtym- meniň öýüm”, “Aşgabat 100 ýyl mundan ozal”, “Beýik ýüpek ýoly” we ýene-de köp rubrikalar bilen materiallar, “Kalp nury”,”Köňül gözgüsi”, “Saglyk” sahypalary yzygiderli berlip duruldy. “Weçerniý Aşhabad” hem-de “Aşgabat agşamy” gazetleriniň deregine täze neşir – “Aşgabat” gazeti 1997-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan çykyp ugrady.

80-nji ýyllarda Nebitdagda (Balkanabat) “Zähmet baýdagy” we “Znamýa truda” şaher gazetleriniň, Krasnowodsk (Türkmenbaşy) etrabynda “Oba säheri”, Garrygalada (Magtymguly) “Gyzyl ýyldyz”, Sakarda “Kolhoz ýoly”, Telmanda (Gubadag) “Zähmet şöhraty” etrap gazetleriniň neşir edilmegi ýola goýuldy.

Şol ýyllarda käbir neşiriň ady üýtgedilip, käbir-täze neşirler hem çap edilýär. 1987-nji ýylyň aprelinden bäri çykyp gelýän “Zähmetkeş aýal” žurnaly 1989-njy ýylyň oktýabryndan “Owadan” žurnalyna, “Türkmenistan agitatory” žurnaly hem “Syýasy söhbetdeş” gazetine öwrüldi. “Syýasy söhbetdeşiň rus dilindäki neşiri “Politiçeskiý sobesednik” žurnaly çykyp ugrady.

“Körpe” hem”Malyş” žurnallary 1982-nji ýylyň ýanwaryndan neşir edilýär. Bu žurnallar LKSMT MK-nyň, W.I. Lenin adyndaky Bütinsoýuz pioner guramasynyň Respublikan geňeşiniň hem-de Türkmenistan Halk magaryf ministrliginiň mekdebe çenli we kiçi ýaşly mekdep okuwçylary üçin türkmen hem rus dillerinde aýda bir gezek neşir edilýän suratlar bilen bezelen žurnallardyr. Žurnallarda körpeleri gyzyklandyraýjak dürli temadaky gysgajyk materiallar, goşgular,hekaýalar, tapmaçalar ýerleşdirilýär.

1986-njy ýylyň iýulyndan “Ýaşlyk” hem “Ýunost” žurnallary neşir edilýär. Türkmen we rus dillerindäki bu neşirler Türkmenistan LKSM Merkezi komitetiniň, Türkmenistan Ýazyjylar birleşiginiň ýaşlar üçin aýda bir gezek çykýan edebi-çeper we jemgyýetçilik-syýasy žurnalydyr. Žurnallarda publisistika, şygyrýet, kyssa, “Dünýä edebiýatynyň merjenleri”, “Ýaşlygyň” surat sergisi,” “Tankyt we bibliografiýa”, “Biziň kalendarymyz” diýen ýaly rubrikalarda materiallar çap edilýär.

1990-njy ýylyň 29-njy iýulynda ýurdumyzyň baş gazeti - “Sowet Türkmenistany” gazetiniň 70 ýyllyk ýubileýi bellenildi.

K.Ylýasow bilen H. Goçmyradowyň gazetiň 70 ýyllyk taryhy barada gürrün berýän “Döwrüň aýnasy” diýen kitaby 1990-njy Türkmenistan neşirýaty tarapyndan çap edildi.

1991-nji ýylyň 1-nji maýyndan Türkmenistan kärdeşler arkalaşygynyň gazeti bolan “Halk sesi”, ýurdumyzyň talyplarynyň hem “Talyp durmuşy” gazetleri neşir edilýär

Türkmenteleradiosy. 80-nji ýyllaryň ahyrlarynda radioda täze gepleşikler efire göýberilýär. “Oba säheri” (1989ý.) hepdelik informasion-sazly gepleşikde halkyň ykdysady-sosial durmuşy hakda gürrüň berildi. “Ylham çaýhanasy”, “Miras” (1989ý.) edebi-çeper gepleşiklerinde türkmen halkynyň baý edebi hem medeni mirasy barada söhbet edildi. 1989-njy ýylda telewideniýede hem täze gepleşikler taýýarlanylyp, “mawy ekrana” göyberildi. “Gözýetim” gepleşigi ýaşlar üçin informasion-sazly gepleşik bolup, onda neşekeşlige, işsizlige garşy alnyp barylýan çäreler hakda gürrün edildi., wideoşekiller görkezildi. “Ýedigen” (1989ý.) hepdelik edebi-sazly gepleşikde halkyň medeni-ahlak mirasy, sungat hakynda, eposlarymyzdaky däp-dessurlar barada söhbet edildi. Taýyarlanylýan her bir gepleşik milli medeniýetiň bir görnüşine bagyşlanyldy.

## Türkmen metbugaty Garaşsyzlyk ýyllarynda

1. Türkmen telewideniýesiniň tehniki bazasynyň pugtalandyrylmagy.
2. Telewideniýeniň täze gepleşikleri.

Ýurt Garaşsyz bolansoň, milli metbugata üns berlip başlandy. Gazet-žurnallaryň mazmuny hem formasy düýpgöter gowulandy. Olaryň käbiri täze döredildi.

Täze milli gazetler. Ýurt Garaşsyzlygy ýyllarynda “Watan”, “Nesil”, “Esger”, “Türkmen dünýäsi”, “Türkmeniň ýüpek ýoly”,

“Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary”, “Türkmen sporty”, “Zaman”, “Galkynyş”, “Adalat”, “Türkmen dili” gazetleri döredi. “Türkmenistan”, “Edebiýat we sungat”, “Mugallymlar gazeti”, “Turkmenskaýa iskra”(soňra “Neýtralnyý Turkmenistan”) neşirleri täze many-mazmuna eýe boldular.

“Watan” Gazetiň ilkinji sany (“Ýaş kommunist” gazetiniň ornuna) 1925-nji ýylyň martynda çykypdy. Uly formatly, möçberi 4 sahypadan ybarat. Hepdede üç gezek çap edilýär. Gazet 1992-nji ýylyň 12-nji sentýabryndan bäri “Watan” ady bilen çykýar. Ýubileý seneleri: gazetiň 1975-nji ýylda 50 ýyllygy, 1985-nji ýylda 60 ýyllygy, 1995-nji ýylda70 ýyllygy bellenildi.

“Nesil”. Gazetiň ilkinji sany 1992-nji ýylyň 2-nji ýanwarynda çykdy. Uly formatly, möçberi 4 sahypadan ybarat. Hepdede üç gezek çykýar. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň ýaşlar gazeti.

“Esger”. Gazetiň ilkinji sany 1993-nji ýylyň 6-njy martynda çykdy. Uly formatly, möçberi 4 sahypadan ybarat. Hepdede bir gezek çap edilýär. Türkmenistanň Ministrler Kabinetiniň, Goranmak ministrliginiň we döwlet serhet gullugynyň gazeti.

“Türkmen dünýäsi”. Gazetiň ilkinji sany 1991-nji ýylyň oktýabrynda çykdy. Neşir 1999-njy ýylyň iýulyna çenli “Türkmen sesi” ady bilen çap edildi. “Türkmen dünýäsi” gazetiniň 100-nji sany 2000-nji ýylyň ýanwarynda çykdy. Gazetiň ozalky sanlary orta formatly, möçberi 8 sahypadan ybarat. 2000-nji ýylyň ýanwaryndan uly formatda, möçberi 4 sahypada çap edilýär. Aýda bir gezek çykýan, köp reňkli gazet. “Türkmen dünýäsi” dünýä türkmenlerine niýetlenilen neşirdir.

“Türkmeniň ýupek ýoly”. Gazetiň ilkinji sany “Signal” ady bilen 1930-njy ýylda çykypdy. Ýurt Garaşsyz bolansoň, 1993-nji ýylyň 22-nji aprelinde “Türkmen demirýolçusy” ady bilen çykyp ugrady. 1996-njy ýylyň 27-nji sentýabryndan “Türkmen demirýolçusy” gazeti “Türkmeniň ýüpek ýoly” diýlip atlandyryldy. Ol hepdelik neşir. Uly formatly, möçberi 4 sahypadan ybarat. “Türkmeniň ýüpek ýoly”- Türkmenistanyň Awtomobil, Aragatnaşyk ministrlikleriniň, Türkmen demirýollary, Türkmen howaýollary, Türkmen deňizýollary, Türkmen derýaýollary müdirlikleriniň,

Türkmen awtoýollary döwlet konserniniň, Türkmenistan kartografiýa, geodeziýa we kadastr döwlet komitetiniň gazeti.

“Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary”. Gazetiň ilkinji sany 1998-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda çykdy. Orta formatly, möçberi 8 sahypadan ybarat. Gazet aýda iki gezek neşir edilýär. Ol köp reňkli gazet. Gazet, ilkinji nobatda, Türkmenistanyň Prezidentiniň gündelik alyp barýan işleri bilen baglanyşykly materiallary çap edýär.

“Türkmen sporty”. Bu hepdelik neşiriň ozalky ady “Spotiwnyý Turkmenistandy”. Onuň ilkinji sany 1997-nji ýylyň 11-nji fewralynda çap edildi. 1999 -njy ýylyň 9-njy oktýabryndan bäri “Türkmen sporty” ady bilen çykyp gelýär. Orta formatly, möçberi 8 sahypadan ybarat. Ol türkmen hem rus dillerinde neşir edilýär. Gazetde türkmen milli sporty hakyndaky habarlar, makalalar berilýär.

“Zaman”. Türkmenistanda ”Zaman” gazetiniň ilkinji sany 1992-nji ýylyň 16-njy noýabrynda çykdy. Neşir uly formatly, möçberi ilkibaşda 4 sahypadan, soňra 8 sahypadan ybarat. Neşir hepdede bir gezek çap edilýär. Gazet sahypalarynda dünýä ähmiýetli wakalar, tehnologiýadaky, medisinadaky açyşlar, medeniýet, sungat, ylym, sport baradaky täzelikler, daşary yurt habarlary çap edilýär.

“Galkynyş”. “Syýasy söhbetdeş” we “Halk sesi” gazetleri (“Syýasy söhbetydeş”- Türkmenistan dempartiýasynyň organy, 1992-nji ýylyň 5-nji fewralyndan çykyp başlaýar; “Halk sesi”- Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşygynyň gazeti, 1991-nji ýylyň 1-nji maýyndan çykyp başlaýar) birikdirilip, täze “Galkynyş” gazeti döredildi. “Galkynyş” gazetiniň ilkinji sany 1997-nji ýylyň 2-nji iýulynda çykdy. Uly formatly, möçberi 4 sahypadan ybarat. Hepdede bir gezek çykýar. Milli Galkynyş hereketiniň düzümine girýän jemgyýetçilik guramalarynyň alyp barýan işleri hakynda ilata yzygiderli habar berip durýar.

“Adalat”. Gazetiň ilkinji sany 1997-nji ýylyň 4-nji iýulynda çykdy. Uly formatly , möçberi 4 sahypadan ybarat. Hepdede bir gezek çykýar. “Adalat” gazeti döwletiň adamlarynyň hukugyny nähili goraýandygyny, ýurdumyzda kanunçylygyň berjaý edilişini beýan edip durýar, şu babatda ýüze çykýan kemçilikleri görkezýär.

“Türkmen dili”. Gazetiň ilkinji sany 2000-nji ýylyň 19-njy fewralynda çykdy. Uly formatly, möçberi 4 sahypadan ybarat. Hepdelik neşir. “Türkmen dili” gazeti türkmen diliniň taryhy, sözlük düzümi, onuň häzirki zaman ýagdaýy dogrusynda, milli miras, türkmen çeper döredijiligi hakynda düýpli meseleleri gozgaýan materiallary çap edip durýar.

1936-njy ýylyň martyndan bäri “Sowet Türkmenistany” diýen at bilen çykyp gelýän gazet 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabryndan “Türkmenistan”, 1924-nji ýylyň noýabryndan “Turkmenskaýa iskra” ady bilen çykyp gelýän gazet hem 1995-nji ýylyň 13-nji dekabryndan “Neýtralnyý Turkmenistan” diýlip atlandyryldy.

Ýurt Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda “Golos Turkmenbaşy” (Türkmenbaşy şaheri), özbek dilindäki “Dostluk baýrogi” (welaýat) hem gazak dilindäki Žumysçy (etrap) gazetleri döredildi. 1994-nji ýylda etrap gazetleri ýatyrylyp, olaryň wezipesi welaýat gazetleriniň üstüne ýüklenildi. Şol döwürden welaýat gazetleri-de,”Daşoguz habarlary”(Daşoguz welaýaty), “Türkmen Gündogary” (Lebap welaýaty), “Maru-şahu-jahan” (Mary welaýaty), Ahal durmuşy” (Ahal welaýaty), “Balkan” (Balkan welaýaty) täzeçe atlandyryldy.

Täze milli žurnallar. Ýurt Garaşsyzlygy ýyllarynda “Diýar”, “Garagum”, “Güneş”, “Saglyk”, “Täze oba”, “Türkmenistanda ylym we tehnika”, “Turkmen arhiwi”, “Miras”, “Türkmen dili we edebiýaty” žurnallary döredildi.

“Garagum. Žurnal aýda bir gezek çykýan edebi-çeper neşir. Ol 1937-nji ýyldan 1992-nji ýyla çenli “Sowet edebiýaty” ady bilen çykdy. Ýurt Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan “Garagum” ady bilen neşir edilýär. Žurnalyň sahypalarynda “Beýik Galkynyş: habarlar”, “Türkmen ylmynyň galkynyşly gadamlary”, “Şygryýet bossany”, “Kyssa”, “Türkmen şygryýetiniň antologiýasy”, “Döredijilik mekdebi”, “Edebi miras”, “Terjime”, “Suratlarda saklanan pursatlar” diýen rubrikalarda dürli temadaky materiallar çap edilýär.

“Diýar”. Žurnal 1992-nji ýylyň maýyndan neşir edilip başlandy. Aýda bir gezek çykýar. “Diýaryň” ilkibaşdaky sanlarynda materiallar iňlis, rus dillerinde hem çap edildi. Žurnal ilkibaşdan

jemgyýetçilik-syýasy, edebi-publisistik neşir bolmak bilen, tematikasynyň giňligi hem köpdürlüligi taýyndan tapawutlandy. Onuň sahypalarynda syýasat, ykdysadyýet, ylym,medeniýet, edebiýat, sungat, miras, gadymyýet we beýleki meseleler şöhlelendirilýär.

“Zenan kalby”. Jemgyýetçilik-syýasy we edebi-çeper žurnal. Aýda bir gezek çykýar. Ol aýal-gyzlaryň neşiri. Köp reňkde çykýan žurnal. 2009-njy ýyldan bäri “Zenan kalby” ady bilen neşir edilýär. Žurnalyň sahypalarynda “Beýik Galkynyş: “Döwlet adam üçindir”, “Beýik Galkynyşlar- ösüşler”, “Derwaýys söhbetdeşlik”, “Wepadarlyk”, “Hatlar”, “Miras”, “Sungat”, “Kyssa”, Dünýa we zenan” ýaly rubrikalarda dürli temadaky materiallar berilýär.

“Güneş”. Žurnal 1995-nji ýylyň mart aýyndan bäri çykýar. Çagalar we ýetginjekler üçin aýda bir gezek çykýan ýeke-täk žurnal.Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Metbugat işleri barada müdirligiň neşiri. Žurnalyň redaksiýasynyň bilim we mekdepler; ylym, taryh,miras; edebiyat, sungat we medeniýet; çeperçilik bölümleri bar. Žurnalda çap edilýän materiallar mekdep okuwçylarynyň maksatnama boýunça alan bilimleriniň üstüni doldurmaga niýetlenendir.

Biziň Garaşsyz hem baky Bitarap ýurdumyzda häli-şindi bolup durýan täzelikler, baýramçylyklar, duşuşyklar hakyndaky materiallar ýaşajyk okyjylara yzygiderli ýetirilip durulýar.

“Güneşiň” her bir sanynda hekaýalaryň, goşgularyň, ýumorlaryň, tapmaçylaryň hem birnäçesi çap edilýär.

“Saglyk”. Žurnal 1990-njy ýylyň iýulyndan bäri neşir edilýär. Iki aýdan bir gezek çykýar. “Saglyk” Türkmenistanyň Saglygy goraýyş hem-de derman senagaty ministrligi bilen Bedenterbiýe we turizm komitetiniň ylmy-populýar žurnaly. Neşiriň ilkibaşlaryndan “Ýaş enäniň mekdebi”, “Görk agyzdan…” “Görer gözüň gymmaty”, “Müň bir derdiň dermany”, “Melhemler mesgeni”, “Ibn Sinanyň emleri”, “Bedew münen hassa bolsa sag olur”, “Sagat bedende-sagdyn ruh” ýaly rubrikalarda okyjylaryň üňsüni çekäýjek materiallar berlip başlandy. Ýurt Garaşsyz bolansoň, saglyk gullugy döwlet derejesine göterildi, “Saglyk” maksatnamasy yglan edildi. “Saglyk” döwlet maksatnamasyny durmuşa ornaşdyrmakda ýurdumyzda

bitirilýän işleri giňişleýin şöhlelendirýän žurnalyň abraýy barha artýar.

“Täze oba”. Žurnal özüniň gözbaşyny 1929-njy ýylyň noýabryndan alyp gaýdýar. Şol ýyllardan bäri žurnal dürli atlar bilen neşir edilip gelindi. 2007-nji ýyldan bäri žurnal “Täze oba” ady bilen çykýar. Ol Türkmenistanyň oba hojalyk ministrliginiň ylmy-önümçilik, edebi-çeper žurnaly. Garaşsyz hem baky Bitarap ýurdumyzyň oba hojalygy boýunça ýeke-täk neşir. Ýurt Garaşsyz bolansoň, žurnalyň neşir edilmeginde, çap edilýän materiallaryň many-mazmunynda döwrebaplylykda, Milli Galkynyşa ýugrulan düýpli täzelenişli özgerişler bolup geçdi. Žurnalyň sahypalarynda “Däne maksatnamasy hereketde”, “Täze oba syýasaty hereketde”, “Aýgytly ösüşiň ýolunda”, “Oba özgertmeler ýoly bilen” diýen ýaly rubrikalarda gyzykly materiallar berilýär. Azyk Garaşsyzlygyny gazanmak syýasatyny durmuşa geçirmäge öz sesini goşmak bilen žurnal ýere eýeçilik etmegiň, zähmeti täzeçe guramagyň, eýeçiligiň dürli görnüşleriniň, ylmyň we ýokary tehnologiýanyň, oba zähmetkeşleriniň aňynyň hem oba durmuşynyň täzelenmeginiň möhüm meselelerine degişli materiallary hem yzygiderli çap edýär.

“Türkmenistanda ylym we tehnika. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ylmy-teoretiki žurnaly. 1999-njy ýylyň 1-nji martyndan bäri neşir edilýär. Şu žurnaldan ozal “Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň habarlary” ylmy-teoretiki žurnal çykýardy.

“Türkmenistanda ylym we tehnika” žurnaly türkmen we rus dillerinde çykýar. Ýylda 12 sany çap edilýär. Bu neşir Türkmenistada ylmyň gazananlary we ony mundan buýana-da ösdürmegiň ýollary barada habar berýär. Žurnalyň sahypalarynda alymlaryň, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň häzirki zamanyň iň wajyp meselelerine degişli materiallary çap edilýär. Neşirde milli ylmymyzyň dürli ugurlaryndan materiallar berilýär. Žurnal giň okyjylar köpçüligi-ylmy işgärler, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary, ylmy-barlag edaralarynyň işgärleri, talyplar üçin niýetlenilýär.

“Türkmen arhiwi”. Žurnal 1993-nji ýyldan bäri çap edilýär. Žurnalyň her ýylda goşalandyrylan (1-2) sany çykýar. Ol Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw

müdirligi tarapyndan neşir edilýän taryhy-resminama, ylmy-taglymat we usulyýet žurnalydyr. Taryhyň gatyna siňip giden wakalary açyp görkezýän resminamalary, şunuň bilen birlikde resminamalar ýygyndylaryna, kitaplardyr kitapçalara synlary, möhüm meselelerden ýazylan makalalary, usuly gollanmalary çap etmek göz öňünde tutulyp, "Türkmen arhiwi" žurnaly döredildi. Türkmen we rus dillerinde çykýan žurnaldaky materiallar biziň döwletimiziň taryhynyň, ykdysadyýetiniň we medeniýetiniň özboluşly ýyl ýazgysy hasaplanylýar.

Ýurt Garaşsyzlygy ýyllarynda adam hukugynyň goralyşyna, medeni mirasa, milli goşunyň berkidilişine, milli ykdysadyýetiniň ösdürilişine, ynsan saglygynyň goralyşyna aýratyn üns berlip başlandy. Şu mynasybetli şu pudaklar boýunça ýörite žurnallaryň neşiri ýola goýuldy.

"Demokratiýa we hukuk". Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli institutynyň žurnaly. Žurnal türkmen, rus we iňlis dillerinde çärýekde bir gezek 1997-nji ýyldan bäri neşir edilýär. Žurnalda Türkmenistanyň Parlamenti tarapyndan kabul edilen, aýratyn-da Türkmenistanyň Konstitusiýasy bilen yglan edilen adam we raýat hukuklaryny we azatlyklaryny täze syýasy we ykdysady kepillendirmeler bilen baýlaşdyrýan täze kanunçylyk namalary hakyndaky materiallar berilýär.

"Miras". Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Türkmenistanyň, Merkezi Aziýa we Gündogar halklarynyň medeni mirasy döwlet institutynyň 2000-nji ýyldan bäri çykyp gelýän žurnaly. Ylmy-köpçülikleýin neşir. Žurnalda "Umumy we ylmy meseleler", "Täze açyşlar we işläp düzmeler", "Medeniýetleriň, halklaryň we siwilizasiýalaryň özara gatnaşyklary", "Ylmy we medeni durmuş habarlary" bölümlerinde gyzykly materiallar çap edilýär.

"Altyn asyryň ykdysadyýeti". Žurnal 2000-nji ýylyň iýun aýyndan bäri aýda bir gezek türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilýär. Ol maglumatlar-analitik žurnaldyr. Žurnalda "Resmi habarlar", "Sosial syýasat", "Sarp ediş bazarynyň ösüşi", "Ykdysadyýet we hukuk", "Seljerişi geçirmegiň usullary",

“Kadalaşdyryjy hukuk resminamalary” diýen ýaly rubrikalarda ýurdumyzyň ylmy-barlag institutlarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň hünärmenleri, bank işgärleri çykyş edýärler.

“Türkmenistanyň lukmançylygy”. Lukmançylyk ylmy-barlag žurnal. 2002-nji ýylyň martyndan bäri neşir edilýär. Iki aýda bir gezek çykýar. Žurnalda “Nazary we amaly lukmançylyk”, “Amaly lukmanlara kömek”, “Farmasiýa we farmakologiýa”, “Amaly lukmançylykdan wakalar” diýen rubrikalarda hünärmenleriň makalalary çap edilýär.

“Milli goşun”. Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň neşiri. Žurnal 2005-nji ýyldan bäri çykýar. Her 3 aýdan bir gezek neşir edilýän harby-taryhy, jemgyýetçilik-syýasy we edebi-çeper žurnal. “Milli goşun” žurnalynyň sahypalarynda “Abraýy arşa galýar türkmeniň”, “Oka, öwren, berjaý et!”, “Habarlar we taze harby tehnika”, “Harby gulluk merdanalyk mekdebidir”, “Oka, oýlan, çöz!” ýaly rubrikalarda berilýän materiallar okyjylaryň ünsüni çekýär.

## Türkmen radiosy Garaşsyzlyk ýyllarynda

1.Türkmen radiosynyň gepleşikleri.
2. Täze döredilen radioýaýlymlary.

Ýurt Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan türkmen radioýaýlymy özbaşdak ösüş ýoluna düşdi. Türkmen radiosynda uly özgertmeler bolup geçýär.

Türkmen milli radiosy özüniň gepleşikleriniň many-mazmunyny, alyp barýan ugruny düýgöter üýtgetdi. Radionyň ozalky “Propaganda we agitasiýa”, “Senagat we gurluşyk”, “Medeniýet we durmuş” bölümleri ýatyrylyp, “Türkmen binasy” diýen düýbünden täze bölüm açylyp, Garaşsyz döwletimiziň ähli ugurlary boýunça döwür bilen aýakdaş gidýän gepleşikler efire berlip başlandy. Döwletimiziň ykdysadyýeti, medeniýeti, ýerasty, ýerüsti baýlayklary, haýwanat hem ösümlik dünýäsi hakynda gürrüň berýän “1000 günüň menzilleri”, “Garaşsyzlykda galkynan”, “10 ýyl abadançylyk”, “Zenan dünýäsi”, “Ýeri baryň, zeri bar”, “Mülkdar”, “Bereket”,

“Gözellik ummanynda”, “Asyrlara aralaşyp”, “Ata Watan – ýurdum abadan”, “Hazynalar mekany”, “Gadymyýete nazar aýlap” diýen ýaly gepleşikler taýýarlanyldy.

Türkmen milli radiosynyň edebi-drama gepleşikleri bölüminde “Ylham”, “Alemgoşar” ýaly çeper gepleşikler açylyp, klassyk şahyrlarymyzyň dürdäne setirleri, häzirki zaman ýazyjy-şahyrlaryň Garaşsyzlyk zamanynda döreden eserleri ýaýlyma berildi. Täze döredilen “Ylham” edebi gepleşikler bölüminde “Miras merjenleri”, “Magtymguly sözlär tili”…, “Dürler hazynasy”, “Sungat äleminde” diýen ýaly täze gepleşikler açylyp, döwrebap eserler ýaýlyma göýberildi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmen milli radiosynda “Miras”, “”Daýanç”, “Edep”, “Dessur”, “Şamçyrag”, “Arkadag” ýaly gepleşikler hem ýaýlyma çykyp, türkmen halkynyň däp-dessury, edep-ekramy, hünärmençilik, gadymy şaý-sepler barada yzygiderli gürrüň berildi.

Türkmen milli radiosynyň ýaşlar hem çagalar bölüminde Garaşsyzlyk zamanasynyň çagalarynyň, ýaşlarynyň, ýetginjekleriniň, talyplarynyň, esgerleriniň durmuşyndan, ýaşlary hünäre gönükdirmekden gürrüň berýän “Rowaç”, “Buýsanç”, “Geljegimiz”, “Röwşen” ýaly täze gepleşikler ýaýlyma berildi.

Ýurt Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda täze açylan “Çar tarapdan” aýdym-sazly gepleşik günde üç sagat göni ýaýlyma çykyp başlady. Garaşsyzlygyň alty ýyllygynyň öňüsyrasynda, bu gepleşigiň örýsi giňäp, günde irki hem gündizki, agşamky göýberişleri ýaýlyma çykdy.

“Çar tarapdan” aýdym-sazly gepleşigiň adyndan belli bolşy ýaly, döwletimiziň çar tarapynda bolup geçýän dürli temada bolan habarlary diňleýjilere ýetirdi. “Çar tarapdan” munuň daşyndan hepdede bir sagat 10 minut rus dilindäki, hepdede 40 minut iňlis dilindäki habarlary ýaýlyma göyberdi. Daşary ýurtly arkadaşlarymyz üçin “Turkmen sesi” radiožurnaly hepdede üç gezek ýaýlyma çykdy.

Türkmen milli radiosy 1998-nji ýylyň aprelinden “Türkmen şuglasy” ady bilen dynç alyş gepleşigini-de göni ýaýlyma berip ugrady. Täze hödürlenilen dynç alyş gepleşigi hepdäniň dynç alyş günleri ýaýlyma çykdy. Radioýaýlyma berilýän gepleşikleriň her

biri-de milliligi boýunça tapawutlanýar. Garaşsylyk ýyllarynda hersi özbaşdak, biri-birine bagly bolmadyk “Watan”, “Miras”, “Çar tarapdan”, “Owaz” radioýaýlymlary döredildi. Olaryň maddy-tehniki bazasy has-da pugtalandyryldy.

## Türkmen telewideniýesi Garaşsyzlyk ýyllarynda

1.Türkmen telewideniýesiniň tehniki bazasynyň pugtalandyrylmagy.

2. Telewideniýäniň täze gepleşikleri.

Garaşsyz Türkmenistanyň öz ýörelgesine, syýasatyna, kanunyna gabat gelýän metbugadydyr radiosy bilen birlikde, milli telewideniýesi-de döredi. Halkara gatnaşyklarynyň giňelmegi bilen türkmen žurnalistikasynda täze sahypalar açyldy. Garaşsyz Türkmenistan dünýäniň ençeme döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklary alyp barýar. Bu gatnaşyklar türkmen žurnalistikasynyň, şol sanda teležurnalistleriň öňünde-de uly we çylşyrymly wezipeleri goýdy.

Biziň käbir teležurnalistlerimiz bu ugurda şowly ädimleri ädýärler. Olaryň bir topary hökümet delegasiýasy bilen Eýranda, Türkiýede, Hytaýda, Hindistanda, ABŞ-da, Angliýada, Fransiýada, Orsýetde we beýleki döwletlerde bolup geldi.

Biziň Garaşsyz ýurdumyzda habar beriş serişdeleriniň beýleki görnüşleri bilen birlikde, telewideniýäniň hem taýýarlaýan gepleşikleriniň many-mazmunynyň, ideýasynyň milli Garaşsyzlyk ruhumyza laýyk bolmalydygy barada alada edilýär. Taýýarlanylýan her bir gepleşige döwletimiziň milli ruhy, galkynyş ruhy bütin dolulygy bilen ekrana siňýär. Munuň özi Garaşsyz döwletiň talaby, dünýä tejribesiniň talabydyr.

Žurnalistleriň, esasan-da teležurnalistleriň özlerine bildirilýän ýokary talaby doly ödemegi üçin ýurdumyzyň milli Teleradiokompaniýasynyň maddy-tehniki bazasyny üzül-kesil

gowulandyrmak zerurdy. 1996-njy ýylyň 19-njy sentýabrynda Fransiýanyň “Buig” TF telewizion kanalynyň ýolbaşçylary hem-de belli fransuz biznesmenleri bilen duşuşyk geçirilip, ýurdumyzyň telewizion merkeziniň gurluşygy hakyndaky protokola gol çekildi. Ylalaşyga laýyklykda, ol iň häzirki zaman ülnülerine laýyk gelýän telewizion merkez bolmalydy. Şunuň bilen birlikde, türkmen milli hünärmenlerini taýýarlamak hakyndaky ylalaşyga-da gelindi. Sebäbi Fransiýanyň dünýä boýunça örän kuwwatly telewideniýesinde öwrenere tejribe kändi.

Garaşsyz Türkmenistanyň hökümeti milli telewideniýeni täze tehnika bilen üpjün etmekde serişde gaýgyrmady. Has dogrusy, Türkmenistanyň milli telewideniýesini dünýäde iň täze tehnika bilen üpjün etmäge 15 million dollar göýberildi. Şeýlelikde, 1998-nji ýyldan milli telewideniýemiz täze tehnika bilen üpjün edilip başlandy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen telewideniýesiniň “ýüzi” täzelandi. Telewideniýede ornaşdyrylan täze tehnika esasaynda “Watan”, “Giç ýagşy”, “Säher salamy” ýaly habarlar gepleşikleri professional şapkalary (umumy sözbaşylar), täze diktorlar, täze alypbaryjylar bilen teleýaýlyma çykdy. Şeýle hem baýramçylyk gepleşiklerinde arasynda kompýutor grafikasyny hem-de çylşyrymly montažy ulanmak bilen taýýarlanylan gepleşikler, forma taýdan täzelenmeler, (perebiwkalar) teleýaýlyma berlip başlandy. Milli telewideniýäniň “ýüzüni” düýpli özgerden bu täzelikler teletomaşyçylar tarapyndan gowy garşy alyndy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda “Horjun”, “Sag-aman ördüňizmi”, “Mülkdaryň mekdebi”, “Jahan ýaňy”, “Köňül kelamy” ýaly telegepleşiklerem girizildi. Telewideniýeniň beýleki bölümlerinde-de örän gysga döwrüň içinde “Şowhun”, “Edebi telebäsleşik”, “Söhbetdeş” ýaly başga-da birnäçe uly we kiçi göwrümli syýasy, edebi we dynç alyş gepleşikleri taýýarlanylyp teleýaýlyma berildi.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda döredilen milli telewideniýeniň “Watan”, habarlar gepleşigi gysga wagtyň içinde uly abraýa eýe boldy. Bu gepleşik halk arasynda milli telewideniýäniň “ýüzi” hasaplanylýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ilkinji gezek teleýaýlyma çykmagynyň 15 ýyllygy mynasybetli “Watan” habarlar gepleşiginiň işgärlerine 2007-nji ýylyň 7-nji martynda iberen gutlagynda: “Garaşşyzygyň şu geçen gysga döwründe bolup geçen ägirt uly ösüşleri, özgerişlikleri günübirin halka ýetirip, Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatda gazanýan üstünliklerini, şanly ýeňişlerini doly aýdyňlygy bilen wagyz edip, “Watan”habarlar gepleşigi halkyň söýgüsini gazanmagy başardy – diýip, gepleşige ýokary baha berildi.

Halkyň uly höwes bilen seredýän “Jahan ýaňy”, “Giç ýagşy”, “Säher salamy”, “Rysgal-döwletli türkmen”, “Ýedi gün” ýaly gepleşikleri, türkmen we iňlis dillerindäki beýleki habarlar hem göýberişler gözbaşyny “Watan” habarlar gepleşiginden alyp gaýdýar.

Garaşsyzlyk döwründe: “Altyn asyr: Türkmenistan”, “Miras”, “Ýaşlyk”, “TW-4, Türkmenistan” ýaly teleýaýlymlary döredildi. Bu teleýaýlymlaryň hersi özbaşdak, biri-birine garaşsyz bolup, ýurduň dürli ugurlaryndaky alnyp barylýan işleri, ýetilen sepgitleri, halkyň däp-dessuryny teletomaşaçylara ýetirýär.

## Türkmen döwlet habarlar (TDH) gullugy Garaşsyzlyk ýyllarynda

1. TDH-nyň maddy-tehniki bazasynyň pugtalanmagy.
2. TDH-nyň “Türkmenistanyň täzelikleri” diýen neşiri.

Ýurt Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda Türkmeninformyň hem gurluşy üýtgedilip, ol Türkmenpress döwlet habarlar gullugyna öwrülýär. Maddy-tehniki bazasy gowulandyrylýar. Resmi materiallar milli dilde taýýarlanylýar.

Türkmenpress döwlet habarlar agentligi öz işini wakalara gyzgyny bilen seslenmek, dürs baha bermek, ynandyryjylyk we ýokary hillilik ýörelgelerini goldanyp gurýar. Döwlet habarlar agentliginiň ykdysady, social-syýasy we medeni babatda ýurtda

amala aşyrylýan düýpli özgertmeleri, bazar ykdysadyýetine geçmegiň, Bitaraplyk we Açyk gapylar syýasatyny amala aşyrmagyň ýollaryny beýan etmekde üstünlikler gazanandygyny aýdyp bolar.

Ahli materiallaryň türkmen jemgyýetiniň durmuşynyň dürli jähtlerinden çüňňür özgertmelere şaýatlyk edýän anyk mysallara esaslandyrylýandygynyň özi hem olaryň gymmatyny artdyrýar . Agentligiň habarçylary diňe habar bermek bilen çäklenmän, eýsem gazetleriň we žurnallaryň sahypalarynda ýurtda geçirilýän ähli özgertmeleriň usullaryny çynlakaý seljerýän materiallary hem çap edýärler. Agentligiň özüniň habarlar mekdebi, hemmelere tanyş bolan ýol-ýörelgeleri kemala geldi. Agentligiň žurnalistleri Türkmenpress-iň mekdebini geçip, özleriniň döredijilik mümkinçiliklerini taýyarlykly we başarjaňlyk bilen amala aşyrýarlar. Agentlikde soňky ýyllarda ýaş žurnalistleriň ussatlyk derejesi ýokarlandy we bu ýerde özboluşly “döredijilik ussahanasy” emele geldi.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň özboluşly sene ýazgysynyň döredilmegi Döwlet habarlar gullugynyň ileri tutulýan wezipeleriniň biridir. Bu sene ýazgysy Türkmenpress-iň “Türkmenistanyň täzelikleri” diýen hepdelik neşirinde beýan edilýär. Indi on ýyldan gowrak wagt bäri üc dilde – türkmen, iňlis we rus dillerinde neşir edilýän hepdelik ýurduň içersine hem, dünýäniň Reýter, ITAR-TASS we IRNA ýaly uly esasy habarlar agentlikleriniň kanallary boýunça hem ýaýradylýar. Bulardan başga-da, Türkmenpress habarlary Internet ulgamyndan peýdalanýanlaryň hemmesi üçin elýeterlidir, çünki onda agentligiň öz sahypasy bar.

Döwlet habarlar agentligi ESONA (EKO gatnaşyjy ýurtlaryň habarlar agentligi) we ACSNA ( ýurtlaryň täzelikler agentligi) ýaly sebit boýunça habarlar guramalarynyň işine hem gatnaşýar.

Agentligiň maddy-tehniki bazasy barha pugtalandyrylýar XXI asyryň başlaryndan Türkmenpress Döwlet habarlar gullugyna öwrüldi.

## Metbugatyň maddy-tehniki bazasy Garaşsyzlyk döwründe

1. Türkmenistanyň metbugat merkeziniň üýtgedilip guralmagy.
2. Kompýuter merkeziniň sazlaşykly işi.

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden metbugatyň maddy-tehniki bazasyna üns güýçlendirildi. Ilkinji nobatda gazet-žurnallaryň wagtynda çap edilmegi, hiliniň ýokarlandyrylmagy möhümdi. Sebäbi gazet-žurnallar wagtynda çykyp, okyjylara wagtynda ýetirilmeýärdi. Neşirleriň çap edilişiniň hili-de pesdi. Fotosuratlary, tekstleriň harplaryny saýgarmak, harplary öçügsi çykan materiallary okamak kyndy. 1991-nji ýylda gazetleriň ählisi diýen ýaly ýokary basyşly çap ediliş usulynda çykýardy.

Şonuň üçin gazetleri ofset usulynda çap etmek möhüm bolup durýardy. Gazetleri çap etmegiň ofset usulyna geçirmekde 1992-nji ýyl öwrülişik ýyly boldy. Gazetleri çap etmegiň offset formalaryny taýýarlamagyň täze tehnologiýasyna geçildi, çap edişiň täze ulgamy özleşdirildi. Materiallar kompýuterleriň hem lazerli printerleriniň kömegi bilen ýyglyp, diapozitiwler (offset formasy) taýyarlanylyp başlandy. Synag ilkibaşda kiçiräk gazetlerde, 1992-nji ýylyň ahyrynda bolsa “Turkmenskaýa iskra” gazetiniň 3-nji sahypasyny taýyarlamakda geçirildi. Soňra beýleki gazetler hem materiallary kompýuterler bilen ýygmaga hem-de wýorstka (düzmäge) etmäge ýuwaş-ýuwaşdan geçdi. Netijede gazet-žurnallaryň çap edilişiniň hili özgerdi, öz wagtynda çykmagy hem ýola goýlup başlandy. Gazet-žurnallar materiallaryň ýerleşdirilişi, tehniki bezegi babatda birgalyplykdan çykyp, her bir gazet-žurnal öz tipi hem-de ýerine ýetirilýän wezipesi boýunça öz “ýüzüni” tapyp başlady.

Çaphanalaryň kuwwatyny artdyrmak üçin daşary ýurt walýutalary göýberildi. Netijede ýurdumyzyň çaphanalarynda özgerişlikler mese-mälim göründi. Harp ýygýan linotip maşynlarynyň ýerini dünýä ylmynyň iň soňky gazananlarynyň esasynda döredilen iň gowy kompýuterler, pes hilli çap ediş enjamlarynyň ýerini daşary ýurduň täze çykan çaphana maşynlary eýeledi. Gazet-žurnallar çap edişiň ýokary basyşly usulyndan offset usulyna doly geçip ugrady.

1996-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan Türkmenistanyň metbugat merkezinde kompýuter merkezi döredildi. Onuň esasy maksady döwürleýin gazet-žurnallaryň we beýleki çap önümleriniň çykarylyşynda original maket usulyny ornaşdyrmakdy, çap önümleriniň çykarylyşyny çaltlandyrmakdy, hilini gowulandyrmakdy. Kompýuter merkezini döretmek ücin döwlet býužetinden 80 müň amerikan dollary göýberilipdi.

Metbugat işiniň ozalky ulgamyny üýtgedip, ony Garaşsyzlyk döwrüniň talabyna laýyk getirmek-de makul bilindi. Şeýlelikde, 1997-nji ýylyň 11-nji fewralyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky ozalky Metbugat komiteti bilen Metbugat redaksion-neşirýat birleşigi birikdirilip, täze “Türkmenmetbugat” döwlet önümçilik birleşigi döredildi. “Türkmenmetbugat” döwlet önümçilik birleşiginiň baş wezipesi tutuş metbugat ulgamyny bir ýere jemläp, gazet-žurnallary, kitaplary neşir etmegiň hilini hem mazmunyny gowulandyrmakdy, çaphana we neşirýat önümçiligini döwrüň talabyna laýyk gurap, neşirleriň çap ediliş hilini büz-bütinleý kämilleşdirmekdi, daşary ýurt döwletleriniň neşir ediş derejesine ýetirmekdi.

“Türkmenmetbugatyň” bazasynda güýçli kompýuter merkeziniň döredilmegi diňe bir gazet-žurnallaryň hilini gowulandyrman, redaksiýalaryň žurnalistleriniň işini hem ýeňilleşdirdi.

1999-njy ýylyň martyndan “Türkmenmetbugat” döwlet önümçilik birleşigi iki topara bölündi: Birinjisi, hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion-birleşik; Ikinjisi, respublikan metbugat uprawleniýesi.

Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion-birleşigiň düzüminde döwürleýin metbugaty çapa taýýarlaýan kompýuter merkezi, respublikan metbugat uprawleniýesiniň garamagynda hem okuw hem çeper kitaplary çapa taýyarlaýan özbaşdak kompýuter merkezi döredildi. 2000-nji ýyldan respublikan metbugat uprawleniýesi Türkmen döwlet neşirýat gullugyna öwrüldi.

Redaksiýalaryň işgärleriniň erkin döredijilik merkeziniň açylmagy bilen, žurnalistler iş orunlarynda rahat zähmet çekmäge, iş wagtlaryny tygşytlamaga mümkinçilik aldylar.

Kompýuterde materiallaryň ýygylyşy, maketleriň çyzylyşy, materiallaryň düzülişi, galyberse-de, gazet sahypalarynyň kompýuter usulynda plýonka geçirilişi gazetiň hiliniň has-da gowulanmagyna şert döretdi. Redaksiýanyň gazeti çapa taýýarlamakdaky işini kämilleşdirdi. Korrektura okalyp, çykarylan ýalňyşlary düzetmek, sahypanyň maketini üýtgetmek, materiallaryň ýerini çalyşmak köp wagt almaýar.

Häzirki wagtda gazet-žurnallaryň hemmesiniň materiallary kompýuterler bilen ýygylýar we wýorstka edilýär. Gazet-žurnallar indi bir reňkden dürli reňkde çap edilmek ýoluna düşdi. Şunuň bilen birlikde, öz wagtynda çap edilmek, operatiwlik milli metbugatyň gündelik durmuşyna ornaşdy.

## Garaşsyzlyk döwründe milli žurnalistleriň taýyarlanylyşy

1. Milli žurnalistleri taýýarlamakdaky ilkinji synanyşyk.
2. Žurnalistika bölüminiň açylmagy.

Ýurt Garaşsyzlygynyň ön ýanyndaky ýyllarda habar beriş serişdelerinde milli žurnalistleriň ýetmezçiligi has-da bildirýärdi. Žurnalistleri ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlamagyň zerurlygyny durmuş subut edip başlady. Sebäbi teoriýa taýdan ýokary bilimi bolmadyk žurnalistler ýazýan materiallarynda adamlaryň içki duýgularyny, ruhy medeniýetini açyp bilenokdylar. Olar wakany beýan etmegiň täze usullaryndan, formalaryndan bihabardy.

Türkmen döwlet uniwersitetinde žurnalistika bölümi ýokdy. Uniwersitetiň türkmen filologiýasy fakultetiniň 3-nji ýylyna geçen talyplardan oýnam sanlysy Moskwanyň, Leningradyň, Swerdlowskiniň uniwersitetleriniň žurnalistika fakultetlerine okuwa iberilip, şol ýerde okap, žurnalistika hünäri boýunça bilim alyp gelip, Türkmenistanyň habar beriş serişdelerindäki işgärleriň üstüni ýetirip başlady. Emma ozalky SSSR-iň merkezi ýokary okuw mekdeplerine

ýaşlaryň oýnam sanlysyny ibereniň bilenem žurnalistika hünäri boýunça işgärleri taýyarlamak meselesini çözüp bolmady.

Türkmen döwlet uniwersitetinde hem žurnalistika bölümi açylmady. Diňe 1986-njy ýylda 1972-1974-nji ýyllarda Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen edebiýaty kafedrasynyň ýanynda döredilen, soňra ýatyrylan žurnalistika boýunça toparjyk ýene açylyp, 1992-nji ýyla çenli dowam etdi.

Emma bu toparjykda žurnalistika hünärine degişli 2-3 sany ders okadylmak bilen oňuldy. Onda okadylýan dersler esasan türkmen edebiýatyna hem türkmen diline degişlidi. Şonuň üçin žurnalistika toparjygyny tamamlanlara žurnalistika hünäri berilmeýärdi. Habar beriş serişdelerinde bolsa žurnalistika hünärli ýaşlara isleg has-da artypdy.

Şu okuw kitabynyň awtorlarynyň biri 1987-nji ýylda türkmen dilinde çykýan respublikan gazetleriniň ("Sowet Türkmenistany" hem "Ýaş kommunist") redaksiýalarynda işleýän döredijilik işgärleriniň žurnalistika hünäri boýunça umumy sany barada sosiologik barlag geçirdi. Sosiologik barlagdan mälim bolşuna görä, "Sowet Türkmenistany" gazetiniň redaksiýasyndaky döredijilik işgärleriniň 5,3%-i, "Ýaş kommunist" gazetindäkileriňem 37,5%-i ýokary bilimli žurnalistler. Olar hem ozalky SSSR-iň merkezi ýokary okuw mekdepleriniň žurnalistika fakultetlerini gutaran ýaşlar.

Ýurt Garaşsyz bolansoň, jemgyýetiň ähli durmuşynda bolşy ýaly, milli metbugatyň ösüşinde-de täze basgançak başlandy. Habar beriş serişdeleriniň mundan beýläkki ösüsi milli žurnalistler bilen üpjünçilige, olaryň taýýarlanylyşynyň hiline bagly bolup durýardy.

Indi hut öz Garaşsyz ýurdumyzda milli žurnalistler taýyarlanyp başlandy. 1992-nji ýylda Türkmen döwlet uniwerstitetinde ýurduň taryhynda ilkinji gezek žurnalistika bölümi açyldy. 1995-nji ýylda hem ilkinji gezek žurnalistika hem terjimeçilik kafedrasy döredildi. Kafedra şu kitabyň awtorlarynyň biri Hojamyrat Goçmyradow ýolbaşçylyk edip başlady.

Uniwerstitetiň, ýurduň taryhynda ilkinji gezek döredilen žurnalistika hem terjimeçilik kafedrasynyň öňünde ýokary bilimli, kämil milli žurnalistleri taýýarlamak wezipesi durýardy.

Žuranistika bölümi açylan ýylda, ýagny 1992-nji ýylda žurnailsika hünärine höwesek ýaşlaryň 11-si okuwa kabul edildi. Ýaşlaryň 1993-nji ýylda 20-si, 1994-nji ýylda 17-si, 1995-nji ýylda 18-si, 1996-njy ýylda hem 20-si okuwa kabul edildi. Umuman, ilkinji bäş ýylda žurnalistika bölümini talyplaryň 86-sy tamamlady. Olar ýurdumyzyň ilkinji milli žurnalistleri. Olaryň köpüsi häzir ýurdumyzyň habar beriş serişdelerinde işläp ýörler.

Bölümde žurnalistika hünäri boýunça berlen dersleriň milli dilde, onda-da türkmeniň milli häsiýetine, milli aýratynlygyna kybapdaş dersleriň okadylmagy taýýarlanylýan žurnalistleriň öz ene dilinde oýlanmagyna, pikirlenmegine, milli duýgy bilen galama ýapyşyp, owuz deýin arassa milli diliniň şiresini ýazýan materiallaryna siňdirmegine mümkinçilik döredi. Žurnalistika hem terjimeçilik kafedrasy 2002-nji ýyla çenli dowam edip, soňra ýapyldy.

## Türkmen žurnalistikasy Beýik Galkynyş eýýamynda

1. HBS-niň öňüňde durýan wezipeler.
2. “Türkmen owazy” teleýaýlymy we täze neşirler.

Beýik Galkynyş eýyamynda türkmen žurnalistikasy hakyky döredijilik guralyna öwrüldi. Habar beriş serişdeleriniň ähli görnüşini-de ösdürmek, kämilleşdirmek baradaky alada güýçlendirildi.

Žurnalistleriň-de döredijilikli işlemegi üçin dünýä ülňülerine laýyk gelýän şertler döredilýär. Aşgabatda erkin döredijilik öýüniň ulanylmaga berilmegi, işlemek üçin ähli şertleriň döredilmegi žurnalistleriň ruhuny göterdi.

Habar beriş serişdeleriniň maddy-tehniki bazasy gowulandyrylyp, dünýä ülňülerine laýyk getirilýär. 2008-nji ýylda diňe Medeniýet we teleradioýaýlymlar, Bilim, saglygy goraýyş we derman senagaty ministrlikleri üçin döwlet býužetiniň umumy serişdeleriniň 31,2 göteriminiň göýberilmegi hem habar beriş

serişdeleriniň maddy-tehniki bazasyny pugtalandyrmak baradaky aladanyň aýdyň subutnamasydyr.

Biziň döwletimiziň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň ýanynda internet saýtlary hem açyldy. Şeýlelikde, häzirki wagtda dünýä jemgyýetçiliginiň ýurdumyzdaky ösüşleri, durmuşa geçirilýän özgerişlikleri, onuň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary, bütin Ýer ýüzüniň halklarynyň parahatçylykly ýaşamagyna we netijeli hyzmatdaşlyk etmegine gönükdirilen halkara ähmiýetli öňe sürlen başlangyçlar barada ygtybarly maglumatlary almaga mümkinçilikler döredi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döredijilik işgärleri bilen duşuşyklarynda (2008, 2010 ý.ý.) habar beriş serişdeleriniň öňünde goýan wezipelerine esaslanyp, häzirki döwürde esasy meseleleriň biri žurnalistikanyň tapawutly ösüş ugurlaryny kesgitlemekden ybaratdyr. Beýik Galkynyş eýýamynda türkmen žurnalistikasy hil taýdan täze forma hem döwrüň talabyna doly laýyk gelýän baý mazmuna eýe bolmalydyr.

Sebäbi häzirki döwürde biziň milli ykdysadyýetimiz, medeniýetimiz, senagatymyz çuň özgerişleriň beýik pursatlaryny başdan geçirýärler.Şunuň bilen birlikde, ýurtda gündelik amala aşyrylýan cuň özgertmeleriň mazmunyny,gerimini yzygiderli beýan etmekde habar beriş serişdeleriniň öňünde örän jogapkärli wezipeler durýar. Ýurdumyzyň hormatly Prezidentiniň döredijilik işgärleri bilen bolan duşuşygynda nygtaýşy ýaly, başlanan Beýik Galkynyş eýýamynda biziň içeri we daşary syýasatymyz, dünýä bileleşigindäki abraýymyz we ornumyz, durmuşyň ähli ugurlarynda gazanýan ajaýyp üstünliklerimiz belli bir derejede köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň güýjünden we mümkinçiliklerinden nähili peýdalanýandygymyza baglydyr [1]

Häzirki wagtda "Ýer ýüzünde türkmen halkyna, onuň nähili milletdigine biziň gazet-žurnallarymyzy okap, telewideniýämize seredip, radiomyzy diňläp baha berýärler. Hut şonuň üçin hem biz

---

1.Gurbanguly Berdimuhammedow. Osüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom.- Aşgabat, 2009.- 37 sah

ähli habar beriş ulgamynyň hünärmenlerinden öz işlerine örän çynlakaý çemeleşmeklerini talap edýäris”.[1.]

Beýik Galkynyş eýýamynda durmuşa geçirilýän bazar ykdysadyýetiniň meselelerinden çuňňur öwrenilen düýpli materiallaryň çap edilmegi, metbugatda awtorlar hem žanrlar syýasatynyň yzygiderli alnyp barylmagy, çapa taýýarlanylýan materiallarda türkmen diliniň baý gorunyň peýdalanmagy möhüm wezipeleriň biri bolup durýar.

Beýik Galkynyş eýýamynyň ilkibaşlarynda metbugatyň birnäçe görnüşi döredildi.

“Bereketli toprak”. Bu gazet hepdelik neşir. Ol 2008-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda çykyp başlady. Uly formatly, möçberi 4 sahypadan ybarat. Gazet her hepdäniň duşenbe güni çykýar.

“Bereketli toprak”, esasan, oba hojalyk ulgamynyň işgärleri üçin niýetlenen gazet. Ol oba hojalyk işgärleriniň maslahatçysy, olar üçin uly mekdep bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň “Bereketli toprak” gazetiniň ilkinji sanynyň çykmagy mynasybetli onuň işgärlerine we okyjylaryna iberen gutlagynda nygtalyşy ýaly, gazetiň adynyň “Bereketli toprak” bolmagynyň aňyrsynda uly many ýatyr. Bu mukaddes toprak Marguş, Änew, Jeýtun ýaly adamzada iňňän gadymy siwilizasiýalary, bag-bossanly, dürli ir-imişli ekerançylygy, adamzat taryhynda ilkinji özleşdirilen ak bugdaýyň tohumyny beren we dowamat-dowam etdiren toprakdyr. Biziň häzirki bagtyýar ýaşaýşymyzyň aňyrsynda hem şu topragyň mukaddesligi, şu topragyň bereketliligi ýatandyr. [2]

Gazet diňe önümçilik däl, eýsem adamlaryň social-durmuş şertleri hakyndaky materiallary-da çap edip durýar. Bu neşirde “Azyk bolçulygy ugrunda”, “Kärendeçiniň münberi”, “Malym-halym”,

---

1.Gurbanguly Berdimuhammedow. Osüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom.- Aşgabat, 2009.- 43 sah

2.Gurbanguly Berdimuhammedow. Osüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom.- Aşgabat, 2009.- 35 sah

“Seniň hünäriň hakda”, “Bilip goýan ýagşy”, “Dünýä tejribeleriniň gözleginde”, “Şahsy hojalykdan tehribe”,”Soraň, jogap berýäris” diýen ýaly rubrikalarda materiallar çap edilýär.

“Türkmenistanyň nebiti, gazy we mineral serişdeleri”. Bu žurnal hem Beýik Galkynyş eýamynda çap edilip başlanan neşirdir. Ol hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylyň 13-nji sentýabryndaky Karary bilen neşir edilip başlandy. Neşir Türkmenistanyň nebit-gaz toplumynyň syýasy-jemgyýetçilik we ylmy-publisistik žurnaly bolmak bilen, ol üç aýda bir gezek türkmen , rus, iňlis dillerinde çap edilýär.

Nebit-gaz, geologiýa senagaty, halkara sergiler we maslahatlar, hukuk namalary ýaly rubrikalary özünde jemleýän žurnalyň her bir sany däp bolşy ýaly hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumyny özdürmek, halkara hyzmatdaşlygy, türkmen tebigy gazyny dünýä bazaryna
çykarmagyň täze ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak bilen bagly aýdan parasatly sözleri bilen açylýar.

“Türkmenistanyň nebiti, gazy we mineral serişdeleri” žurnalynda nebit-gaz hünärmenleriniň Türkmenistanda nebitiň we gazyň täze ýataklaryny gözläp tapmagyň we barlamagyň ylmy we amaly işlerine, türkmen geologlarynyň iri açyşlaryna bagyşlanan materiallar yzygiderli çap edilýär.

Bu žurnal giň okyjylar köpçuligi üçin niýetlenip, ol diňe bir Türkmenistanda işleýän daşary ýurtly işewürleriň däl, eýsem, Aziýa, Ýewropa, Amerika yklymlaryndaky dürli ýurtlaryň bu ugurdaky hünärmenleriniň gyzyklanyp okaýan neşiridir.

Habar beriş serişdelerinde Beýik Galkynyş eýýamynyň zähmet gahrymanlaryny wasp etmekde täze žanrlar ulanylýar. Teleradio ýaýlymlarynyň işi kämilleşdirilýär, gepleşikleri operatiw hem çüň many-mazmunda bermek ýola goýulýar.

Türkmen radioýaýlymlary häzirki wagtda taýýarlanylýan gepleşikleriň hilini barha gowulandyrýar. Her bir gepleşige türkmeniň milli ruhy siňdirilýär. Radioýaýlymlaryň hemmesi-de Beýik Galkynyş eýamynyň ýokary talaplaryna laýyk işlemäge şalyşýar.

Radioýaýlymlaryň işgärleri ýurdumyzyň halk hojalygynda gazanylýan üstünlikleri, amala aşyrylýan bimöçber işleri beýan etmäge täzeçe operatiw çemeleşýär. Döwrüň zähmet gahrymanlaryny wasp etmekde täze usullar ulanylýar.

Türkmen telewideniýesiniň işi hem kämilleşdirilýär, gepleşikleri operatiw hem çuň many-mazmunda bermek ýola goýulýar. Beýik Galkynyş eýamynda ozalky hereket edip gelýän "Altyn asyr-Türkmenistan", "Miras", "Ýaşlyk", "TW-4 Türkmenistan" teleýaýltmlarynyň täze apparatlar, tehniki enjamlar bilen üpjün edilişi görlüp- eşidilmedik derejede gowulandyryldy. Teleýaýlymlaryň hemmesi-de häzirki döwürde täze kameralar, montaž stollary bilen üpjün edilip durulýar.

Munuň özi teleýaýlyma her bir gepleşigini (mežlisleri, dabaralary,duşuşyklary, sport ýaryşlaryny) dolulygyna görkezmäge mümkinçilik berýär. Dürli temadaky, dürli žanrdaky telegepleşikler gyzyklylygy hem-de özüne çekijiligi bilen tapawutlanýar.

Täze Galkynyş eýýamynda ozaldan hereket edip gelýan teleýaýlymlardan başga, bäşinji teleýaýlym, ýagny "Türkmen owazy" teleýaýlymy hem açyldy. Bu täze teleýaýlymy türkmenistanlylary milli aýdym-saz medeniýetiniň hazynasy, bu ugurda häzirki döwürde ýetilen sepgitler bilen tanyşdyrýar. Şeýle hem ol türkmen ýaşlarynyň estetiki terbiýesine we sazlaşykly ösüşine ýardam berýär.

Täze teleýaýlym boýunça halk aýdym-sazlary, klassyky sazlar, şekilde häzirki zaman aýdymlary, operalar, folklor çykyşlary berilýär we türkmeniň bu ugurda ýeten derejesi dünýa ýaýylýar.

Beýik Galkynyş eýýamynda Türkmen döwlet habarlar (TDH) gullugynyň öňüňde-de uly wezipeler durýar. TDH ýurdumyzyň syýasy, social-ykdysady, medeni durmuşyna degişli informasion materiallary çap etmek bilen birlikde, uly göwrümli kitaplary hem neşir etmegini dowam etdirýär. Ol kitaplarda bolsa Beýik Galkynyş eýýamymyzyň sene ýazgylary beýan edilýär

Beýik Galkynyş eýýamynda gazet-žurnallaryň, teleradio ýaýlymlarynyň sanynyň artmagy bilen milli žurnalistlere isleg hem ýokarlandy. Şonuň üçin-de, 2007-nji ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde žurnalistika bölümi açylyp, ýene-de milli žurnalistler taýýarlanylyp başlandy.

Žurnalistika bölümine okuwa habar beriş serişdeleinde işläp tejribe toplan, dürli žanrlardan ýazmaga ukyply, žurnalistika kärine höwesek ýaşlar kabul edilýär.

Talyplar okuwyň 1-nji ýylyndan Aşgabat şäherindäki gazet-žurnallaryň redaksiýalaryna, teleradionyň ýaýlymlarynyň bölümlerine berkidilýär. Olar okuwdan boş wagtlary şol ýerlerde tejribelikde bolup, hünär boýunça kämilleşýärler.

## EDEBIÝATLAR

Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap.Saýlanan eserler. 1-nji tom.- Aşgabat, 2008.

Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap.Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.

Annagurdow M. Türkmenistanda kommunistik metbugatyň taryhyndan oçerkler.- Aşgabat, 1958.

Annagurdow M. Sowet Türkmenistanyň metbugat taryhyndan oçerkler, 1962.

Annagurdow M. Sowet Türkmenistanyň metbugat taryhyndan oçerkler. Aşgabat, 1965.

Annagurdow M. Sowet Türkmenistanyň metbugat taryhyndan oçerkler. 1981.

Annagurdow M. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Türkmenistanyň metbugaty. – Aşgabat, 1985.

Annagurdow M., Öwezberdiýew M. Türkmenistanyň metbugat taryhy. (Okuw gollanmasy). – Aşgabat, 1990.

Türkmen žurnalistikasynyň taryhy kursy boýunça okuw programmasy.- Aşgabat, 1997.

Ylýasow K., Goçmyradow H. Döwrüň aýnasy – Aşgabat, 1990.

Goçmyradow H. Ruhy gözelligiň aýnasy. – Aşgabat, 1994.

Goçmyradow H. Ruhy aýna. – Aşgabat, 1998.

Goçmyradow H. Türkmenbaşy we türkmen metbugaty. – Aşgabat, 2000.
Goçmyradow H. Propaganda w peçati sosialistiçeskogo sorewnowaniýa. -Aşhabat, 1990.
Goçmyradow H. Öwrüm. – Aşgabat, 1997.
Goçmyradow H. Baş gazetim- baş halypam.- Türkmenistan, 29.06.1993ý.
Türkmenistan SSR-niň periodiki neşirleri (1920-1958). – Aşgabat,1962.
Türkmenistan SSR-niň periodiki neşirleri (1959-1965). – Aşgabat,1970.
Ernazarow T.E. i Akbarow A. E. Istoriýa peçati (1870-1925). Uçebnoýe
posobiýe dlýa fakultetow i otdeleniý žurnalistiki. – Taşkent, 1976.